Türkmenistanyň Saglygy Goraýyş we
Derman Senagaty Ministrligi

Türkmenabat lukmançylyk orta okuw mekdebi

# Psihiatriýa we narkologiýa

okuw kitaby

Türkmenabat ş.

2010 ý.

# Lukmançylyk orta okuw mekdebiniň talyplary we orta medisina işgärleri üçin niýetlenen psihiatriýa  we narkologiýa dersinden okuw kitaby.

Taýýarlan: Türkmenabat lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy Allaýarowa A.J.

## Sözbaşy.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:**

- **Ýurdumyzyň iň gymmatly baýlygy bolan ynsanyň saglygyny gorap saklamak Türkmen döwletiniň öňünde duran iň möhüm wezipeleriniň biridir.**

Garaşsyz hem hemişelik Bitarap Türkmenistan Diýarymyzda ilatyň jan saglygyny goramak esasy wezipeleriň biridir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň özüniň ýolbaşçylyk etmeginde kabul edilen „Saglyk“ Döwlet maksatnamasy ilatyň jan saglygy baradaky aladanyň döwlet syýasaty derejesine göterilmeginiň subutnamasydyr. Taryh üçin juda gysga döwrüň içinde ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän enjamlar bilen üpjün edilen häzirki zaman lukmançylyk merkezleriniň onlarçasynyň gurlup, işe girizilmeginde-de ‚Bitaraplyk syýasatymyzyň ähmiýeti örän uly boldy.

Ýurdumyzyň iň gymmatly baýlygy bolan ynsanyň saglygyny gorap saklamak, jemgyýetimize sagdyn ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, nesillerimiziň bagtyýar, asuda, jebis ýaşaýşy hakdaky aladalar Türkmen döwletiniň öňünde duran juda möhüm wezipeleriň biridir.

Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Örän gysga döwürde paýtagtymyz Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde iň häzirki zaman ýokary hilli medisina enjamlary oturdylan, dünýä standartlaryna laýyk gelýän hassahanalar, keseli anyklaýyş merkezleri, türkmen topragynyň müň bir derde derman otlaryndan, ösümliklerinden derman serişdelerini öndürýän fabrikler, kärhanalar guruldy.Pagtadan medisina pamygynyň, dürli sargylyk matalaryň öndürilişi, ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek ýaly umumy adamzat ähmiýetli onlarça taslamalar durmuşa geçirilýär. „Saglyk“ döwlet maksatnamasyna laýyklykda dünýäniň medisina merkezleri, ylmy-barlag kliniki edaralary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ençeme saglygy

goraýyş edaralary Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň bilermenleri tarapyndan resmi taýdan tassyklanan halkara derejelerine mynasyp boldular. Ilatyň arasynda hökmany immuno-öňüni alyş sanjymlarynyň girizilmegi keselleriň döremegini düýpli azaltdy. Çagalaryň köpçülikleýin sanjym edilmegi netijesinde ýurdumyzda poliomiýelit keseli doly ýok edildi.

Bu gün milletimiziň müňýyllyklaryň dowamynda ösdürip, kämilleşdirip gelen ylmy-medeni gymmatlyklary, şol sanda türkmen lukmançylyk ylmy dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär. Lukmançylyk ylmyny düýpli özgerden-dünýä ylmynda Awisenna ady bilen tanalan pelsepeçi, alym, tanymal lukman Ibn Sina, döwrüniň „Ilkinji Gippokraty“ hasaplanan Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Muhammet Gaýmaz Türkmen ýaly görnükli ýüzlerçe lukman-alymlarymyzy dünýäde tanamaýanlar azdyr. Geljekki Lukmançylyk uniwersitetinde, ylmy-kliniki edaralarda Täze Galkynyş eýýamynyň ýiti zehinli, akyl-paýhasly, tejribeli, ylmyň dürli ugurlaryndan habarly, ajaýyp ynsanlar-tejribeli lukmanlar we şepagat uýalary kemala gelmelidir.

Türkmenistan GDA döwletleriniň arasynda birinji, dünýäde dördünji bolup, kabul edilen halkara standartlaryna laýyklykda duzy ýodlaşdyran ýurtdyr. Bu babatda Birleşen Milletler Guramasynyň çagalar gaznasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Ýod ýetmeýän kesellere gözegçilik etmek boýunça halkara geňeşi tarapyndan Türkmenistana sertifikatyň berilmegi Watanymyzyň gazanan beýik üstünliginiň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmegidir.

Halkymyzyň saglygyny goramak, dünýä ülňülerine laýyklykda dynç almak, saglygyny berkitmegini gazanmak „Döwlet adam üçindir!“ diýen ýörelgämiziň esasy maksatlarynyň biridir.

Türkmenistanda köpçülikleýin bedenterbiýa-sagaldyş hereketini we sporty ösdürmek döwletiň ruhybelent ýaşlary terbiýelemäge gönükdirilen syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde saglygy goraýyş desgalary, sport merkezleriniň, stadionlaryň gurulmagy, täze galkynyş eýýamynda

ynsan saglygynyň, sagdyn durmuş aladanyň ähli zatdan ileri tutulýandygynyň alamatydyr.

Türkmenistan Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, ilatyň saglygynyň hatyrasyna amala aşyrýan il-ýurt ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk, ýurt abadançylygy hemişe hemraňyz bolsun ! Goý, keramatly türkmen topragynda hemişe parahat hem bagtyýar durmuş höküm sürsün, halkymyzyň eşretli ýaşaýşynyň hatyrasyna Garaşsyz Watanymyzyň ýeňişleri- ýeňişlere, toýlary-toýlara ulaşsyn!

# I BAP.
# TÜRKMENISTANDA PSIHIATRIÝA KÖMEGINIŇ GURALYŞY

## Ruhy keselli näsaglary kabul etmegiň aýratynlyklary

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen häzirki zaman keseli anyklaýyş we bejeriş merkezleri ýurdumyzyň her welaýatynda gurulyp ulanylmaga berildi. Bu merkezlerde dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli medisina enjamlary bilen doly üpjün edildi.

Biziň ýurdumyzda psihiatriýa kömegi ähli ilata elýeterli bolup, mugt hyzmat edilýär. Esasy işimiz keseliň öňüni almaga ugrukdyrylan her welaýatda psihonewrologiýa hassahanalary bolup, olar ýokary bilimli we orta medisina işgärleri bilen doly üpjün edilen. Psihonewrologiýa hassahanalarynda çagalar üçin bölüm, aýallar we erkekler üçin aýratyn bölümler bar. Psihiatriýa kömegi hassahana we hassahanadan daşary edilýän kömek görnüşinde bolýar. Näsaglar hassahana maşgala lukmanyndan ýollanma haty arkaly getirilýär ýa-da näsaglar özi üçin we daş-töweregindäki adamlar üçin howply bolanda gyssagly görkezmeler esasynda islendik lukmanyň ýa-da şepagat uýasynyň ýollanma haty arkaly getirilýär. Ýollanma hatynda keseliň kesgitlemesi ýörite nomenkulatura esasynda ýazylýar. Hökman näsaga gözegçiligiň aýratynlygy bellenilýär. Kabul ediş bölüminde näsagyň kesel taryhy doldurylýar. Ol ýerde gysgaça anamnez maglumatlar ýazylýar. Näsagyň hossarlary bilen söhbetdeşlik geçirip psihiki alamatlaryň ýüze çykan wagty, döremegine sebäp bolan hadysalar barada maglumat alynýar. Soňra nobatçy lukmanyň gözegçiliginde näsagyň somatiki ýagdaýynyň we nerw ulgamynyň funksiýasynyň bozulmalary, näsagyň psihiki ýagdaýy, ünsli ýazylýar. Näsagyň agramy, boýy, gan basyşy we beden temperaturasy ölçenilýär. Näsag gije hassahana getirilen bolsa nobatçy lukmanyň bellän derman serişdeleri sanjylýar, bejergileri ýerine ýetirilýär. Näsagyň kesel taryhynda epidemiologiki anamnezi (wirusly gepatit ýa-da beýleki ýokanç keselleri geçirendigi barada, ýokanç keselliler bilen galtaşma (kontaktda) bolanlygy) barada bellemeli. Näsagda arassalaýyş işleri geçirilenden soň degişli bölüme iberilýär. Bu bölümde orta medisina işgäri ýörite kitapça näsagyň getirilen wagtyny, adyny, atasynyň adyny aýratyn gözegçilige degişlidigini belleýär. Eger-de näsag iýmitden boýun gaçyrýan bolsa, öz janyna kast etmek islegi, gaçmak islegi bar bolsa kitapçada hökman bellemeli.

Hassahanada näsaglaryň ýatýan bölüminden başga-da näsaglary barlamak üçin laboratoriýa, rentgen otagy, fizioterapiýa otagy, ginekologiýa otagy bolýar. Bulardan başga-da hassahanada naharhana we hammam bar. Hassahanada dynç almak üçin meýdançalar bolup, olarda näsaglar şepagat uýasynyň gözegçiliginde dynç alýarlar.

Psihonewrologiýa dispanserlerinde näsaglar hasapda saklanýarlar.

Psihonewralogiýa hassahanasynda newroza meňzeş ýagdaýlary bejerýän bölümler hem bar.

Ruhy keselleri hassahanada ýerleşdirmeklik psihikanyň bozulmagynyň aýdyň alamatlary bolanda lukmanyň ýollanma haty boýunça geçirilýär. Eger-de nobatçy lukman kabul ediş bölüminde ýollanmany ýerliksiz hasap etse, öz çözgüdini ýörite kitapçada doly ýazyp, näsagy hassahana kabul etmekden boýun gaçyryp bilýär. Eger-de näsagda özüňi alyp barmagyň gödek bozulmalary bilen birlikde psihiki bozulmalar bar bolsa ýollanma haty bolmasa-da näsaglar kabul edilýär. Eger-de näsag hassahana gitmekden boýun gaçyrsa, ol özi we daş-töweregindäkiler üçin howply bolsa onda medisina işgäri polisiýa işgärlerini kömege çagyrmaga haky bardyr.

Psihonewrologiýa hassahanasynyň we psihonewrologiýa dispanseriniň işgärleri bejergi alýan näsaglaryň syryny saklamaga borçludyrlar. Näsag hakda medisina resminamalary diňe näsagyň ýakyn hossarlaryna berilýär. Näsaglaryň işe ukyplylygynyň wagtlaýynça ýitirilmegi lukmanlaryň maslahat beriş topary tarapyndan kesgitlenilýär. Işe ukypsyzlyk 4 aýdan uzaga çekse näsag **HMAT-a** (hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparyna) ugradylýar. Işe ukyplylygy/ durnukly ýitilmegi ýa-da peselmegi bar bolsa näsaga maýyplyk topary kesgitlenilýär we döwlet tarapyndan näsaga kömek pullary berilýär.

Näsaglar bilen ilkinji söhbetdeşlikde olaryň häsiýetindäki üýtgemeler ýagny, duýmanyň, kabul etmäniň bozulmalary, aňyň bozulmalary, ýadyň üýtgemeleri, ünsüň bozulmagy, tutgaýlaryň bolmaklygy;akylyň bozulmalary; oýlanmanyň we sözleýşiň hem-de emosiýalaryň bozulmalary bar bolsa ýüze çykarmaly we ony näsagyň kesel taryhy depderçesine bellemeli.

Şepagat uýasy ruhy keseller hassahanasynda näsaglaryň ýagdaýyny, olaryň keseliniň häsiýetini doly bilmelidir. Her nobatçy şepagat uýasy her bir näsagyň adyny,

atasynyň adyny, onuň umumy psihiki ýagdaýyny we özüniň nobatçylygynda ondaky bolýan üýtgeşiklikleri bilmelidir.

Nobatçylygy kabul eden şepagat uýasy näsaglaryň umumy sanyny, her bir näsagyň öz ýerinde bardygyna we onuň näme bilen meşgullanýandygyny görmelidir. Güýçlendirilen gözegçilikdäki näsaglara aýratyn üns bilen seretmelidir.

Medisina işgäri arassa medisina eşiginde, pes ökjeli, sessiz köwüşde, saçy toplanan bolmaly. Nobatçylyk wagtynda dürli hili şaý-sepleri dakynmak, açyk reňkli eşikleri geýmek, ýüzüňe dürli reňkleri çalynmaklyk näsaglarda keseliň beterlemegine getirip işgäriň jan-saglygy üçin howply bolmagy mümkin. Kä halatlarda näsaglar medisina işgärine topulyp, olaryň şaý-seplerini bedenine şikes ýetirmek bilen alýan wagtlary bolýar.

Şepagat uýasy haladynyň jübüsinde ýiti we kesiji gurallary saklamaly däldir. Ony näsaglar alyp, özüne kast etmek üçin ýa-da başga bir adama şikes ýetirmek üçin ulanmagy mümkin.

Ýapyk bölümlerde işleýän şepagat uýasy gapynyň açaryny örän berk saklamalydyr. Açaryň ýitirilmegi adatdan daşary hadysadyr. Howply näsaglaryň bölümden gaçmaklygyna getirip bilýär. Açar ýitirilen mahaly şepagat uýasy hökman uly şepagat uýasyna habar bermeli we bölümdäki gözegçiligi güýçlendirip, açary köpçülikleýin gözlemeli.

Näsaglar bilen söhbetdeşlikde şepagat uýasy ýumşak ses bilen gepleşmeli. Olar bilen gödek gepleşmeklik näsagyň gaharlanmagyna we daş-töweregindäkiler üçin howply bolmagyna sebäp bolýar. Şepagat uýasy ähli näsaglar bilen birmeňzeş gatnaşykda bolmaly, olar bilen gatnaşykda halanylýan we halanylmaýan näsaglar tapawutlandyrylmaly däl. Bu olaryň arasynda gapma-garşylygyň bolmagyna we şepagat uýasyna bolan ynamsyzlyga getirýär. Näsaglar bilen gürrüňdeşlikde şepagat uýasy beýleki näsag hakda, işgärler hakda, näsagy bir otagdan beýleki bir otaga geçirmek hakda söz bolmaly däldir. Medisina işgärlerine bölümdäki ähli işler edildi hasap edip, toplanyp maşgala ýagdaýlary hakda, soňky görlen kino we ş.m.hakda gepleşmeklik bolmaýar.

Bölümlerde her bir medisina işgäriniň öz ýerine ýetirýän wezipesi bolýar. Kiçi şepagat uýalary bölümde arassalaýyş işlerini geçirýär. Näsaglaryň iýmitlerini getirip berýär we saklaýar. Uly şepagat uýasy kiçi şepagat uýasynyň we şepagat uýasynyň işine gözegçilik edýär. Ol ruhy keseller bölüminde işlemegiň aýratynlyklaryny, gulluk borçlaryny näsaglara gözegçiligiň we garaşyk etmegiň aýratynlyklaryny, iýmitiň we derman serişdeleriniň näsaglara paýalanylyşyny şepagat uýalaryna öwredýär. Uly şepagat uýasy şepagat uýalarynyň nobatçylyk tertibini we aýlyk hakyny almak üçin hasabaty düzýär. Jogapkär nobatçy şepagat uýasy nobatçylygy kabul edip bölümlerdäki ähli şepagat uýalarynyň işine gözgçilik edýär. Uly şepagat uýasy ýok mahaly kiçi şepagat uýalaryna we şepagat uýalaryna ähli bölümlerde işiň alnyp barlyşyna jogapkär nobatçy şepagat uýasy gözegçilik edýär. Sanjym otagynyň şepagat uýasy näsaglara derman gerdejiklerini berýär we sanjymlary ýerine ýetirýär. Gerekli medisina enjamlarynyň, daňy materiallarynyň, derman serişdeleriniň üpjünçiligine gözegçilik edýär. Ondan başga-da oňurga – beýni punksiýasy geçirilse, näsag zond bilen iýmitlendirilse sanjym otagynyň şepagat uýasy oňa gatnaşýar. Sanjym otagynyň şepagat uýasy diňe gündiz işleýär. Güýçlendirilen gözegçilikdäki näsaglar saklanýan otagda ýörite şepagat uýasy we oňa kömekçi kiçi şepagat uýasy berkidilýär. Bu işgärler bir minut hem otagy gözegçiliksiz goýup gitmeli däldirler. Güýçlendirilen gözegçilikdäki näsaglar barlaglardan geçmek üçin, sanjymlary almak üçin, hajathana üçin çykmaly bolsalar hem diňe medisina işgäriniň gözegçiliginde alnyp gidilýär.

Näsaglaryň hossarlary bilen duşuşygy ýörite otaglarda bellenen günde we sagatda geçirilýär. Näsagy bejerýän lukmanyň rugsat bermeginde hossarlary bilen duşuşýar. Näsagyň daşky görnüşine: eşiginiň arassalygyna, geýnişine, saçynyň bejerilişine seredilip näsag duşuşylýan otaga getirilýär. Hossarlaryna gadagan edilýän zatlar (kükürt, pyçak, gaýçy, çarşak, spirtli içgiler) näsaga bermezlik tabşyrylýar. Çalt zaýalanýan önümler näsaglara berilmeýär. Hossarlaryna näsaglary aşa köp iýmitlendirmezlik tabşyrylýar. Sebäbi aşa köp iýmitlendirilse aşgazanyň we içegeleriň işleýşi bozulýar, näsagyň işdäsi peselýär. Bölümiň işgäri näsagyň hossary bilen gepleşigine üns bermeli. Sebäbi oýlanylman aýdylan sözüň näsagyň keseliniň beterleşmegine, näsagyň gaharlanmagyna getirmegi mümkin.

Lukman näsagyň ýazýan hatlaryna gözegçilik etmeli. Ol hatlar bölümden çykarylmaly däl we keseliň taryhy depderçesine ýelmenmeli däl. Näsagyň ýagdaýynyň erbetleşmegine getirjek hatlar näsaga berilmeýär. Medisina işgäri lukmandan soragsyz hiç bir haty ýa-da ýazgyny näsagyň hossarlaryndan ýa-da tanyşlaryndan alyp näsaga bermeli däldir.

# UMUMY PSIHOPATOLOGIÝA

Psihiatriýa - ruhy keselleri öwrenýän ylym. Obýekti ruhy keselli adam. Ruhy kesel – adamyň psihikasynyň, özüni alyp barşynyň üýtgemegi bilen geçýän ýagdaý. Barlag usuly – anamnez ýygnamagy we kliniki gözegçiligi öz içine alýar.

Lukman keseli anyklamak üçin näsagdan onuň ýagdaýy hakda özünden sorap (subýektiw anamnez) we onuň ýakyn dogan-garyndaşlaryndan sorap, (obýektiw anamnez) maglumat ýygnamaly.

Psihatriýada kliniki gözegçilik näsag bilen gürrüňdeşlikden başlanýar. Medisina işgäri näsagdan näme hakda, nähili soramalydygyny bilmeli. Häzirki wagtda psihiki keselleri diagnoz goýmakda laborator barlaglaryň ähmiýeti bardyr. Biohimiýa we serologiki barlaglar geçirilýär.

Elektroensetalografiýanyň kömegi bilen kelle-beýniniň biotogunyň köp kesellerinde üýtgemegini we zeperlenen ýerini kesgitläp bolýar.

Neýropsihologiki usul bilen kelle beýniniň zeperlenen bölümini kesgitläp bolýar.

Patopsihologiki barlagyň üsti bilen ýadyň, pikirlenmäniň we beýleki sferalaryň üýtgemegini bilip bolýar.

Şepagat uýasy näsagda bolýan her bir üýtgeşmeleri bilmeli. Dogry bahalandyrmaly. Lukmanyň görkezmeleriniň maksadyny bilmeli. Nemes alymy Emil Krepebniň we beýleki alymlaryň gazananlaryny şeýle-de, Orsyýetde L.K.Bolonskiniň, Behterewiň, Korsakowyň psihiatriýa düşünjelerini psihiatriki klinikalarda medisina institutlarda öwrenilip başlandy.

## Psihipatalogiki alamatlar (simptomlar).

**Simptom –** bu dürli näsaglarda gaýtalanýan fenomen (ýagdaý) bolup, adamda nähilidir bir näsazlygyň, psihiki prosesleriň geçişiniň ýoýulmagyny aňladýan alamatdyr.

Alamatlar (simptomlar) keseli anyklamagyň esasy özeni bolup durýar. Psihatriýa amalyýetinde keseli gönümel aňladyjy alamatlar asla ýokdur, ýöne şeýle-de bolsa, belli bir keseli häsiýetlendirmekde mahsus bolan ençeme alamatlaryň bardygyny mysal getirmek bolar.

Şeýlelikde, alamatlaryň keseli anyklamakdaky esasy ähmiýeti olaryň emele getiren alamatlar toplumy arkaly iş ýüzünde amala aşyrylýar. Şonda alamaty alamatlar toplumynyň düzümindäki tutýan ornuna baglylykda ähmiýet berip tapawutlandyrýarlar.

## Psihopatologik alamatlar toplumy (sindromlar)

Birnäçe kesgitli alamatlar toplumy – sindromy döredýär.

Alamatlar toplumynyň düzüliş esasynda alamatlaryň (keseliň geçiş ýagdaýynyň) umumylygy ýatanýar.

Eger-de keseliň nozologik kesgidi tutuşlaýyn alanyňda keseliň geçişiniň esasy ugurlaryny anyklaýan, çak edip gelinmeli netijäni kesgitleýän bolsa, onda kesele alamatlar toplumy boýunça goýulýan kesgit näsagyň keseliniň häzirki ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Şol sebäpli hem keselliligiň dowamynda biz şol bir näsagda dürli alamatlar toplumynyň yzygiderli üýtgäp durýandygyny, keseliň haýsydyr bir alamatlaryndan düýbünden sap bolan tapgyrlary (intermessiýalary), şol bir wagtda-da birnäçe alamatlar toplumynyň bilelikde ýüze çykýandygyny hem synlap bilýäris.

Kesele alamatlar toplumy boýunça goýulýan kesgit dünýä ýüzünde psihiki keselleriň toparlara bölünmegine nazaryýet taýdan çemeleşmekdäki gapma-garşylyklary çözmäge mümkinçilik berýär.

Näsagyň ýagdaýynyň alamatlar toplumy boýunça häsiýetlendirilişi has takyk hem çürt-kesik bolýar. Köp halatlarda şol taglymat kynçylyklardan üzňe bolansoň, ýurtda orun alan adaty garaýyşlara garamazdan, näsagyň ýagdaýynyň oňaýly hem dogry kesgitlenilmegine mümkinçilik döredýär.

Alamatlar toplumyny ýönekeýlere (kiçilere) we çylşyrymlylara (ululara) bölýärler. Şularyň birinjisine ynjyklyk bilen argynlygyň utgaşýan asteniki almatlar toplumyny mysal getirmek bolar. Ýönekeý alamatlar toplumy diňe özüne mahsus görnüşde ýüze çykyp bildirýän hem bolsa, wagtyň geçmegi bilen onuň çylşyrymlaşýandygyny (samrama görnüşindäki gödeňsi alamatlaryň, gallýusinasiýalaryň, şahsda bolup geçýän aýdyň özgermeleriň döräp goşulmagyny), ýagny çylşyrymly alamatlar toplumynyň döreýändigini görmek bolýar.

## Newrotik we psihotik derejesindäki bozulmalar

Biz ýönekeý hem çylşyrymly alamatlar toplumlarnyň ,adatça,*newrotik-newrozlar* hem *psihotik-psihozlar* diýilýän psihiki bozulmalaryň dürli derejeleini kesgitleýändigini

görýäris. Elbetde, şu derejeleriň çäkleri şertlidir, ýöne ol gödeňsi hem görnetin ýüze çykýan alamatlaryň psihozyň alamatlarydygyny çak etmäge mümkinçilik berýär.

Psihiki keselliler ýürege düşgünç, irginsiz häsiýetli bolup, kä halatda adamyň durmuşyny çepbe çöwrüp, halyny teň edýär, hat-da maýyplyga getirýän ýerleri hem seýrek däl. Newrotiki hem-de psihotik derejedäki düşünjeler haýsydyr bir anyk, belli bir kesel bilen baglanyşykly däldir. Käbir kesellerde näsagyň bütin ömrüniň dowamynda newrotik derejäniň çäklerinden çykmaýar (hakyky newrozlar topary, siklotimiýa, şizofreniýanyň çala zeper ýetirijisi).

**Öndürijilikli we negatiw alamatlar.**

Öndürijiliki alamatlar (pozitiw simptomatika, goşmak alamat) sag adamlarda duş gelmeýän kesel fenomenine – hut kesel zerarly dörän täze ýagdaýa aýdylýar. Öndürijilikli simptomatika paronit we gallýusinasiýalar, garaguşagyry kysmy paroksizmler, psihomotor göçgünlülik, ýürege düşgünç oý-pikirler, depressiýadaky agyr tukatlyk mysal bolup biler.

Negatiw alamatlar, adatça, düzelmeýän, dikeldilmeýän ýitgidir. Ol keseliň juda uzaga çekýändigine hem-de psihikanyň çuňňur bozulandygyna şaýatlyk edýär. Negatiw simptomatika gönümel degişliligi – mahsuslylygy bilen häsiýetlenip şizofreniýa, garaguşagyra, atrofiki proseslere keseliň kesgidi goýlanda uly ähmiýete eýe bolup bilýär.

**Duýma, kabul etme we olaryň bozulmalary**

**Duýma** diýip töweregimizi gurşaýan zatlaryň aýry-aýry häsiýetleriniň we hadysalarynyň aňymyzda şöhleleniş ýaly ýönekeý psihiiki prosese, şeýle-de häzirki pursatda maddy gyjyndyryjylaryň duýgy agzalaryna täsir etmeginiň netijesinde bedende döreýän içki ýagdaýa aýdylýar.

Duýgularyň kömegi arkaly biz daş-töweregimizdäki zatlaryň reňkini, göwrümidir, agramyny, gyzgyn-sowuklygyny, büdür-südürligini ýa ýylmanaklygyny, tekizligini, ysdyr tagamyny, çykarýan seslerini, şekillerini aňşyryp bilýäris. Şeýle-de, biz hut öz tenimizde bolup geçýän özgerişleri: bedenimiziň duruş ýagdaýyny, tutýan ornuny, şonuň aýry-aýry synalarynyň hereketlerini, bedeniň içki agzalarynyň ýagdaýyny (agyrylary, ýakymsyz duýgulary we ş.m.) hem duýýarys.

Duýgular – aňşyrmagyň ilkinji basgançagydyr, daşymyzy gurşap alan dünýä we hut öz bedenimiz baradaky bilýän zatlarymyzyň gözbaş çeşmesidir. Duýgularyň esasynda kabul etme kemala gelýär.

**Kabul etme** diýip adam aňynda dünýädäki gurşap alýan zatlaryň we ýagdaýlaryň, olaryň dürli häsiýetlerini we böleklerini bütewilikde şekillendirmek hadysasyna aýdylýar. Kabul etmek hem edil duýmak ýaly görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş, tene degiş, umumy we hereket duýujy agzalary boýunça bölünýär.

Kabul ediş hemişe bütewi häsiýete eýedir we adam aňynda olara mahsus bolan dürli häsiýetleri şöhlelendirýär. Kabul ediş häzirki pursatda duýgy agzalaryna täsir edýän zatlaryňdyr hadysalaryň aýdyň şekilleriniň aňymyzda şöhlelenmegidir. Kabul ediş prosesinde adamyň durmuş tejribesiniň tutýan orny hem möhümdir.

**Hyýala getirme** – degişli analizatoryň täsiriniň ýetirilip bilnäýjek çäklerinde obýektiň kabul edilýän pursatda ýoklugynda aňda islenip öz-özünden döreýän, käte döredilýän ozalky kabul edişiň galdyran yzlarynyň we şekilleriniň şöhlelenmegidir. Hyýala getirmäniň şekili subýektiw giňişlikde şöhlelenip, subýektiň psihiki döredijiliginiň netijesi hökmünde aňlanylýar.

**Göz öňüne getirme** – geçmişdäki şekillendirilişiň hyýala getirilmeginiň esasynda täze şekilleri döretmek ukybydyr. Göz öňüne getirme (fautaziýa) şahsyýetiň logiki abstrakt pikirlenmesiniň duýgy esasydyr.

Göz öňüne getirmäniň ýitiligi, faktlaryň janlylygy, ünsüň durnuksyzlygy we logiki oýlanmanyň gowşaklygy, kemterligi bilen baglylykda çagalaryň kabul edişi ululularyňkydan tapawutlanýar: 1) ýüzleýligi; 2) fragmentarlylygy – bölekleýinligi; 3) mese-mälim emosional ýitiligi, hyýala getirmeleri bolsa az möçberde umumylaşdyrylmasy, ýöne has ýokary çürt-kesikligi bilen tapawutlanýar.

## Duýuş patologiýasy

**Duýuş patologiýasy** – kabul etmäniň bozulmalaryndan öňinçä duýujylyk sferasyna degişli bolan has ýönekeý bozulmalaryň, ýagny duýujylygyň patologik gowşamagynyň, güýjemeginiň, ýoýulmagynyň ýa-da ýitirilmeginiň ýüze çykmagy mümkindir. Bu alamatlaryň käbiri diňe bir psihiki kesellere däl-de, eýsem somatiki kesellere hem degişli bolup biler.

**Psihiki anesteziýa –** bir ýa-da birnäçe analizatorlaryň kadaly anatomo-fiziologiki häsiýetleriniň saklanmagynda bitewülikde duýmazlygydyr: psihiki ambliopiýa (körlük), psihiki anosmiýa (yslary duýmazlyk), psihiki ageýziýa (tagam biliş ukybynyň ýitirilmegi), psihiki kerlik, psihiki tene degiş, ýagny syzyş we agyry anesteziýa (analgeziýa-isteriki newrotik sindromlarda, şeýle hem soporda, komada duş gelýär).

**Gipesteziýa.** Gipesteziýada şolary döredýän gyjyndyryjylaryň güýji bilen deňeşdirilende duýgularyň nätakyklygy we gowşaklygy ýüze çykýar. Psihiki tijewliligiň peselmegi bilen bedeniň emosional, hereketlendiriji we assosiatiw reaksiýalary gowşaýar. Hat-da ýok edilýär. Gipesteziýa ugry ýitirilme netijesinde döreýän seňselemelerde, zäherlenmelerde, depressiýalarda we käbir demensiýalarda duş gelýär.

**Giperesteziýa.** Giperesteziýada islendik bir duýgy nähoş üçin uçursyz güýçli duýulýar: ýagtylyk gözüňi gamaşdyryjy güýçli, ses çaslydan gaty, tene degilmek gödeňsiden agyryly duýulýar. Giperesteziýa adatça, ýokanç keselleriň başlanýan döwründen islendik sebäpde dörän çuňňur astenizasiýada ýüze çykýar.

**Senestopatiýalar.** Senestopatiýalar köp halatda ipohondrik we asteno-newrotik ýagdaýdaky kesellilerde döräp, oňa bedeniň içki agzalarynda döreýän ýakymsyz duýgular girýärler. Köplenç senestopatiýalar beýniniň talamik bölümlerinde bolup

geçýän organiki özgerişleriň netijesinde bolman eýsem, onuň funskional bozulmalary netijesinde hem döräp bilýär.

**Sensor senestopatiýalar** newrozlarda we psihozlaryň başlangyç tapgyrlarynda duş gelýär. Näsaglar kellesiniň ýarylyp barýanlygy, kellesiniň biçak gysylýanlygy barada şikaýat edýärler.

**Interpretatiw senestopatiýalar** beden-göwre wisseral gallýusinasiýalaryna we samrama ýagdaýyna ýakyndyr. Şonda ýakymsyz duýgulary hem-de ezýet beriji agyrylary başdan geçirýän näsaglar ejir çekip şolarada ymykly ynam bilen berlip: “Kellämde nämedir bir zat gybyrdaýar, oňurgamdan çykýan tok impulslary kelläme urýar” diýip, bolmajak zatlary aýdyp öz ýagdaýyny beýan edýärler.

**Paresteziýalar.** Paresteziýalar diýip endamyň ýüzündäki duýgy innerwasiýasynyň zolagynda, ýöne daşarky gyjyndyryjynyň tasir ýetirmezliginde dürli görnüşdäki duýgularyň döremegine aýdylýar. Paresteziýalar çet – gyraky bozulmalar ýa-da bil oňurga hem beýni derejesindäki merkezi sebäpler arkaly şertlendirilip bilner.

## Kabul etmegiň patologiýasy

Kabul etmegiň patologiýasy ruhy keselleriň islendiginde döräp, haýsydyr bir derejä eýe bolup ýüze çykýar we şertlendirilen ýagdaýlarda duýgularyň ýoýulmalaryna – illýuziýalara, gallýusinaziýalara, psihosensor bozulmalara we agnoziýalara bölünýär.

## Illýuziýalar

Illýuziýa diýlip, hakykatda bar bolan zatlaryň ýa-da hadysalaryň kabul edilişiniň ýoýulmagyna aýdylýar. Geçip barýanyň aýdan adaty sözüniň näsagyň gulagyna özüne gönükdirilen teýeneli ýokuş söz, ýaňsylama ýaly bolup eşidilmegi, poluň üstünde üýşüp ýatan geýim gejimiň, güýlünip ýatan jeset ýaly bolup gözüne görünmegi illýuziýaly keselä mahsus häsiýetdir.

**Fiziki illýuziýalar.** Olardan has göze ilgiçleri optiki illýuziýalardyr. Fiziki illýuziýalaryň aýratynlygy, psihiki ýagdaýyna garamazdan salgymy synlaýanlaryň ählisiniň ony birmeňzeş görnüşde kabul etmeklerinden ybaratdyr.

Illýuziýalary affektiw, webral pareýdolik görnüşlere bölýärler.

Affektiw illýuziýalar adatça keýpiň görnetin üýtgäp durmagynda, umumy affektiw fonunda ýa-da çalt kemala gelýän güýçli gorky we howsala affektleriniň döremeginde ýüze çykýar.

Webral illýuziýalar näsagyň daş-töwereginde adamlaryň edýän gürrüňleriniň netijesinde döreýär. Düýbünden nätanyş adamlaryň mesaýy gürrüňlerinde ol öz adyna gönükdirilen kemsidiji ýokuş sözleri baradaky gürrüňleri eşitmegi ony ynjalykdan gaçyryp, gorky we howsala emosiýalaryna gaplanmagyna getirýär.

Pareýdolik illýuziýalar köplenç halatda güýçli psihotiki ýagdaýyň inisial tapgyrynda döreýär. Şeýle ýagdaýdaky keselliler gyş paslynda penjiräniň aýnasyndaky doňaklygyň çeken keşdelerinde tebigatyň nepis suratlaryny, adaty bolmadyk öwüşginli reňkleri gözüniň öňünde agdarylyp-düňderilip duran deňiz tolkunlaryny görýärler. Çagalarda şeýle ýagdaý toksiko-infeksion psihozda ýygy duş gelýär.

## Gallýusinasiýalar

Hyýaly zatlary kabul etmeklige ýa-da obýektsiz kabul etmeklige gallýusinasiýa diýilýär. Gallýusinasiýalar hemişe diýen ýaly ruhy keselleriň alamaty bolup durýarlar. Illýuziýalar ýaly gallýusinasiýalar hem duýgy agzalary esasyna ýagny analizatorlar boýunça belli-belli görnüşlere: görüşe, eşidişe, syzyşa, tene degşe, ys alyşa, tagam duýuşa, wissibulýara, hereketlenişe, somatiklere bölünýär. Gallýusinasiýalar bir analizatoryň çäklerinde-de bolup biler, birnäçesine hem ýaýrap biler.

Hakyky gallýusinasiýalar kesselliniň aňynda hakyky kabul edişmezde tapawutlanman obýektiw giňişlikde ýagny hususy göwresinden daşarda ornaşýar. Meselem, näsag diwaryň aňyrsyndan gelýän sesleri eşidýär.

Psewdogallýusinasiýalarda ýalan kabul edişiň obýekti näsagyň göwresinde, şonuň subýektiw giňişliginde ýerleşýär. Sesler şonuň hut öz kellesinden, bokurdagyndan, garnyndan çykýar, görüş şekilleri bolsa içki göreji arkaly kabul edilýär. Ys alyş, tagam

duýuş we somatogen gallýusiýanasiýalaryny hakyky we psewdogallýusinasiýalara bölmek aýratyn kynçylyk döredýär. Seret surat №3.

Funksional gallýusinasiýalarda gyjyndyryjy, gallýusinasiýanyň döreýän sebitlerindäki şol bir analizatora täsir edýär. Funksional gallýusinasiýalar hakyky gallýusinasiýalaryň yza serpikdirilip ýok edilmesidir ýa-da şolaryň döremeginiň öňisyrasyndaky tapgyrydyr diýlip hasaplanylýar.

Psihogen we ynanma esasynda döreýän gallýusinasiýalar köplenç halatda özüni ile göz edip görkezmäge ýykgyn edýän ynanjaň häsiýetli adamlarda döräp, kakynly psihiki bozulmalarda has aýdyň ýüze çykýar. Olar psihotrawmany yzysüre peýda bolup psihotrawmany şöhlelendirýär.

Webral gallýusinasiýalar mazmunyna görä düşündiriji gallýusinasiýalara bölünýär, ýagny ýalan sesler näsagyň her ädimini, elini, hereketlendirişini, seredişini, edim-gylymlaryny ara alyp maslahatlaşýar köplenç ol ýaňsylaýjy ýazgaryjy häsiýetde bolup geçýär. Näsag olar bilen jedele girýär. Kähalatlarda şol sesler bir bolman, iki bolup özara jedelleşýärler-de, şolaryň biri näsagyň tarapyny çalýar, beýlekisi bolsa ony näletleýär, ýamanlaýar.

Kabul etme bozulmalarynyň üstüni açmak üçin, adatça şeýle soraglar berilýär:

1. Gallýusinasiýalar, psewdogallýusinasiýalar
   a) görüş bozulmalary:
      - Siziň gözüňize nämedir bir zatlar görünýän-ä däldir?
      - Siz şolary gözüňiz bilen görýärsiňizmi ýa-da içki görejiňiz bilen görýärsiňizmi?
      - Siz şolaryň görünýän ýerini aýdyp biljekmi?
      - Şol görünýän ýer ýagtymy ýa-da garaňky?
      - Gözüňiz ýumuk halda hem şolary görýärsiňizmi? Nirede?
      - Gije gündiziň haýsy wagtynda şolary has ýygy-ýygydan görýärsiňiz?
      - Siz şekilleri edil öňüňizde görýäňizmi ýa-da gapdalky görejiňiz bilen?

- Olar nähili bolup görünýärler? Janly bir zatmy ýa-da kölege kysmy, göwresiz bir dury zatmy?
- Olar seslenýärmi? Nämedir bir zatlar aýdýarlarmy?

b) Eşidiş bozulmalary

- Töweregiňizde yns-jyns ýokka adam sesini eşiden wagtyňyz bolupmydy?
- Siz ýekelikde wagtyňyz haýsydyr bir içki ýa daşky sesleri eşidýärsiňizmi?
- Olar diňe siziň pikiriňizmi ýa-da şolary goh-galmagal ýaň adam sesi ýaly aýdyň kabul edip eşidýärsiňizmi?
- Siz şol sesleriň siziň bilen gürleşýänligi barada aýdýarsyňyz. Siz şolaryň näme diýýändigini aýdyp bilersiňizmi?
- Ses daşardan eşidilýärmi ýa-da kelläňiziň içinden çykýarmy?
- Eşidilýän ses erkek adamyňkymy ýa-da aýalyňkymy?
- Ses tanyşmy ýa-da nätanyş?
- Siz şol sesiň kimiňkidigini bilýäňizmi?
- Şolar size näme etmelidigi barada-da aýdýarlarmy?
- Olar size näme etdirmekçi bolýarlar?
- Şolaryň aýdýan zatlary siziň üçin ýakymlymy ýa-da ýakymsyz?
- Sesler gije-gündiziň haýsy wagty peýda bolup haçan kesilýär?
- Seleriň äheňi dostlukmy ýa-da duşmançylykly?
- Şolar janly seslermi ýa-da radiodyr magnitafondan çykýan ýalymy?
- Şol sesleri iki gulagyňyz bilen hem eşidýärsiňizmi ýa-da biri bilen?
- Gulaklaryňyzy dykanyňyzda-da sesler eşidilýärmi?

Ç) ys alyş bozulmalary

- Siz öwrendekli yslary alýaňyzmy ýa-da nätanyş yslary?
- Siz adaty däl üýtgeşik yslary alýan-a dälsiňiz?
- Şol yslar nireden çykýar?
- Siziň pikiriňizçe şol näme bilen baglanyşyklyka?

c) Tagam duýuş bozulmalary

- Siz adaty iýmitiňiziň tagamynyň üýtgändigini duýýaňyzmy?
- Siz hiç wagt iýmeýän wagtyňyz haýsydyr bir tagamy duýýaňyzmy?
- Adaty naharlaryňyzyň tagamy nähili?

e) Deri duýgurlyk bozulmalary

- Siz endamyňyzda del bir zadyň bar ýalydygyny duýýarsyňyzmy?
- Gapdalyňyzda hiç kes ýokka teniňiz ellenýän, sypalanýan ýaly ýa-da başga bir üýtgeşik zatlary duýýaňyzmy?

f) Gaýry sowallar:

- Sizde sesleri eşitmegiňizi, adaty däl zatlary görmegiňizi, ýok yslary almagyňyzy kimdir biri ýörite gurnaýandyr diýen pikir-düşünje ýokmy?
- Şolar siziň hakyky başdan geçirmeleriňiz bilen baglanyşyklymy? Bar bolsa haýsylary bilendir öýdýärsiňiz?

**Derealizasiýa**

- Sizde daş-töweregiňizdäki zatlaryň ýoýlanlygy baradaky duýgy barmydyr? Bar bolsa haýsylar bilen: geň, öz hakykysyna meňzeş dälligi, sizden has uzakda ýa-da ýakynda ýerleşýänligi, tanyş dälligi bilenmi?
- Size zatlaryň görnüşi öňküsinden üýtgän (ulalan, kiçelen) ýaly bolup görünýän-ä däldir?
- Size ozal bolup görmedik ýeriňizi ilkinji gezek göreniňizde tanyş, ozal görlen ýaly bolup görünýän-ä däldir?

**Depersonalizasiýa**

**a)** ***Samramaly dälleri:***

- Gözüňiziň açyk-ýumuklygyna garamazdan, göwräňiziň ýa-da şonuň bölekleriniň wagtlaýyn ulalýanlygyny ýa-da kiçelýänligini duýýan-a dälsiňiz?

**b) *Samramalar:***

- Sizde pikiriňiz, duýgularyňyzyň özüňiziňki däl, keseki ýalylygynyň duýulýan wagty bolupmydy?
- Sizde özüňizde bolýan zatlara gapdalyndan synlaýan ýaly şol zatlar sizde bolman, başga bir adamda bolýan ýaly duýgular-a bolan däldir?

## ÜNS WE ONUŇ BOZULMALARY

**Üns** – bu psihiki işiň dykgatlanylyp, kesgitli bir zada gönükdirilmegidir. Üns kabul etmekde-de, oýlanmakda-da ş, hereket etmekde-de zerurdyr.

Wagtyň bir pursadynda daşky we içki zatlaryň reseptorlatyndan beýnimize köpsanly signallar gelip gowuşýar. Emma beýni şolaryň baryny birbada kabul edip, täzeden işläp netije çykarmaga ýetişmeýär, galyberse-de, bary birden aňa şöhlelenip hem bilmeýär. Üns arkaly aňyň häzirki pursatda kabul edip biläýjek zatlarynyň sany çäklendirilýär. Şol çäklendirme hem kabul edilişiň hilini ymykly ýokarlandyrýar. Ünsüň kömegi bilen kabul edilen zatlar ýüzugra hyýala getiriş hem oýlanyş proseine girizilýär, şeýle-de hakykada saklanylyp berkidilýär. Beýniniň daşky gatlagynyň belli-belli bölekleriniň göçgünliliginiň ýokarlanmagy, ünsüň fiziologiki esasy bolup durýar. Şunda induksiýa kanunyna laýyklykda töwerekdäki böleklerde göçgünlilik peselip başlaýar. Galyberse-de, dominantanyň kanunalaýyklygynda şol böleklere gelip gowuşýan göçgünlilikgi pes bolan signallar şoňa mahsus bolan täsiri ýetirmeýärler. Olar göçgünliligi has hem ýokarlandyrýarlar. Şonuň bilen bir hatarda dominirleýji bölegiň hem göçgünliligi ýokarlanýar. Şeýlelikde, höwes bilen öz işine gümra bolup oturan adama gapdalky gowşak gyjyndyryjalaryň päsgel bermän, gaýtam kömek edýänligi öz-özünden düşnükli bolup durýar.

Ünsüň fiziologiýasynda beýniniň redikulýar fomasiýasynda gelýän signallaryň hem ähmiýeti ulydyr. Şolaryň ünsüň umumy derejesini rejeläp kesgitleýärler.

Ünsüň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: öz erkli hem özerksiz .

Öz erksiz biziň aňly-düşünjeli oý-pikirlerimizi niýetlerimize garamazdan döräp bilýär. Ol öňi bilen daşky gurşawda bolup geçýän özgerişler bilen baglanyşyklydyr. Biziň ünsümizi ilki bilen ýagtylyk, çasly ses, ýaly güýçli täsir edýän zatlar özüne çekýärler. Gyjyndyryjylaryň duýdansyz, garaşylmadyk ýagdýada peýda bolmagy hem-de onuň adaty dälligi aýratyn ähmiýete eýedir. Goh-galmagally sehde stanogyň yzygiderli, birsyhly urgusy adama öwrendekli bolup, ünsi özüne çekmesini kesýär, emma onuň tersine, gijäniň ümsümligindäki ýuwaşja pitik ünsi özüne çekýär. Öz erksiz üns adamyň deslaply durmuşynda kemala gelen aňşyrylyp düşünilmedik ýagdaýly

çemeleşme gönükdirilmeginede bagly bolýar. Meselem, oglynyň gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýan ene şol wagt başga işlere gümra bolýanlygyna garamazdan, gapynyň çala tyrkyldysyna has ýiti üns berýär.

Öz erkli üns diýip, ýörite gurnalan ünse aýdylýar. Ol bolsa ikinji signal ulgamynyň işi bilen baglanyşyklydyr. Şonda adam düýpli bir meseläni öz öňünde goýup "şeýle-şeýle zatlary gözden geçirmeli", "şu zatlary aýyl-saýyl edişdirmeli" we ş.m. diýýär. Şeýle gönükdirmeler içiňden gürlemeler bilen geçirilýär. Adatça, olar aňda berkidilmeýän hem bolsalar, ahyrky netijesi boýunça, aň-düşünjeli edilýän herekete öwrülýärler.

Öz erkli üns adamyň öňünde goýýan maksadyna laýyklykda ugrykdyrylyp gurnalýar. Öz erksiz ünse garanyňda öz erkli üns has dartgynlylygy hem-de güýjüň sarp edilmegini talap edýär. Ýöne munuň netijeliligi has ýokary bolýar. Durnuklylyk, göwrüm, üleşdirilmek, bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa bökdençsiz geçip bilmeklik ýaly häsiýetler ünsüň esasy häsiýetleri bolup durýar. Öz erkli üns durnukly hem okgunlydyr.

**Durnukly üns** bir zada ýa-da şol bir işe uzak wagtlap dümtünip, gümra bolmaga ukyplydyr. Amala aşyrylýan işleriň aglabasynda ünsüň durnuklylygyna bolan talap has ýokarydyr. Meselem, dispedçeriň işinde ünsüň sowulyp durulmagy, onuň gözegçilik edilýän enjamlaryndaky görkezijileriň üýtgänliginiň görülmän galmagyna getirmegi ähtimaldyr. Ünüň böküp, üýtgäp durmagy çap edilýän hatlarda karrektorlaryň harp ýalňyşlyklaryny goýbermekligine hem getirip biler.

Amala aşyrylýan işleriň birnäçesinde ünsüň bir zatdan beýleki bir zada gönükdirilmeginiň ýagny bir zatda beýleki bir zada geçirilmeginiň ähmiýeti ulydyr. Şeýle başarnyk aýratyn hem hereket edýän zatlaryň işledilýän wagty heläkçilik ähmtimallygynyň ýüze çykan pursatlarynda zerur bolup durýar.

Ünsüň göwrümi diýlip, örän gysga wagtda aň-düşünjeli kabul edilip bilinäýjek zatlaryň möçberine aýdylýar. Adatça, ünsüň göwrümi görüş kabul edilişinde kesgitlenilýär. Ünsüň göwrümi adamyň dogabitdi ukyplaryna baglydyr. Ýöne ony türgenleşik arkaly kämilleşdirip hem ulaldyp bolýar.

**Ünsüň üleşdirilişi** adamyň bir wagtda ýerine ýetirip bilýän hereketleri bilen häsiýetlendirilýär. Ý.Sezaryň bir wagtda nämedir bir zady ýazyp, başga bir zady diňläp, üçünji bir zady okap, dördünji bir zat barada gürläp bilýänligi barada rowaýat hem bar. Ünsüň bir zatdan beýleki bir zada geçirilişi näçe tiz bolsa, şonçada adamyň şol wagtda şol bor wagtyň dowamynda ýerine ýetirip biljek işleriniň sany artýar.

## Üns bozulmalarynyň görnüşleri

**Ünsüň güýjüniň gaçyp peselmesi.** Bu ünsüň belli bir zada jemlenmek ýa-da belli bir işe gönükdirilmek ukybynyň peselmesidir. Bu üns peselmesi argynlygy has ýokary bolan näsaglara mahsusdyr. Şeýle ýagdaý yzygiderli surnukdyryjy agyr işden, ýokanç kesellerden, zäherlenmelerden, başdan geçirilen psihozdan, agyr kesellerden saplanmadan soň, göze ilýär. Ünsüň şeýle peselmesine şol başdan geçirilen agyr dartgynlylyk netijesinde newr ulgamyna agram salnyp, tapdan düşürilmegi sebäp bolýar.

**Ünsüň bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa geçmesiniň kynlaşmasy.** Bu ünsüň bir ýagdaýdan beýlki bir ýagdaýa, bir işden beýleki bir işe tiz hem ýygy-ýygydan geçmek ukybynyň peselmesidir, ýagny gönükdirilişiň haýal-ýagallygy, söhbetdeşlikde şol bir gürrüňi gaýtalap irrizip durmagy, başga gürrüňe geçip bilmezligi, maksatlaryny ugrykdyrmakda kynçylyk çekmegidir. Üns bozulmasynyň infeksion, intoksikasion, damar psihiki özgerişlerinde, şeýle-de garaguşagyryda duş gelýär.

**Ünsüň sowlup durmasy**. Şunda ünsüň bir zatdan beýleki bir zada geçirilmek ukyby keselbentlikli görnüşde güýçlenýär. Ünsüň şu kysmy bozulmasy, köplenç maniakal ýagdaýdaky näsaglarda, esasan-da, maniakal-depressiw, psihozynda, şizoaffektiw psihozyň maniakal tapgyrynda, trawmatiki, damar psihozlarynda , beýni çişiniň käbir görnüşlerinde, şeýle hem psihostimulýatorlar kabul edilende duş gelýär.

**Ünsüň ugrukdyrylyşynyň bozulmasy**. Patologik refleksiýada üns, öz-özüňe baha bermeklige, öz eden hereketleriň, oý-pikirleriň, adamlar bilen gatnaşygyň hakynda birsyhly pikir öwürmelere, öz “men”-iň özenini tapmaklyga gönükdirilýär. Refleksiýa hususy maksada öwrülip, içki durmuşyň esasy mazmuny bolýar-da, galan ähli zatlar ikinji orna süýşürilýär. Ünsüň ipohondriki fiksasiýasynda ol tutuşlygyna diýen ýaly

özüňi duýşuňa, agyryly duýgularyňa we umumy saglygyňa gönükdirilýär. Depressiw kesellileriň ünsi, adatça, durmuşyň oňat taraplaryny däl-de, geçip giden gam-gussaly günlerini ýatlamaklyga gönükdirilýär. Geçen günleriň gamly pursatlary ýatlanylýar. Häzirki wagt barada pikir edenlerinde bolsa, diňe ýakymsyz hadysalar ýadyna düşýär. Olar geljegi hem çykgynsyz, muşakgatly halda göz öňüne getirýärler. Köplenç halatda üns ýüregedüşgünç başdan geçirmelere, gaýgy-aladalara gallýusinasiýalara we samramalara gönükdirilýär welin, näsag hatda şolardan arasyny açmaga hem ýaramaýar. Megerem, ýokarda beýan edilen bozulmalar ýokary görnüşdäki öz erkli ünsüň arasynyň üzülip kesilmesi bilen bilelikde geçýändir.

Şizofreniýaly näsaglaryň ünsi, köplenç halatda ownuk uşak zatlara ýaýradylyp, derwaýys bolmadyk derejsiz zatlardyr, bolgusyz hadysalara gönükdirilýär. Näsag lukman bilen gürleşýän wagty, onuň berýän soraglaryna perwaýsyz garap, degerli jogap bermeýär, hatda jogapsyz hem goýup bilýär. Ol şol ýerde hut özüniň ykbalynyň çözülýändigini duýmaýar, ýagny näsagyň ünsi esasy meseleden sowlup, gyşarýan ýaly bolýar. Şeýle üns iňohondiriki alamatlr toplumynyň esasy alamatlarynyň biridir.

Gipoprozeksiýa – ünsi çugdamlap jemlemäge bolan ukybynyň peselmesi bu esteniki ýagdaýlarda ýüze çykýar.

Paraprozeksiýa – ünsüň özboluşly bozulmasy bolup, dartgynly ýagdaýda garaşmaklygyň degişli obýektiň peýda bolandygyny wagtynda aňşyrmak ukybyny bökdemegidir. Howsalaly alamatlar toplumy we patalogiki ideýaly näsaglarda duş gelýär.

Aprozeksiýa. Öz erkli hem öz erksiz ünsleriň aradan aýrylmagy, töwerekdäki blup geçýän hadysalara düýbünden gyzygyň gaçmaklygy we şony daşky täsir ýetirme arkaly düzetmäge mümkinçiligiň ýoklugy bilen häsiýetlenýär. Aňyň çuňňur bozulmalarynda, beýniniň organiki zeperlenmesinde , aýratyn-da beýniniň maňlaý bölüminiň kemakyllyk bozulmalarynda duş gelýär. Olegofreniýa we çaga şizeofreniýasyna hem degli edilýär. Çagalar bilengeçirilýän iş tejribesinde aşakdaky ýaly kliniki alamatlar bilen ýüze çykýan ünsüň ýetmezçilikli sindromy diýilýän düşünje aýratyn görkezilýär:

- ynjalyksyz hereketler etmek – towlanyp burulmak, bükülmek, el-aýaklary salgap däbşeneklemek;

- Gerekli pursatda ýerinde arkaýyn we parahat oturyp bilmezlik;
- Ünsüň daşarky täsirlere ýeňillik bilen sowulmasy;
- Sabyrsyzlyk;
- Soraglary ahyryna çenli diňlemän pikirlenmezden jogap bermek;
- Tamamlanmadyk bir hereketden beýleki herekete geçip durmak;
- Asuda, parahat oýnamaga kanagat ermezlik;
- Ýaňrama;
- Töweregindäkilere päsgel berip ýoknasyzlyk etmäge ýykgyn etmek;
- Özüne habar gatylanda şoňa ünsüni jemläp bilmezliginiň daşyndan hem görnüp durmagy;
- Köplenç zatlaryny ýitirip ýöremekligi;
- Ýygy-ýygydan howply hereketleri ýüz urmagy
- Haýsydyr bir tapşyrygy ýerine ýetirende ýa-da oýnaýan wagty ünsüni belli bir zada jemlemekde kynçylyk çekmegi;
- Teklip edilen tabşyryklary ýerine ýetirmegi başarman kösenmegi;

Netijede, iş tejribesinde üns patalogiýasynyň psihopatalogiki alamatlar toplumlarynyň ählisinde-de duşýanlygyny aýtsa bolar. Şolar emosional giperestiki newrotiki, affektiw alamatlar toplumlarynda, aň bozulmalarynda we kemakyllylykda has aýdyň ýüze çykýar.

## Tutgaýly alamatlar toplumy

**Uly tutgaý** ýyldyrym çaltlygynda döreýän ýagdaýdyr. Esasy alamatlary akyl-huşuň ýitirilip, koma derejesine ýetirilmegidir: näsag edil tutgaýyň tutan ýerinde bihuş bolup ýykyrýar; sudoroga tutgaýlary başda tonik, soňra klonik görnüşde bolýar. Başdan geçirilen tutgaý büs-bütin ýatdan çykarylýar – doly kongrat anmeziýa. Alamatlar toplumy dürli görnüşdäki wegetowisseral bozulmalaryny ýagny tahikardiýany, dispnoeni, deri örtüginiň gan peti gaçyp agarmasyny ýa-da gögümtil öwsüp durmasyny, gipergidrozy, sülekeýiň köp bölünip çykarylmasyny öz içine alýar. Tutgaýlaryň ulusynyň öňüsyrasynda aura bolup geçýär. Auranyň we tutgaýyş kliniki düzüminiň ähmiýeti uludyr, çünki şolar funksional garaguşagyry fokusyň ornaşýan ýeri baradaky möhüm maglumaty özünde saklaýar.

Uly tutgaýyň tamalanyşy tutgaýdan soňky ýagdaý görnüşinde bolup, komadan çykylandan soň, köplenç halatda sopor (doňup galan ýaly ýagdaý), ýagny alasarmyklyk häsiýetine eýe bolýar. Şol hem şoňundan somnolensiýanyň (doly ukydan çykylmazlyk) üsti bilen obnubilýasiýa (aňyny bulut gurşan ýaly bolup, oňly seljeribilmezlik) geçip, aňyň düzelmegine getirýär. Tutgaýdan soňky ýagdaýyň aň-düşünjäniň alagaraňkylykda kysmy görnüşdäki çaşmasyna getirýän ýerleri hem köp duşýar. Beýniniň organiki zeperlenen ýerleriniň salgyny berýän käbir kliniki alamatlaryň ýüze çykýan wagtlary hem bolýar. Ýüze çykyşynyň häsiýetlerine görä uly tutgaýlar iki görnüşe bölünýär:

**Ýaýbaňlanan (nusgawy) tutgaý** näsagyň haýkyryp ýykylmasy bilen başlanyp, göz açyp-ýumasy salymda-da özünden gidip çaşýar. Şonuň bilen bir wagtda tutgaýlar hem peýda bolýar. Olar iki tapgyrly geçýär: Birinjisi toniki (dowamlylygy 20-60 s). Şol döwürde kähalatlarda dil hem dulugyň içki bardasy dişlenýär-de, köpürjikli al gan akyp, dodagyň ýüzüni örtýär. Birinji tapgyr kanunalaýyklykda ikinji – kloniki tapgyr bilen çalşyrylýar (dowamlylygy 2-3 min). Kloniki tapgyrda kähalatlarda erkiňe bagly bolmadyk ýagdaýda ýatan ýeriňde buşukmak, ulu täredi etmek ýaly ýagdaýlar hem bolýar.

**Abortiw tutgaý** – ýaýbaňlanan titremeli tutgaýdan tapgyrlaryň biriniň, köplenç halatda kloniki, seýrek halatda toniki tapgyryň ýoklugy bilen tapawutlanýar. Adatça,

abortiw tutgaýda erkiňe bagly bolmadyk ýagdaýda ýatan ýeriňde buşukmak, uly täredi etmek ýaly ýagdaýlar bolmaýar. Diliň we dulugyň iç ýüzüniň dişlenmesi bolsa eýrek bolýar.

**Kiçi tutgaýlar**. Uly tutgaýlardan tapawutlylykda, kiçi tutgaýda akylyň çaşyp, essiň aýylmasy gysga möhletli (sekuntlar – 10-20 s) bolup aura, tutgaýdan soňky ýagdaý hem-de süňk etleriniň ählisinde myşsa-damarlarynyň çekilmesi ýaly ýagdaýlar bolmaýar. Adatça, näsaglar tutgaý zerarly essi aýylyp ýykylmaýarlar. Kiçi tutgaýlaryň iki görnüşine duşmak bolýar:

**Absans (ýönekeý kiçi tutgaý)** göz açyp-ýumasy salymda özümden gidip, ýöne tutgaý komponentiniň we näsagyň essiniň aýylyp, ýykylmasynyň bolmazlygy bilen häsiýetlenýär. Näsagda hereketleriniň birden togtamagy, gepleşip ýa-da işläp durka säginmegi we ş.m. peýda bolýar. Näsag tutgaý tutanda nähili ýagdaýda duran bolsa, şol ýagdaýda hem doňup galýar. Kähalatlarda şu ýagdaý boňun etleriniň tijewliliginiň birden gowşamasy bilen geçip, kelle öňe ýykylýar (guş çokalamasy alamaty).Şolaryň dowamlylygy 1-2 sekuntdan 10-30 sekunda çenli dowam edýär.

**Çylşyrymly absans** gysga möhletleýin akylyň çaşmasyndan başga, özüniň düzüminde etleriň aýry-aýry toparlarynyň, köplenç halatda göwräniň ýokarky bölekleriniň – ýüzüň, boýnuň elleriň tijewliliginiň üýtgemesini hem-de dürli wegetatiw bozulmalary saklaýar. Düzüminiň aýratynlyklaryna baglylykda olar atonik, mioklonik we wegetatiw absanslara bölünýärler.

**Piknoleptik tutgaýlar** çagalarda duş gelip, gysga möhletli özünden gitmesi, ýüzüň gan peti gaçyp agarmasy, gyllygyň akmasy we başyňy yza atmak, elleriňi yza aýlamak, gözleriňi agdarmak ýaly terse, ýagny arkanlygyna görnükdirilen üýtgeşik görnüşdäki hereketleriň edilmegi bilen ýüze çykýar.

**Kiçi tutgaýlaryň statusy** has seýrek duş gelip, birnäçe sagadyň, hatda birnäçe günüň dowamynda yzly-yzyna dyngysyz geçýän köp sanly tutgaýlar bilen ýüze çykýar. Tutgaýlaryň aralygyndaky gysga möhletleýin arakesmelerde näsaglar aýňalyp, huşuna gelmänsoň, olar alagaraňkylykda kysmy akyl çaşmalary ýagdaýynda ýatandyr diýen pikiri döredýär. Şolaryň aratapawudyny diňe EEG arkaly seljerip bolýar.

**Psewdoabsanslar** akyl-huşuň gysga möhletleýin ýitilmesi, nazaryň doňup galmasy bilen başlanýar. Psewdoabsanslar hakyky absanslardan tutgaýlaryň dowamlylygynyň uzaga çekmesi, şolaryň ösüşiniň haýallamasy we reduksiýasy bilen tapawutlanýar. Şolar has ýiti wegetatiw süýşmeler bilen "örtülip" seňseleme bilen tamamlanýar. Şeýle ýagdaýlaryň aýyl-saýyl edilip çäklendirilmegi üçin EEG zerurdyr. Fokal "çekge" paroksizmli psewdoabsanslar hakyky absanslara garanda has oňaýsyz netije bilen tamamlanýar.

**Mioklonik (impulsiw) tutgaýlar** ýetginjekligiň öň ýanyndaky we ýetginjek ýaşlylarda döräp, göwräniň ýokarky bölümleriniň – boýnuň, egniň, elleriň iki tarapynda etleriniň "tirpildemesi" bilen ýüze çykyp, edil şol pursatda näsag elinde saklap duran zadyny gaçyrýar. Şeýle tutgaýlar, esasan, seriýaly görnüşde ýüze çykyp (15-20 gezek tutýar) aralykda birnäçe sagadyň dowamynda kesilýärler.

**Akinetik (propulsiw) tutgaýlar** 2-3 ýaşly çagalara häsiýetli bolup, kliniki taýdan göwräniň ähli bedeniň göwräniň aýratyn hem kelläniň öňe gönükdirilen hereketleri bilen ýüze çykýar. Şuňa duýdaýsyz baş atma "başatmalar" kelläniň aşak hem öňe edilýän okgunly hereketleri "çokalamak" alamaty, göwräniň inçe bilde epilip gollaryň gapdallara serilmesi salamow tutgaýlary hem-de dik duran çaganyň gürpüldäp öňe ýykylmagy görnüşindäki astatik tutýagýlar girýär. Propulsiw tutgaýlar bir aýdan birnäçe aýa çekýän döwürleýin ýüze çykyp, şolaryň döwrüň birinji bölüminde ýygylygyň gün içinde onlarça gezek köpelip, kem-kemden hem gije-gündizdäki sanynyň azalmagy bilen geçýär. Şeýle seriýaly tutgaýlaryň aralyklary köplenç halatda diýseň uzaga çekýär. Gelip çykyşy boýunça akinetik tutgaýlar miokloniklere çalymdaş bolýar. Akinetik tutgaýlaryň esasynda beýniniň organikibozulmasy ýatyp, şolarda entek tutgaýlar peýda bolmanka, psihiki hem fiziki ösüşlerinde yzagalaklygyň üsti açylýar. Tutgaýlaryň peýda bolmagy bilen nerw-psihiki ösüşiň görnetin yza galýanlygy, hatda eýýäm ele alnan hereket endikleriniň we sözleýşiň ýitirilmegi ýüze çykýar.

Akinetik tutgaýlar Uestyň şolara çalymdaş alamatlar toplumynyň bir bölegi ýaly bolýar. Patologik özeni bolan bu alamatlar toplumy beýniniň maňlaý-çekge bölümleriniň daşky gatlagynyň atrofik özgeriş görnüşdäki kemisliginde bolýar. Kliniki taýdan baş atmalar, çokalamalar we Salamow görnüşdäki tutgaýlar bilen ýüze çykan bu ýagdaý

köplenç giňeldilen fokal et-damar çekmeli tutgaýlary we psihiki ösüşiň togtadylmagy bilen utgaşyp geçýär. Esasy patologik özeni beýniniň daşky gatlagynyň we şonuň infrakortikal düzüminiň tutuşlaýyn atrofiýasy bolup durýan Lennoks – Gasto alamatlar toplumynyň çäklerinde akinetik tutgaýlaryň, tonik sudorogaly tutgaýlaryň, kemakyllykly we doly ösmedik psihomotorikaly atipik absanslaryň utgaşýandygyny görmek bolýar.

**Wegetatiw – wisseral (diensefal) tutgaýlarda** garaguşagyrynyň ojagy beýni niliniň rostral (burun) bölüminde ornaşyp, pulsuň we dem alşyň çaltlaşmagy, deriň we peşewiň bölünip çykarylyşynyň güýçlenmegi, gipertermiýa, göreçleriň giňelmegi, ýürek bulanma we birmeňzeş endigan titreme ýaly dürli görnüşdäki wegetatow bozulmalar bilen ýüze çykýar.

**Ojaklaýyn (fokal) tutgaýlar**. Jeksonyň motor tutgaýlary bolup, ýüzüň ýa-da el-aýalaryň etleriniň birtaraplaýyn klonik, ýa-da tonik çekilmeleri bilen ýüze çykyp, olaryň tutgaýyň geçmeginde güýçlenip, uly damar çekmeli tutgaýa öwrülmegi mümkin. Şeýle paroksizmleriň ekswizit görnüşi klonik et-damar çekmeleriň ýuwaş-ýuwaşdan aşaklygyna – ýüzüň etlerinden eliň, göwräniň, aýaklaryň elerine süýşüp giňelmegi netijesinde döreýän “Jeksonyň marşydyr”.

**Adwersiw (adwersio – gapdala sowma) tutgaýlar** gözleriň, kelläniň, hatda tutuş göwräniň, beýniniň daşky gatlagynda ornaşýan ýokarda agzalan ojagyň garşysyna tarap aýlanmagydyr. Bu köplenç eliň ýarym epilen görnüşinde garaguşagyry ojagynyň garşysyna tarap uzaldylyp galdyrylmagynda ýüze çykýar.

**Sensor tutgaýlary** fokal tutgaýlarynyň ýygy-ýygydan tutmaýan toparlarynyň biridir. Şuňa somato – sensor, görüş, eşidiş, ys alyş we tagam duýuş tutgaýlary girýär. Şunda garaguşagyry döredýän ojaklar şolaryň hersine aýratynlykda degişlilikde beýniniň çekge süýr depe ýa-da yzky merkezi egremlerinde, beýniniň daşky gatlagynyň çekge-ýeňse bölümlerinde, ýokarky çekge bölümiň daşky gatlagynda, gippokampyň gaňyrçagynyň sebitlerinde, insulo – periinsulýar we operkulýar sebitleriň daşky gatlagynda ornaşýarlar. Tutgaýlaryş şu topary üç sany kliniki görnüşe syrygýar: gallýusinator, illýuzor we elementar (ýönekeý adaty). Gallýusinator görnüşi nyşanlaryň çylşyrymlylrynyň kabul edilmesi, el-aýaklarynyň bolşy, görüş sahnasy, sazlaryň

eşidilmesi, agyzdaky zadyň özboluşly ysy we tagamy ýagny somatik, görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş gallýusinasiýalara laýyklykda  ýüze çykýar. Illýuzow görnüşi mahsus bolan kabul edilmeleriň duýdansyz, gysga möhletleýin ýoýulmasy bilen ýüze çykýar. Elementar (adaty) görnüşi bolsa, öz-özünden döreýänler kysmy iňňe dürtülýän, guruşýan “garynja ýöreýän” , agyryny, sowugy, gyzgyny, ýiri ýagtynyň ýalpyldysyny, gözüň garaşkyramasyny duýmaklyk ýaly parolsizmal duýgularyň peýda bolmagy bilen geçýär. Eger-de başdan geçirmeler elementar görnüşdäki ýaly birtaraplaýyn ornaşanlykda bolup geçse, onda şolar Jekson tutgaýlarynyň sensory hökmünde bellenilýär.

Tutgaýlaryň ýygylyy dürli-dürli: ýagny näsagyň ömrüniň dowamynda bir-iki gezek, döwürleşdirilen, şeýle-de birsyhly yzygiderlikde bolýar. Kähalatlarda şolar yzy üzülmän yzly-yzyna gaýtalanyp durýarlar. Haçanda aýry-aýry tutgaýlaryň aralygynda näsag huşuna gelse, bu sudorogaly tutgaýlaryň seriýalysydyr, emma paroksizleriň aralygynda doly huşuna gelmese, bu tutgaýlaryň statusydyr. Tutgýalaryň ähli görnüşleri garaguşagyry keselinde, garaguşagyry alamatlar toplumy bilen geçýän beýniniň organiki kesellerinde, şeýle-de ýiri infeksion, ýa-da intoksikasion ýagdaýlarda daşarky täsire ekzogen görnüşli jogap berilme hökmünde bolup geçýär.

## Katatonik alamatlar toplumy

Klinik ýagdaýy iki sany gapma-garşy durýan hereket bozulmalarynyň ýüze çykmalary bilen häsiýetlendirilýär: göçgünlilik ýagdaýy we stupor (hereketsizlik, doňan ýaly bolup durmak).

***Katatonik göçgünlilik*** patetik we impulsiw bolup biler. Patetik göçgünlikde näsaglar joşgunly (janly) ýagdaýda köp gezýärler, olarda sözleýiş hyjuwy hem duş gelýär. Näsag joşgun bilen we ýokary stilde, aýlawly gepleýär, daş-töweregindäki adamlaryň sözlerini gaýtalaýan (eholaliýa) ýagdaýlary duşýar. Olaryň keýpi kök, ýöne gipertimiýa häsiýetde däl-de, ekzaltasiýa häsiýetinde bolýar. Käte näsagyň sebäpsiz gülýän wagtlary bolýar. Wagtal-wagtal impulsiw hereketler hem bolup biler. Bu ýagdaýyň güýçli bildiren halatynda näsaglar öz egin-eşiklerini ýyrtýarlar, hassahana işgäriniň elinden dermanly mejimegi kakyp alýarlar, gapa tarap okdurylýarlar, olarda gazaply meýiller ýüze çykýar. Gallýusinasiýalar we gury hyýallar hem bolup biler.

Impulsiw katatonik göçgünlik ýiti ýüze çykýar. Uzak wagtlap hereketsiz ýatan näsag krowatdan birden galýar, öz öňünden çykan zatlary agdar-düňder edip, edil şonuň ýaly-da adamlara topulyp, daş-töweregindäki zatlary ýumrup, öňe tarap okdyrylýar. Munda olar aýratyn jümleleri, sözleri, paýyş sözleri gaty gygyryp aýdýarlar.

**Katatonik stupor** ýagdaýyň garşylykly “polýusy” bolup, ol hereket durgunlylygy, mutizm (geplemezlik) we et – siňirleriň gipertoniýasy bilen ýüze çykýar. Näsaglar hereket göçgünligi bilen gysga wagtlaýyn togtadylýan (kesilýän) gowuşgynsyz, durnuklylyk ýagdaýynda birnäçe hepdäniň, aýyň dowamynda galyp bilýärler. Olaryň kliniki aýratynlyklaryna baglylykda katatonik stuporyň birnäçe görnüşleri bolýar.

**Surat №4 we surat №6 seret.**

Surat №1.

Näsag epileptiki

tutgaýda.





Surat №2.

Şizofreniýanyň

gebefreniki

görnüşinde.

Surat №3.

Näsagda görüş

gallýusinasiýasy.





Surat №4.

«Dodak çommaltma» alamaty



Surat №5.

Maniakal ýagdaý.



Surat №6.

«Howa ýassygy» alamaty.



Surat №7.

Maniakal göçgünlilik.

Negatiwistik stupor hereket durgunlylygy we mutizm bilen birlikde näsaglaryň duruş ýagdaýlaryny üýtgetmäge edilen eslendik synanyşyklara olaryň garşy durmagy bilen häsiýetlendirilýär. Aýaklaryny epmäge ýa-da ellerini ýazmaga edilen synanyşyklarda näsaglar ýiti myşsa dartgynlygy bilen utgaşýan güýçli garşylyk görkezýärler. Käbir beýleki ýagdaýlarda elini, aýaklaryny epmek üçin edilen synanyşyklar olary ýazmaga we olary tersine epmäge edilýän synanyşyklar bilen utgaşýar.

Doňup galan ýaly ýagdaýda bolmak bilen häsiýetlendirilýän stupor has aýdyň bildirýän hereket durgunlylygy we et-siňir gipertoniýasy bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglar şular ýly ýagdaýda çaganyň ene göwresinde ýatyşy ýaly görnüşde uzak wagtlap ýatyp bilerler: aýaklary dyz-çanak we çanaklyk – uýlyk bogunlara eplenen, ýagny näsagyň dyzlary garnyna golaý, elleri egin we tirsek bogunlaryna eplenip, döşüne golaý getirilen, dişleri berk gysylan, dodaklary çommaldylan. Eger näsag arkan ýatan bolsa, onuň kellesi uzak wagtlap ýassyga degmän biler, kellesi bilen ýassygyň arasynda bolsa boşluk emele gelip biler.

Ýokarda beýan edilen katatonik alamatlar, adatça, näsagyň aňynyň aýdynlygynda ýüze çykýar, bular ýaly ýagdaýda lýusid katatoniýa diýlip atlandyrylýar. Katatonik alamatlar toplumynyň düýşe meňzeş bulaşmasy bilen utgaşýan ýagdaý seýrek duşýar, bular ýaly ýagdaýlara oneýroid katatoniýa diýilýär. Katatonk alamatlar toplumy şizofreniýa, ýokanç, organiki, inwolýusion we beýleki psihozlarda duşýar.

Hereket-erk bozulmalaryny takyklama maksady bilen şeýle soraglaryň berilmegi teklip edilýär:

- Siz hemişede şeýle gowşak lellimmi?
- Siz öz geljegiňizi nähili göz öňüne getirýärsiňiz?
- Sizde "ýaşama derkaram däl" diýen pikirler döreýän-ä däldir?
- Eger-de siz birden ýogalaýsaňyz şondan soň nämeler bolup geçerkä?
- Irden oýananyňyzdan soň size turmak kyn düşýärmi?
- Sizde "ýatyp uka gidip, soň gaýdyp oýanmaly bolmaýsady-da" diýen pikir döreýän-ä däldir?

# OÝLANMA (PIKIRLENME) WE ONUŇ BOZULMALARY

**Oýlanma (pikirlenme)** – hakyky (obýektiw) daşky gurşawda bar bolan zatlaryň we hadysalaryň ortalaşdyrylmak we umumylaşdyrylmak arkaly esasy taraplarynyň häsiýetlendirilmegidir. Başgaça aýdylanda, oýlanma – hakyky dünýä (zatlara) umumylaşdyrylyp düşnilme, akyl ýetirilme psihiki prosesdir. Oýlanma prosesi dil , söz üsti bilen ýüze çykarylyp beýan edilýär. Oýlanmanyň iňňän sada, ýönekeýje görnüşlisi haýwanlarda-da bolýar, ýöne şonda diňe gönümel kabul ediliş ulanylyp, ol hem F.Engelsiň aýtmagyna görä, haýwanlary ýagdaýyň, hadysalaryň talabanyna öwürýär.

Islendik oýlanma işi analiziň, sinteziň, deňeşdirmeleriň, toparlara bölmekligiň, abstraksiýanyň we çürt-kesik anyklaşdyrylmanyň üsti bilen amala aşyrylýar.

**Analiz -** oý-pikirde bitewini böleklere bölüşdirmek, zatlary we hadysalary oý-pikirde seljerip, olaryň aýry-aýry bölekleriniň, alamatlarynyň we häsiýetleriniň açylyp görkezilmegi.

**Sintez** – oý-pikirde bölekleri bir bitewä birleşdirmek ýa-da aýry-aýry böleklerden, alamatlardan durýan zatlary we hadysalary oý-pikirde birleşdirip bitewüleşdirmek. Analiz bilen sintez özarta aýrylmaz baglanyşyklydyr.

**Deňeşdirme**. Deňeşdirme prosesi arkaly hakykatyň zatlarynyň meňzeşligi we aratapawudy ýüze çykarylýar. Islendik bir zady ýa-da hadysany beýleki bir zada ýa-da hadysa bilen deňeşdirme arkaly adam şolaryň meňzeşligini ýa-da bir-birinden tapawutlanýandygyny ýüze çykarýar. Şonda obýekleriň meňzeşlerne birmeňzeş garap, biri-birinden tapawutlanyşyna baglylykda bolsa, dürlüçe garaýar, töwrekleýin hakykatda dogry ugur tapmany başarýar. Zatlary we hadysalary biri-birleri bilen deňeşdrimek esasynda umumylaşdyrmany gazanyp bolýandyr. Umumylaşdyrma – bu zatlaryň we hadysalaryň umumy häsiýetleriniň we alamatlarynyň ýüze çykarylmagy esasynda olaryň oý-pikirde birleşdirilmegidir. Birmeňzeş zatlaryň iň möhüm bolan alamatlaryny ýüze çykarmak esasyndaky umumylaşdyrmanyň ähmiýeti has hem ulydyr. Şeýle umumylaşdyrma düşünejleri döredip, kanunlary emele getirmäge hem mümkinçilik berýär. Deňeşdirme esasyndaky zatlaryň we hadysalaryň meňzeşligini hem

aratapawudyny ýüze çykaryp, umumylaşdyrmak prosesi adama daş-töweregindäki zatlary we hadysalary aýry-aýry toparlara bölmäge ýardam berýär.

**Toparlara bölmek (klassifikasiýa)** – bu deňeşdirme hem umumylaşdyrma prosesi arkaly zatlary oý-pikirde aýry-aýry toparlara we toparjyklara bölüşdirmekdir.

Zatlary we hadysalary umumylaşdyrma prosesinde adam şolaryň diňe umumy häsiýetleri barada oýlanyp, olaryň arasyndaky tapawutlardan ünsüni sowýar. Oý-pikire geçirilýän şu operasiýa abtraksiýa diýilýär. Abstraksiýanyň tersine konkretleşdirmek (çürt-kesikleşdirmek) has umumy häsiýetlerden we alamatlar çürt-kesik hakykata, duýuş tejribesine geçmäge mümkinçilik döredýär.

**Düşünjeler** – bu hakyky dünýäniň birmeňzeş zat;arynyň we hadysalarynyň toparynyň umumy hem esasy häsiýetleriniň aňda, oýlanmada şöhlelenmegidir. Düşünjeler dünýäniň şöhlelenmeginiň ýokary formasydyr, çünki olar hakyky dünýäniň zatlaryň we hadysalarynyň umumy, akunalaýyklyk düýpli taraplaryny şöhlelendirýärler. Düşünjelerde hyýala getirmelerden tapawutlylykda zatlaryň we hadysalarynyň umumy, kanunalaýyk düýpli taraplaryny şöhlelendirýärler. Düşünjelerde hyýala getirmelerden tapawulylykda zatlaryň we hadysalaryň has umumy hem düýpli häsiýetleri şöhlelendirilýär.

**Hyýala getirmeler** aýdyň alamatlar bilen häsiýetlenýärler. Düşünjeler sözler bilen baglanyşykly bolup, sözler bilen hem bellenilýärler. Düşünjeler arkaly oýlanmak bu söz arkaly oýlanmakdyr. Düşünjäniň sözler bilen baglanyşygy sözüň kömegi bilen pikir alyşmaga mümkinçilik döredýär. Düşünjeler çürt-kesik we abstrakt düşünjelere bölünýär.

**Çürt-kesik düşünjeler** hakyky bar bolan zatlar bilen hadysalaryň aralygyndaky baglanyşygy şöhlelendirýär. Düşünjeleriň her haýsyna dünýäniň belli bir kesgitli atlary mahsus bolýar, meselem, stol, haýat, derýa, otly we ş.m.

**Abstrakt düşünjeler** biziň gözümiz bilen görüp bilmeýän zatlatymyz we hadysalarymyz şöhlelendirilýär, ýagny düşünjede emele gelen zatlaryň özüne mahsus bolan haýsy-da bolsa bir häsiýeti – güýç, erjellik, adalatlylyk, şatlyk, bagt, göwrüm, kesel we ş.m. aňladylýar.

**Pikirlenme** – bu daş-töweregimizdäki dünýäniň zatlarynyň we hadysalarynyň arasyndaky baglanyşylarydyr gatnaşyklarynyň, alamatlarynyň tassyklanylmasy ýa-da inkär edilmesi getirilip aýdylýan sözlerdir. Pikirlenmäniň düzümine düşünjeler girizilip, şonda-da düşünjeleriň mazmuny diňe bir pikirlenmäniň üsti bilen açylýar. Pikirlenmäniň tassyklanylýan görnüşi we otrisatel görnüşi bolýar: meselem tassyklanylýan görnüşi – suw bu suwuklyk, otrisatel görnüşi – düýn men lukmanyňkyda bolmadym.

**Netije çykarma** bir ýa-a birnäçe pikirlenmelerden netije çykarylyp, töze pikiriň döredilmegidir. Netije çykarylýan pikirlere esaslandyryjylar, netije çykarma esasynda döredlen täze pikire bolsa, netije diýilýär.

Netije çykarmanyň iki görnüşi bolýar: induktiw we deduktiw netijeler.

**Induksiýa** diýlip esaslandyryjylary çürt-kesik, aýry bir ýagdaýlar bolup, netije bolsa şol aýry ýagdaýlary synlamakdan çykarylýan umumy ýagdaýa aýdylýar.

**Deduksiýa** diýlip umumy ýagdaýlaryň esasynda aýry-aýry ýagdaýlar barada netije çykarylmagyna aýdylýar.

Oýlanmanyň üç görnüşi bolýar: aýdyň-hereketli, anyk şekillendirilişi we abstrakt – logiki.

**Aýdyň – hereketli oýlanma**, esasan, 2-4 ýaşly çagalarda köp duşup, ol adamyň iş tejribesine gönüden-göni degişli bolan zatlaryň we hadysalaryň, gatnaşyklaryň şöhlelenmegidir. Ol adamyň iş tejribesinde ýüze çykýan meselelerini çözmekde ulanylyp, zatlaryň saldarlanyp görülmeginde synag hem ýalňyşma usuly arkaly peýdalanylýar.

**Çürt-kesik şekillendirişli oýlanma** 4-8 ýaşly çagalarda köp duşýar. Anyk-şekillendirişli oýlanma – bu geçmişdäki durmuş hereketlerine girizilen zatlaryň we hadysalaryň hakykada galdyrylan şekiliniň üsti arkaly baglanyşyklaryň we gatnaşyklaryň şöhlelenmegidir. Anyk şekiller bilen bilelikde okadylanda we terbiýe berlende alynýan bilim-düşünjelerden hem peýdalanylýar. Ýöne şondan has az derejede peýdalanylýar. 8-16 ýaşdakylarda anyk, çürt-kesik oýlanma has kämil bolan abstrakt-logiki oýlanma bilen ýuwaş-ýuwaşdan çalşyrylýar.

**Abstrakt- logiki oýlanma** düşünjelerden peýdalanma arkaly baglanyşyklary we gatnaşyklary şöhlelendirýär. Şu ýerde duýuş, aýdyň hereketlendiriş we şekillendiriş ýaly

bilim-düşünjelere tabyn bolmadyk hadysalaryň, kanunalaýyklyklaryň, sebäp-netije ýaly gatnaşyklaryň üsti açylýar. Oýlanmanyň hut şeýle görnüşi tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň has umumy kanunalaýyklyklaryna düşünmäge hem göz ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Şol sebäpli-de, muny nazaryýet diýlip hem atlandyrylýar.

Psihiki keseller sebäpli oýlanmanyň häsiýeti özgerýär. Beýniniň organiki kesellerinde oýlanma köplenç halatda anyk şekillendirişli, şizofreniýada – abstrakt bolup, şonda oýlamanyň hili gowulaşman, tersine, pikirlenmäniň hil derejesi peselýär, oýlanmanyň önjeýliligi azalýar.

## Oýlanmanyň (pikirlenmäniň) patologiýasy

**Oýlanmanyň patologiýasy** (keselli ýagdaýy) – onuň okgunlylygynyň, düzülişiniň we mzmunynyň bozulmasy bilen häsiýetlenýär.

**Oýlanmanyň okgunlylygynyň tizleşmesi** bu sözleýşiň çaltlaşmasy bolup, tötänlikde peýda bolan mehaniki görnüşli birleşdirmeleriň agdyklyk etmegi we kapyýalaşdyrma ýykgyn edilmekligiň üsti bilen özüni aýan edýär. Tötänlikde peýda bolan assosiasiýalar näsagyň edip oturan gürrüňiniň mazmunyny üýtgedýär. Şol sebäpli hem onuň gürrüňi soňlanylmadyk häsiýetli, çykarylýan netijesi bolsa howul-hara, köplenç halatda nädogry bolýar. Oýlanmanyň tizleşmegi bilen bilelikde geçýän keýpihonluk we daş-töweregindäkilerden özüni gopbamsy tutmagy näsaga öz ýalňyşlyklaryna tankydy göz bilen garamaga päsgel berýär. Ýöne şeýle-de bolsa, näsaglar aşa samsyklaç, akyla sygmajak zatlary aýtmaýarlar. Pikirlenmäniň tizligi göterilip, has okgunly ýagdaýa ýetende “Ideýalaryň biri-birinden öňürtilemesi” diýilýän ýagdaý döreýär. Näsagyň aýdýan sözleri üzlem-saplam, düşünmesi kyn bolýar. Onuň dili pikirlenişine eýerip ýetişmeýän ýaly görnüp, jümleleriň diňe käbir bölekleri aýdylýar. Oýlanmanyň tizleşmegi dürli sebäplere görä dörän maniakal ýagdaýlarda, şeýle-de keýpihoşluk bilen geçýän zäherlenmelerde, meselem gaty çuň bolmadyk alkogol serhoşlygynda duş gelýär.

**Oýlanmanyň okgunlylygynyň peselmegi** hyýala getirmeleriň haýaljakdan çalyşmasy bilen häsiýetlenýär. Adatça, oňa sözleýiş – hereketiň haýallamasy mahsus

bolýar. Oýlanyşyň peselmesinde emosional taýdan ýaramaz öwüşgünli pikirler agdyklyk edýär. Kähalatlarda hyýala getirmeleriň çalşyrylmasy düýbünden bolmaýar we aňda ýeke-täk bir pikir uzak wagtlap höküm sürýär. Şeýle ýagdaýdaky oýlanma “Ýeke pikirlilik” diýlip kesgitlenilýär. Şeýle näsaglarda oýlanma akyl ýetirişiň guraly bolmagyny bes edýär we onda oýlanyşyň ugrukdyrylmasy diýlen zat asla bolmaýar. Oýlanmanyň haýallamasy dürli sebäplere görä dörän depressiw ýagdaýda, şeýle-de ýeňil derejeli seňselemelerde duş gelýär.

**Persewerasiýalar** – beýniniň damar zeperlenmesinde dörän kemakyllylykda, ýaşy birçene baranlaryň beýnisindäki atrofiki proseslerde has ýygy duş gelýär. Şonda aňyň bulaşmagy zerarly, näsaglar soňky berlen soraga düşünmän, onuň manysyny alyp bilmän, öňki aýdanlaryny gaýtalaýarlar.

**Werbigerasiýalar** – munda näsaglar bir zady üýtgewsiz bir sydyrgyn gaýtalaýarlar, käteler aýry-aňry sözleri özleriçe kapyýalaşdyryp, manysyz sesleri biri-birinişe utgaşdyryp hetjikläp gaýtalaýarlar. Şu alamat köp halatda ritmiki hereketlenme bilen geçýär: näsaglar yranyp hyllan atýarlar, başlaryny ýaýkaýarlar, şol bir wagtda-da “ýatyryn-ýatyryn, patyryn-patyryn, çygylýan-çygylýan, mygylýan-mygylýan, seredýän-seredýän” ýaly sözleri öwran-öwran gaýtalaýarlar. Werbigerasiýalar katatoniki ýa-da gebefreniki alamatlar toplumlarynda duş gelýär, şeýle-de olar şizofreniýa üçin hem häsiýetlidir.

**Bir aýdylany gaýtalamak (togtadylan aýlawlar)**- söhbetdeşligiň dowamynda näsagyň bir aýdan zadyny üýtgewsiz gaýtalamagy, şol bir pikirine gaýta-gaýta dolanyp gelmegidir. Bir aýdanyňy agýtalamak aňyň peselmeginiň, pikirleriň boşaňkyrlamagynyň alamatydyr. Bu ýagdaý beýniniň atrofiki kesellerinde, garrylyk kemakyllygynda, Pikiň keselinde, garaguşagyry keselinde duş gelýär.

**Detalizasiýa** – bu düýpli bir manysy bolmadyk, ikinji derejeli ownuk uşak zatlaryň oýlanma prosesine birsyhly girizilmegidir. Şunda oýlanmanyň yzygiderliligi, önjeýliligi we maksada laýyk ugrykdyrylyşy bozulmaýar-da, ol diňe tygşytsyzlandyrylýar.

**Oýlanmanyň jikme-jiklendirilmegi** – şol bir goşmaça assosiasiýalary yzygiderli gaýtalap durmak bilen utgaşýan jikme-jikleriň üstünde köp döwlenip durulmagynda esasy pikire gaýtadan dolanyp gelinmegidir.

**Bir pikiriň uzaga çekdirilip aýdylmagy** – ýdyljak bolunýan pikiriň hetjiklenmeginiň, jikme-jiklendirmekligiň aňrybaş derejesidir. Munda detalizasiýa ýöredilýän pikiriň esasy ugruny bulaşdyryp, şeýle bir ýoýýar welin, aýdylýan zatalara asla düşüner ýaly bolmaýar, oýlanyş bolsa önjeýsiz bolýar. Näsaglar edilýän gürrüňiň esasy ugruny saklap bilmek ukybyny ýitirýärler, ownuk-uşak zatlar barada köp gürläp gürrüňiň, esasan, näme barada gidýanligini ýatdan çykarýarlar. Olar goşmaça assosiasiýalardan saplanyp bilmeýärler. Şu toparyň alamatlary şol bir psihopatalogik ýagdaýyň, ýagny oýlanmanyň kynçylyk bilen geçmesiniň agyrlaşýandygyny açyp görkezýär.

**Oýlanyşyň gurluş düzüminiň (strukturasynyň) bozulmalary.** Oýlanyşyň gurluş düzüminiň bozulmalaryna rezonýor oýlanma degişlidir. Rezonýor oýlanma – bu boş, maksada laýyk ugrukdyrylmadyk pikirlenmedir, düýpli bir manysy bolmadyk zatlar barada ýaňrap akyl satmadyr. Adatça, olaryň mazmuny sadaja ündew-nesihat bermekden, uly ile belli bolan atalar sözlerini, sofizmleri aýtmakdan, ahlak taýdan ýörgünli bolan hakykaty beýan etmekden we ş.m. ybaratdyr. Olaryň edýän gürrüňleri grammatiki taýdan dogry düzülen bolýar, ýöne olarda köp sözlülik bolup, ortalyk we halk işlikleri, giriş sözleri we ş.m. gereginden artyk ulanylýar. Şeýle oýlanma önjeýsiz bolýar. Şeýle oýlanyş tejribä daýanmaýanlygy sebäpli, çürt-kesik bolmaýar, galyberse-de, onda umumylaşdyrma bolmaýar. Şol sebäpli hem ol abstrakt oýlanma degişli däldir. Rezonýorlygyň aýratyn ýüze çykyp bildirmesi oýlanyşyň bitendentligidir, ýagny şol bir zat barada gapma-garşylykly pikir ýöretmedir. Muňa metafiziki zäherlenmäni hem goşmak bolar. Rezonýorlyk şizofreniýanyň başky döwründe, psihopatiýalaryň käbir görnüşlerinde ýüze çykýar.

**Oýlanyşyň tyrpyp durmasy** – bu söhbetdeşi üçin düşnüksiz, pikir ýöredişiň dogry yzygiderliliginiň saklanman, bir pikirlenmeden beýleki pikirlenmä böküp durmasydyr. Pikirlenmede bolýan tyrpmadan soň näsaglar aýdyp oturan gürrüňini dowam etmäge ukyply hem bolsalar, olar şol wagt goýberen alňyşlyklaryny

düzetmeýärler. Temadan sowa geçilmekden tapawutlylykda oýlanmanyň tyrpmasynda pikirlenişiň tizligi güýçlenmeýär. Şonuň üçin hem adaty pikirlenmä mahsus bolan zatlar saklanyp galýar, ýöne tutuşlygyna alanyňda onuň önjeýliligi peselýär.

**Parologik oýlanma** logiki taýdan dogry bolan maglumatlardan yzygiderli bolmadyk netije çykarylmagydyr. Şunda yzygiderli alnyp barylýan gürrüňden "tyrpylma" ýa-da berilýän soraglara " sowal jogaplar" berilmegi ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Ýagalarda köplenç halatda näsogry psihologik umumylaşdyrma arkaly barlaglar geçirilende ýa-da duýdansyz ýagdaýda çagalardan suratly kagyzlaryň manysyny düşündirmek talap edilende parologik oýlanyşyň üsti açylýar.

**Böleklenen (ataktik) oýlanma** ilkinji sözlemiň çäklerinde manynyň ýitirilmegi bilen häsiýetlenýär. Bir sözlemde häli-şindi gapma-garşy, biri-birini ret edýän düşünjeler birleşdirilýär. Şol sebäpli hem näsaglaryň gürrüňleri düşnüksiz, samsyklanç, manysy ýoýlan, ugur-utgasyz bolýar. I.P.Pawlow ataktiki oýlanmany örän jaýdar şekillendirip, "Ýoly urdurylan bozuk pikirler" diýip belläpdir. Eger-de şunda sözleriň grammatiki gurluş tertibi saklanylýan bolsa, onda şeýle ataktiki gürrüň şizofaziýa diýlip atlandyrylýar. Eger-de sözleýşiň grammatikasy bozulan bolsa, onda oňa "sözleýşiň ýyrtylyp böleklenmesi" diýlip at berilýär. Şizofreniki sözleýişde dürli görnüşli geň-enaýy utgaşdyrmalarda aýry-aýry sözler däl-de, söz bogunlary we sesler ulanylyp dargadylmanyň aňrybaş çägine ýetirilen bolsa, onda ol "sözleýiş dürüşdesi" diýlip atlandyrylýar. Şunda dürli görnüşli şeýle ses utgaşdyrmalaryny näsag öüniň döreden täze sözleri hökmünde kabul edýär. Meselem, "Plazmautýan – köp ýygnandy, fuest – syýa tüýkürdi" diýmegi aňladýar. Täze oýlanyp tapylan şu sözleriň manysyna diňe näsagyň özi düşünýär.

**Bir wagtyň özünde birnäçe pikirleriň peýda bolmagy (mentizm)**. Şeýle oýlanmada käbir prosesler näsagyň öz erkine bagly bolmaýar we olar öz pikirlerini ugrukdyrmany başarmaýarlar. Kelledäki pikirleriň başly-barat gelip-geçýän güýçli kaymyndan ýaňa näsagda ejirli ýagdaý döreýär. Näsaglar pikirleriniň "bir pikirden beýleki bir pikire böküp durmagyndan", "biri-birleriniň öňüni kesýänliginden" weş.m. şikaýat edýärler.

**Oýlanmanyň togtamasy** (şperrung) ýa-da “dykyn almasy” diýlip, “kelläm boşap galdy”, “pikirlerim ýitirim boldy” diýen ýaly duýgulara aýdylýar. Şu alamatlaryň zor bilen edilme häsiýetliligi näsagda kimdir biriniň oňa pikirlenmäne päsgel berýändigi, onuň oý-pikirini ýörite ugrukdyryp oturandygy ýaly müňkürligiň döremegine getirýär. Mentizm we şperrung – köplenç halatda şizofreniýada duş gelýän ideator awtomatizminiň ýüze çykmasydyr.

**Autistik oýlanma** öte dymmalyk, kellesindäki oý-pikirlere, hyýaly toslamalar dünýäsine batmak, hakyky dünýäden örküni üzmek bilen häsiýetlenýär. Pikir pikirden döredilip, netijede-de näsagyň oýlanmasy daraldylan, çäkli görnüşdäki bir pikirleriň tükeniksiz gaýtalanylyp durulmagyna ýazdyrylýar. Oýlanmanyň şu zeýilli görnüşi köplenç halatda şizofreniýada duşýar.

**Simwol (nyşan)** – zatlaryň şekili ýa-d şertli belgi bolup, haýsydyr bir zadyň, ýagdaýyň. Düşünjäniň ýa-da ideýanyň nyşany, belgi alamaty bolup hyzmat edýär. Simwollar dürli görnüşde – söz grafiki belgiler, reňkler, üm-yşaratlar, suratlar, şekiller ýaly köpsanly görnüşde bolýarlar. Meselem, eli terezili gözleriň daňylgy aýal heýkeli (Femida) adalatlylyk baradaky düşünjäni aňladýar. Şunda düşünjäniň belgisi hökmünde hut şol şekil hyzmat edýär. Sifralar – möçber, san baradaky düşünjeleriň, grafiki suratlandyrylyşyny görkezýär. Simwol – şertli belgi bolup, köplenç halatda özbaşdak ähmiýetli obýekt bolman, ol ýa-da beýleki bir ýagdaýyň görkezijisi bolup hyzmat edýär.

**Simwolik assosiýsiýalar** – biri beýlekisine bap getirilmän, çalyşmaklygyň netijesinde abstrakt düşünjeleriň we çürt-kesik şekil hyýala getirmeleriň arasyndaky içki many we sebap baglanyşygynyň bozulmagydyr. Näsaglaryň gürrüňindäki äbstrakt düşünjeleridir oý-pikirleri hem-de olaryň pikirlenmelerden netije çykaryşy kä çürt-kesik düşünjeler, käte bolsa şolar bilen içki baglanyşygy bolmadyk başga bir abstrakt kategoriýalar bilen çalşyrylýar. Bozulmanyň şy görnüşi, esasan, şizofreniýa häsiýetli bolýar. 25 ýaşly näsag zenan N. Miwe şänigini gysymynda ýygşyryp saklaýarda: “Şänik ýekeje, diýmek, menem ýalňyzlyga uçradylan betbagt”, 27 ýaşly näsag zenan bolsa: “Meniň öňümde agzy açyk gaýçy ýatyr, diýmek, maňa gutulgysyz ajal garaşýar” diýip, şolarda öz ykballarynyň nyşanlaryny görýändiklerini belleýärler.

**Söz utgaşyksyzlygy** – aňyň bulaşan, garyşyk ýagdaýynda gürrüňiň yzygiderli beýan edilişiniň we grammatiki gurluşynyň bozulmasydyr. Şunda sözleýiş aýdylyp gutarylmadyk jümleleriň toplumyndan, özlem-saplam aýry-aýry sözlerden we söz düzümlerinden, näsagyň gözüne ilen zatlary sanap geçmeginden ybaratdyr. Baglanyşyksyzlygyň has aýdyň ýüze çykan görnüşine inkogorensiýa diýlip atlandyrylýar. Ol, esasan, amensiýalarda duş gelýär. Şeýle ýagdaýdaky näsag bilen düşünişip, gep-söz alşyp bolmaýar, çünki ol özüne aýdylýan sözleri eşitmeýär hem-de oňa düşünmeýär.

## Sözleýiş we onuň bozulmalary

**Sözleýiş** – bu diňe ynsana mahsus hadysa bolup, oýlanma we pikirlenme, özara habarlaşma proseslerini ýüze çykarýar. Sözleýiş ekspressiw we impressiw sözleýşe bölünýär. Ekspressiw sözleýiş dilden sözleýşi we ýazuw sözleýşi öz içine alyp, oýlanma prosesini şöhlelendirýär, impressiw sözleýiş bolsa dilden, ýazmaça ýa-da sözleýşiň islendik bir beýleki görnüşini aňladýar. Şeýlelikde, ekspressiw sözleýiş – afferent, impressiw sözleýiş bolsa – efferent, ýagny adamyň signal ulgamynyň ikinji bölümlerine mahsus bolýarlar.

Psihiatriýada iş ýüzünde, öňi bilen näsagyň dilden sözleýşi, zerur bolan ýagdaýynda bolsa ýazmaça sözleýşi analiz edilýär.

Sözleýiş bozulmalarynyň şeýle görnüşleri tapawutlandyrylyp görkezilýär:

**Batly sözleýiş** – keselbentlikli gözgünli sözleýiş bolup, näsagda dynuwsyz ýaňrama islegi döreýär we ol bu ýaňramasyny aýtman saklanyp bilmeýär.

**Aýlawly sözleýiş** – näsagyň adaty bolmadyk, düşünmesi kyn, manysyna bap gelmeýän sözleri ulanyp, özüni nakyslyk bilen alyp barmagy, ýerliksiz üm-yşaratlar etmegi, gaşyny kakyp, ýüz-gözüni oýnatmagy bilen häsiýetlenip geçýär.

**Aýnada görnüşi ýaly sözleýiş (eholaliýa)** näsag töweregindäkilerden eşiden sözlerini aýnada görülýän ýaly birsyhly tükeniksiz gaýtalaýar.

**Birmeňzeş äheňli sözleýişde** ses äheňi bir durşuna saklanyp, sesiň labzy üýtgedilmegi ýerinde hem üýtgedilmän, bisydyrgyn ýöredilýär.

**Jikme-jik sözleýiş** haýal gürleşme bilen geçirilip, şonda näsag zatlaryň ähmiýetsiz hem wajyp bolmadyk tarapyny ownukçyllyk bilen jikme-jikleşdirip beýan edýär.

**Oligofazik sözleýiş** söz gorunyň çäkliligi, sözleriň grammatiki düzülişiniň nädogrulygy, ses äheňiniň edilýän gürrüňe bap gelmezligi bilen häsiýetlenýär.

**Paradoksal sözleýiş** näsagyň aýdýan zatlarynyň köpüsiniň manysy boýunça bir-birine gapma-garşy gelmegi.

**Persewerator sözleýiş** näsagyň şol bir sözi ýa-da söz düzümini öwran-öwran gaýtalamagy we gürrüňini dowam etdirmek üçin gerek bolan sözleri ýa-da söz düzümlerini saýlap alyp bilmezligi bilen häsiýetlenýär.

**Pueril sözleýiş** uly adamyň peltekläp, sakynyp, sesiniň äheňidir labzyny aýnadyp gürleýşi ýaş çaganyňka çalymdaş bolmagy bilen häsiýetlenýär.

**Kapýalaşdyrylan sözleýiş** her hili kapyýalardan doldurylyp, şolaryň näsagyň edýän gürrüňiniň manysyna gelişdirilmän, ýoýlan görnüşde ulanylmagy.

**Bogna bölünen sözleýişde** näsag haýal gürläp, sözleri we bogunlary bölüşdirip, aralatryny kesip aýdýar. Psihikanyň ösüşiniň umumy wagtlaýyn togtamagy çaga motor alaliýasy diýlip atlandyrylýan çaganyň gürläp bilmekliginiň yzagalaklygy bilen utgaşyp geçýär. Motor alaliýasy gowuşgynsyz, lellim, hereketleri gödeňsi, tagaşyksyz bolup, bir hereketi etjek bolanda düýbünden gerek bolmadyk ençeme goşmaça hereketleri edýärler. Çagalaryň käbirinde sözleýşiň bozulmasynyň başga bir görnüşi ýagny sensor alaliýasy döreýär. Şonda çaga gowy eşidýän hem bolsa, sözleriň manysyna düşünmäýer we sözleýşi özleşdirip bilmeýär. Sözleýşiň haýallap, badynyň gaçmagyna hereketlenmäniň umumy haýallamasy we oýlanmanyň haýallap gowşamagy sebäp bolup biler. Depressiw almatalar toplumynda Şu sebäpleriň ikisi hem bir wagtda täsir edýär.

## Oýlanmanyň (pikirlenmäniň) bozulmalarynyň alamatlar toplumy

### Obsessiw – fobik alamatlar toplumy

**Obsessiw – fobik alamatlar toplumynyň** esasy mazmuny ýüregedüşgünç, irizegen ýagdaýlaryň giň gerim almasydyr. Ýüregedüşgünç pikirlerden başga ýüregedüşgünç gorkular hem giňden ýaýran bolup, olaryň düzümi dürli-dürlidir. Newrozlarda logiki taýdan ýerlikli hem düşnükli gorkular köp duş gelýär. Bu gorkular hapalanmak, kesel ýokuşmagy, ölüm, howply keseliň döremegi – kardiofobiýa, kanserofobiýa, spidofoboýa ýaly hakykatdan hem howp salyp biläýjek zatlardan gorkulmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Şizofreniýada ýokarda agzalyp geçilenlerden daşary hakykatdan arasy üzülen adatdan daşary gorkular hem ýüze çykyp biler: iýmitinde iňňelerdir iňňebagjyklar barmyka diýen howsala, öýdäki mör-möjekleriň gelip burnuna dykylyp girme gorkusy we ş.m. Şunda yrymlara gönükdirilen hereketleriniň hem ençemesi edilýär, ýagny şol gorkulardan iň bolmanda wagtlaýyn dynyp, janyna aram tapmak üçin ýaşyl sabyn bilen 8 gezek elini sabynlap ýuwmak, öýe girmezden ozal jaýyň daşyna üç gezek aýlanyp çykmak ýaly yrymlar bilen baglanyşykly hereketleri edýärler. Şeýle hereketleriň çylşyrymly görnüşlerini ýerine ýetirýän wagtlary töweregindäkiler olaryň ününi bölse, olar şol hereketleri täzeden edip başlaýarlar. Şonda edýän zatlarynyň biderekligine näsaglar gowy düşünýän hem bolsalar, şony etmän durup bilmeýärler. Obsessiw – fobik alamatlar toplumy ýüregedüşügnç ýagdaýly newrozyň esasy görkezijisidir. Ol şizofreniýanyň geçişiniň newroz kysmy görnüşinde-de peýda bolup biler. Obsessiw-fobik alamatlar toplumy psihoasteniýada hem duşup, ol howsalalylyk, müňkürlik we pedantlyga mahsus bolan jürlük, geýnüwlilik, çendenaşa tämizlik ýaly häsiýetler bilen utgaşyp geçýär.

## Ýiti duýujylykly samrama alamatlar toplumy ýa-da ýiti paranoid

**Ýiti duýujylykly** samrama alamatlar toplumynda ýa-da ýiti paranoidde güýçli emosional bozulmalarda samrama örän tiz kemala gelýär. Özüni duýşundaky duýdansyz özgermäni näsag hasratly heläkçilik gelen ýaly edip bahalandyrýar we daş-töwerekdäki durmuş hakykatyny kabul edişi hem şu güýçli duýga tabyn edilýär. Şonda, köplenç, illýuziýalar we gallýusinasiýalar peýda bolup, näsag geçip barýanlaryň gep-gürrüňinde öz adyny eşidýär. Adatça, gantaşyk samramasy we ýasama jögülik samramasy ýüze çykýar. Näsagda daö-töweregindäkileriň haýsydyr bir möhüm maglumatlary özünden ýaşyrýandyklary baradaky şübheli pikirler döreýär. Daş-töweregindäki zatlaryň ýerleşişi üýtgän ýaly bolup görünýär, näsag hut özünde bolan uly özgermeleri duýýar, bu bolsa näsagda akylyndan azaşandygy baradaky duýgyny döredýär. Howsalalylyk hem-de ynjalyksyzlyk näsagyň ukusyny gaçyryp, rahat ýatmaga päsgel berýär. Ol güýçli göçgünli ýagdaýa gelip, içerde pelesaň kakýar, janyna jaý tapman urunýar, ümdüzine tutdyryp, nireleredir bir ýerlere ýitirim bolup, gaçyp gutulmakçy bolýar. Duýujylykly güýçli samrama ýiti başlanan islendik psihozyň, ýagny intoksikasion, somatogen psihozlaryň, şizofreniýanyň ýiti tutgaýynyň, reaktiw paranoidiň döreýşiniň alamaty hökmünde-de bolup biler. Bular ahyrynda oňaýly gutarýar, çünki psihotiki tutgaýy doly aýryp bolýar.

## AKYL WE ONUŇ BOZUMALARY

**Akyl** – adamyň düşünjesiniň, ukyplarynyň jemi toplumy bolup, onuň şolary durmuşda iş ýüzüne geçirip bilmegidir.

Akyl üç dürli görnüşe bölünip, olar biri-birinden tapawutlandyrylýar: sagdyn manyly pikir, akyl we pähim – paýhas.

Sagdyn manyly pikir diýlip, töwerekdäki adamlaryň özlerini alyp barşynyň düýp sebäplerini seljermek arkaly hakykata deň gelýändigine göz ýetirmek we dogry oýlanyp bilmek ukybyna aýdylýar. Sagdyn manyly pikir arkaly hadysalara, ýagdaýlara baha berlip düşündirilende adam logiki ýalňyşlyklary goýbermekden halas bolýar we şoňa laýyklykda töwereindäkiler bilen aragatnaşyklary ýola goýmakda has amatly usuly saýlap almaga mümkinçilik tapýar.

**Akyl** diýlip, hakyky zatlara we hereket ediş usulyna akyl ýetirmek prosesine aýdylýar. Şeýle akyl ýetirmek islendik bir işi ýerine ýetirýän adamlaryň edýän hereketleriniň düşündirilmesine, olaryň bilim-düşünjesine esslanyp amala aşyrylýar.

**Paýhas** – akylyň ýokary derejeli gurnalyşy bolup, şonda pikirleniş prosesi nazaryýet bilimleriniň kemala gelmegine we döredijilik işiniň ugrukdyrylyp özgerdilmegine ýardam edýär. Başgaça aýdanyňda paýhas şahsyň has ösen ýokary derejlidigini aňladyp, öz-özünden bolýan zatlaryň islendiginden, eden-etdilikden, toslamalardan, syzylyp alynýan düşnüksiz, gümürtik duýgulardan peýdalanmakdan saplanan “arassa” oýlanmaklygy görkezmekligidir.

Akyl-paýhasly düşünjede rasional we irrasional usullar ulanylyp bilner.

**Rasional usul** – wakalara we hadysalara baha bermekde ylmy taýdan çemeleşmeklige ýakyn bolýar, ýagny ol formal-logiki kanunlaryň ulanylmagyny, gipotezalaryň teklip edilmegini we şolaryň tassyklanylmagyny talap edýär. Irrasional usul – düşünilmeýän faktlara akyl ýetirmeklige daýanýar.

Akylyň ýene bir möhüm tarapynyň biri refleksiýadyr. Subýektiň özüni ňwrenip, içki psihiki aktlaryna we ýagdaýlaryna düşünmegidir, şeýle-de töwerekdäkiler tarapyndan adama bolan hakyky gatnaşyklaryň göz öňüne getirilmegidir.

Akyl bozulmalary, adatça, kynçylykly ýagdaýlary we meseleleri çözmek, oýlanyş ukyplarynyň peselmegi ýaly ýagdaýlar dörän pursadynda kesgitlenilip beýan edilýär. Akyl bozulmasyny kesgitläp, baha bermekde köp halatda umumy hem ýörite bilimleriň, iş oňaryjylygyň, başarjaňlygyň bahalandyrylmasyndan peýdalanylýar.

## Akylyň peseliş alamatlar toplumy

**Demensiýa (kemakyllyk)** – esasan, akylyň düzedilmesi kyn bolan, durnukly peselmesi bolup, beýniniň üç ýaşdan soňky dörän patalogiýasy bilen baglanyşyklydyr. Kemakyllyk beýniniň organiki zeperlenmesini aňladýar. Şol sebäpli hem ol düzedilip bolunmaýan häsiýete eýedir. Kemakyllyk akyly düzüjileriň bozulmagy, aýratynlykda psihiki "senediniň" hem-de akylyň ekstraintellektual proseslериniň (emosional – erk tarapdan) bozulmagy bilen baglanyşykly bolýar.

Akyl bozulmalaryň düzümine we çuňlugyna baglylykda lakunar (çäkli) we total (tutuşlaýyn) demensiýa bölünýär.

**Lakunar (çäkli) demensiýa** – kemakyllygyň bir görnüşi bolup, ilki bilen ýatkeşlige we ünse zeper ýetmegi bilen häsiýetlenýär. Bu psihiki prosesleriň bozulmagynyň gyradeň dälligi, alamatlarynyň kähalatlarda gysga möhletiň dowamynda "ýalpyldap", çala bildirip ýitip durmasy ilen häsiýetlenýär. Lakunar demensiýada näsagyň akynyň köp häsiýetleri öňküligine saklanýar. Umuman alanyňda, edim-gylymlarynyň, özüňi alyp barşynyň esasy görnüşleri ýagny näsagyň nämedir bir zada bütin durky bilen berilmegi, uýýan pikirleri özgermän öňküligine galýar. Ýöne şeýle-de bolsa, köplenç halatda şahsyň käbir häsiýetleri ýitileşýär, gylyk-häsiýetine ozaldan mahsus bolan käbir aýratynlyklary birneme üýtgeýär, ýagny ýaramazlaşyp, öte geçme häsiýetine eýe bolýar. Meselem, tygşytlylyk häsiýeti gysgançlyga, husytlyga, ynamsyzlyk häsiýeti müňkürlige, garasöýmezlik, dymmalyk häsiýeti adamlary ýigrenmeklik derejesine ösüp geçýär. Emosional taýdan alanyňda dismnestiki kemakyllygy bolan näsaglara ýuka ýüreklilik, ejizlemezlik, emosional durumsyzlyk, hamsygyp durmaklyk häsiýetli bolýar.

Dürli görnüşdäki beýni damarlarynyň tutuşlaýyn zeperlenmesi bilen geçýän keseller, ýagny gan öýülmän geçýän ateroskleroz we gipertoniki keseller, diabetiki mikroangiopatiýa, kollagenozdaky damarlaryň ulgamlaýyn bozulmasy, merezýel ýokanç keselleri lakunar kemakyllygy döredýän sebäpleriň biri bolup durýar.

**Total (tutuşlaýyn) demensiýa** – ilkinji nobatda akylyň iň çylşyrymly hem ýöriteleşdirilen häsiýetlerine zeper ýetirilýän kemakyllygyň görnüşidir. Total demensiýasyna, adatça, aňyň logiklik, delillendirijilik, özbaşdaklyk, bilesigelijilik, özboluşlylyk, ugurtapyjylyk, önjeýlilik, çuňluk, giňlik, çeýelik ýaly häsiýetleriniň bozulmasy mahsus bolýar. Total demensiýasynda näsagyň öz kemçiligine tankydy garaýşynyň bolmazlygy oňa dogry kesgidi goýmakda ygtybarly tutaryk bolup, total demensiýasyny lakunar demensiýasyndan tapawutlandyrmaga ýardam edýär. Beýniniň käbir beterleşýän kesellerinde total demensiýa lakunar demensiýasynyň tapgyryndan spň döräp başlaýar. Huşuň, ýatkeşligiň bozulmalary örän gödek görnüşlerde bolup geçýär. Şahsyň bozulmalary şeýle bir aýdyň bildirýär welin, näsaglar öz-özüne meňzemejek bolýarlar. Olar paýyş sögünip, adamlaryň öňünde çyp-ýalanaçlanyp, duran ýeriniň nireligine garamzdan, hatda öýüň içinde haly düşege buşygyp, uly täret edýärler.

Demensiýanyň sebäpleri bolup: beýniniň beterlemeýän organiki keselleri, ýagny tarwmalar, meningoensefalitler, arakdan, senagat serişdelerinden, içerde ulanylýan himiki we gaýry zatlardan zäherlenmeler, strangulýasion demigme hyzmat edip biler. Beýniniň beterleýän organiki kesselleriniň destruksiýaly geçýänleri – garrylyk atrofiki prosesleri, degneratiw prosesler – leýkodistrofiýa, köp sanly nesil yzarlaýan enzimopatiýalar – gepatolentikulýar degenerasiýasy, amawrotik idiotiýa, beýniniň damar keselleri – merkezi ateroskleroz, endoarterit, barha beterleýän kelleçanak içindäki ýokanç keseller, progressiw şel açmasy, geçip duran wagtlaýyn ensefalitler çuňňur kemakyllygy döredip, mazarma eltip biler.

**Garaguşagyry (konsentrik) kemakyllygy** aslyýetinde organiki kemakyllygyň görnüşleriniň biridir. Garaguşagyrynyň geçişiniň giçki tapgyrlarynda huş hem-de düşünme ukyby bozulýar. Ýöne bu ýerde oýlanmanyň, şahsyň özgermesiniň düýpli aýratynlyklary bolýar. Näsagyň oýlanmasynyň esasy aýratynlygy pikirlenmäniň şol bir pikirleriň daşynda aýlanyp, ikinji derejeli ownuk-uşak zatlaryň oýlanma prosesine

birsyhly girizilmesi, aýdylýan zatlaryň has uzaga çekdirilip, jikme-jiklendirilip aýdylmasy, sözleri saýlap almakda kynçylyk çekmesi we söz gorunyň garyplaşmasy ýaly ýetmezçiliklerden ybaratdyr. Söz ýetmezçiligi köp sanly gaýtalanmalar hem erjellik bilen gaýtalanýan "aýlawly sözleri" getirmeler bilen çalşyrylýar. Şahsy özgermelerine özlerine bolan ownuk talapkärliginiň artmagy, ýagny aşa tertiplilik, yhlaslylyk, jürlük, süýji sözlülik, çaganyňky ýaly suwjymak mähir-muhabbetlilik ýaly häsiýetleriniň zalymlyk, garasöýmez ýekemenlik, diňe öz aýdanyny dogry hasaplap, beýlekileriň hem şoňa tabyn bolmagyny islemek ýaly häsiýetler bilen utgaşyp gelmegi mahsusdyr. Şeýle hem olara, gyzyklandyrýan zatlarynyň çäkleriniň daralyp, pikirdir – aladalarynyň diňe öz bähbitlerine gönükdirilmegi häsiýetlidir. Huşundaky bozulmalar saýlama häsiýetli bolýar. Näsag hut özleri üçin wajyp bolan zatlary hakydasynda gaty gowy saklap, özleri üçin uly ähmiýeti bolmadyk zatlary bolsa düýbünden ýatda saklamaýarlar. Olarda aýdylýan zatlary umumylaşdyrmaklyga bolan ukyplaryň peselendigini esasy zatlary ikinji derejelisinden tapawutlandyryp, nakyllardyr atalar sözlerini dogry beýan edip bilmezliginden görmek bolýar.

**Şizofrenik kemakyllykda** huşa hiç hili zeper ýetirilmeýär we abstrakt oýlanma ukyplary ýitirilmeýär. Ýöne şol bir wagtda oýlanmanyň tertipli düzülişi we maksada laýyk gönükdirilişi bozulyp, hereketlenmäniň peselmegi bilen perwaýsyzlyk, biagyrylyk, geleňsizlik güýçlenýär. Süňňüniň sagdygyna güýç-kuwwatynyň hem bilim-düşünjesiniň ýeterlikdigine garamazdan, olarda jinnik ýalam zähmet çekmäge höwes, adamlar bilen gürrüňdeş bolmaga isleg döremeýär. Näsaglar üst-başyna seretmegi, özlerine timar bermegi, wagtynda ýuwnup-ardynmagy bes edýärler we hapysa sölitelere öwrülýärler. Keseliň soňky tapgyry, akylyň uzak wagtlap "hereketsizlikde" bolmagy ozalky bar bolan endikleriň we toplanan bilim – düşünjeleriň ýitirilmegine getirýär.

## Emosiýalar we olaryň bozulmalary

**Emosiýalar -** bu psihiki işiň möhümleriniň biri bolup, adamyň içki dünýäsinde we daş-töwerekde bolup geçýän ýagdaýlar barada gelip gowuşýan signallaryň netijesinde adamyň şol ýagdaýlara özboluşly reňkdarlyk bilen subýektiw baha bermesidir. Hili boýunça emosiýalar položitel (oňaýly) we otrisatel (oňaýsyz) emosiýalara bölünýärler.

**Emosional stress ýagdaý** – emosional dartgynlygy döredýän ýagdaýlarda adamyň hakykata bolan gatnaşygyny şöhlelendirýän ýagdaýdyr. Bu özüni alyp baryşdaky belli bir reaksiýa bilen ýüze çykyp, emosianal stress ýagdaýy diýlip atlandyrylýar. Üç ýaşa ýetmedik çagalarda diňe biologik emosialar agdyklyk edýär. Üç ýaşdan soň özüne düşünip bilmegi arkaly emosialar üýtgeýär. Diňe 10-12 ýaşa ýetilende çaganyň emosional durmuşynda duýgular aşaky, pes emosiýalylaryňky ýaly uly ähmiýeti bolýar. Daşyndan seredeniňde emosiýalar mimikalar, sözleýşiň aýratynlyklary, pantomimikalar bilen ýüze çykýar. Mimika ýüz myşsalarynyň hereketi bolup adamyň emosiýasyny şöhlelendirýär.

Pantomimika – üm-yşaratlar etmek göwräniň hem elleriň sazlaşdyrylyp ugrukdyrylan hereketi bolup, şolar adamyň emosianl başdan geçirmelerini, psihiki ýagdaýlaryny açyp görkezýär.

**Emosional giperesteziýa** – bu duýujylyk tonunyň bozulmasy bolup adaty duýuş we kabuil edişiň güýjüniň duýulýan zada bap gelmezlikli ýagdaýda ýüze çykýar. Emosional reaksiýa berlişiň çäklilik derejesi peselende ol ýüze çykýar we giperakuziýa, giperosmiýa, senestepatiýalar bilen ýüze çykýar.

**Emosional giposteziýa** – bu duýujylyk tonunyň bozulmasy bolup, adaty duýuş we kabul edilişiý güýjüniň bap gelmezlikli ýagdaýda has pes bolan emosional öwüşgün bilen geçmegidir. Emosional reaksiýa berlişiň çäklendiriş derejesi ýokarlananda döreýär.

**Derealizasion hem depersonalizasion** bozulmalary ýüze çykýar.

## Hereket bozulmalary

**Hereketleniş sferasynyň bozulmalary – giperkineziýalar, gipokineziýalar, weparakineziýalar-** ýaly görnüşlerden durýar.

**Giperkineziýalar –** manikial göçgünlilik, gebefrenik göçgünlilik, katatonik göçgünlilik, howsalaňly (ažitirlenen) depressiýa, ýiti gallýusinator-paronoid (samramaly), ýiti gallýusinoz, kakynly göçgünlilik ýaly görnüşlere bölünýär.

**Gipokineziýalar-**depressiw stupor, katotonik stupor, apatik stupor, psihogen ýa-da kakyn stupory ýaly görnüşlere bölünýär.

**Ýoýulmalar (parakineziýalar) – ehopraksiýa –** samsyklaç, kähalatda töwerekdäkileriň üm – yşaratlaryny, ýüz – gözüni oýnadýnadyşyny, özüni alyp barşyny aýnada görülýän ýaly edip gaýtalamak bilen ýüze çykýar.

**Eholaliýa –** näsagyň töweregindäkilerden eşidýän aýry-aýry sözlerini, sözlemlerini gylyny gymyldatman samsyklaç gaýtalamagy.

**Birmeňzeş hereketlenmeler, aýnylyk,nakyslyk,negatiwizm, passiw boýun bolmaklyk** ýaly hereket bozulmalary hem parakineziýada duşýar.

## AŇ WE ONUŇ BOZULMALARY

Aň materiýanyň ýokary derejede gurnalan görnüşi bolup, adamyň hakykaty aýyl-saýyl edip şöhlelendirip bilmek ukybydyr. Aň bozylmalarynyň birnäçe görnüşi bar: deliriý, oneýroid, amensiýa, aňyň alagaraňkylykda kysmy bozulmalary we seňseleme.

**Seňseleme** – näsaglarda ysgynsyzlyk, oýlanyşynyň haýallaşmasy kabul edişinde gümürtikler peýda bolýar.

**Somnalensiýa** – näsagyň aňy edil ukudan oýanan alasarmyk ýagdaýdaky adamy ýatladýar, soraglara anyk jogap berip bilmeýär. Onuň berýän jogaplary ýalňyş, nätakyk bolýar.

**Sopor** – ýönekeý , adaty reaksiýalaryň saklanyp galyp, çuň reaksiýalaryň ýitirilmegi. **Koma** – islendik gyjyndyrma, reaksiýalaryň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär.

**Erk, meýiller – küýsegler we olaryň bozulmalary**

**Erk-**aňly –düşünjeli maksada laýyk ugrukdyrylyp matlapdyrylan we delillendirilen okgunly psihiki hereket bolup, daşarky we içki bökdenşlikleriň hötdesinden gelmegi bilen baglanyşykly bolan we adamyň talatlarynyň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen psihiki hadysadyr.

**Erkiň we meýilleriň – küýsegleriň peselmesi**

Anoreksiýa (işdäniň kesilmegi), libidonyň (şähebetiň)peselmegi , goranyş reaksiýalarynyň togtadylmasy, gipobuliýa.

**Erkiň we meýilleriň – küýsegleriň güýçlenmegi .**

**Bulimiýa , giperseksuallyk, giperbuliýa, eýforik giperbuliýa, psihopatik giperbuliýa** (konstitusional şahsy) , dementik-egosentrik giperbuliýa,dement – asemik giperbuliýa.

**Huş (ýat) we onuň bozulmalary**

**Huş (ýat) –** öň kabul edilen , başdan geçirilen zatlaryň hakydada saklanyp galyp, soňra bolsa olaryň gaýtadan dikeldilmegidir, adamyň durmuş tejribesiniň şöhlelenmegidir.Ýatdan çykarylma hadysasy huşuň aýrylmaz bir bölegidir.Başgaça aýdanyňda, huş – bir adamyň ýa-da ähli adamzadyň durmuşyndaky geçmişiň, häzirki we geljekki wagtlaryň bir sapaga düzülmesidir, ýagny sepleýjisidir. Huş psihiki hadysalaryň bütewilikde hem yzygiderlikde geçmegini üpjün edýär. I.M.Seçenow huşy psihiki ösüşiň esasy diregi hasaplapdyr.

Huşuň amala aşyrylyş usullary:görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş, tene degiş, emosional we hereket .

**Dismneziýalar**

Ýatda saklamanyň bozulmalary möçber boýunça bozulmalara (dismneziýalara) we hil boýunça bozulmalara (paramneziýalara) bölünýär.

**Amneziýalar** - ýada salyp bilmekligiň düýbünden ýoklugy. Amneziýanyň birnäçe görnüşi bolýar:

1.**Retrograd** – bu adamda kesel başlamazdan ozalky ömrüne degişli zatlaryň ýatdan çykarylmagydyr.

2.**Fiksasion amneziýa** – bu uzak möhletli huşuň bozulyp, gysga möhletlisini näsagyň azda-kände saklap bilmagidir.

3.**Anterograd amneziýa** – kesel başlanyndan soňky döwürdäki wakalaryň doly ýatdan çykmagy.

4.**Anteroretrograd amneziýa**

5. **Polimsest-**arak serhoşlygy döwründe hadysalaryň aýry-aýry bölekleriniň ýatdan çykarylmagy.

6.**Funksional ýa-da isterik amneziýa**

7.**Gipomneziýa –** näsagyň durmuşynda bolup geçen wakalar dogry beýan edilýär, ýöne jikme-jik we anyk seneleri beýan edilmeýär.

8.**Gipermneziýa** – mehaniki ýatkeşligiň wagtlaýyn ýitirilmegi.

## Paramneziýalar

Bu huş aldamalary bolup, hakykata çala laýyk getirilip, ýoýulan ýatlamalardyr.

1.**Konfabulýasiýalar** – huşuň boşaşan ýerlerini toslamalar bilen doldumak.

2.**Psewdoreminissensiýalar** – ozal bolup geçen wakalaryň wagtynyň çalşyrly bulaşdyrylmagy.

# II.BAP.
## Şizofreniýa

Şizofreniýa psihiki kesel hökmünde nemes psihiatory E.Krepelin tarapyndan öňe sürüldi. Ol bu kesele irki akly peslik diýip atlandyrypdyr. Emma E.Bleýler bolsa bu kesele kemakyllylyk däl-de, psihikanyň bozulmagy bilen baglanyşykly bolýanlygy üçin oňa şizofreniýa diýmekligi teklip etdi.

**Etiologiýasy:**etiologiýasy we patogenezi doly belli däl.ýöne şizofreniýa keseliniň köplenç nesil yzarlaýandygy anyklanyldy. Eger çagalaryň ene-atasynyň 2-si hem bu kesel bilen kesellän bolsa, onda çaganyň hem bu kesel bilen kesellemeginiň ähtimallygy 4 esse köpdür.

Patomorfologiki gözegçilikde şizofreniýaly näsaglaryň kelle benisinde atrofiki üýtgeşmeleriň şeýle hem nerw öýjüklerinde we nerw süýümlerinde hem üýtgeşikleriň bolýanlygy bellenilýär. Esasan-da atrofiýa görnüşli üýtgeşme kelle beýnisiniň uly ýarym şarlarynda bolýar. Ol ýeri kiçelen ýagdaýda bolup, ýag görnüşli zatlaryň toplanmagy mümkin (lipofussina).

Nerw dokumalarynyň üýtgemegi bilen bir hatarda adam bedeninde umumy intoksikasiýa we merkezi nerw ulgamynyň (MNU) gipoksiýasy ýüze çykýar. Şizofreniýanyň esasy alamatlarynyň biri hem näsagyň psihikasynyň bozulmagy, autizm we aňyň ýitmegidir.

Autizm – bu keselliniň daşky sreda bilen arasynyň üýtgemegidir. Autizmli näsaglar hiç zat bilen gyzyklanmaýarlar, olaryň öz içki dünýäsi bolýar. Olar bilen gepleşmek kyn, olar kän gürleşmeýärler.

Şizofreniýanyň esasy 4 görnüşi bar:

**1.Ýönekeý görnüşi-**ýetginjeklerde duş gelip,psihopatiýa meňzeş bolup**,** ýuwaş-ýuwaşdan ösýär. Bu görnüşde näsagda gallýusinasiýa, samrama ýaly alamatlar bolmaýar, olar wagtyň geçmegi bilen daşky sreda bilen arasyny kesýärler. Olaryň adamlar bilen aragatnaşyklary, ene-atalary bilen hem aralary üýtgäp başlaýar, birahat bolýar.

**2. Gebefreniki görnüşi.** Bu görnüş jyns taýdan ýetişilen döwri başlanýar. Bularda öz-özünden samrama, agressiw ýagdaý, gaharjaňlyk, öz egin-eşiklerini ýyrtmak ýüze çykýar. Gebefreniki görnüşinde psihikanyň gödek üýtgemeleri emele gelýär. Seret S.№2

**3. Katatoniki görnüşi** – munda birden näsagda katatoniki göçgünlilik ýa-da katatoniki stupor ýüze çykýar. Bu näsag geplemeýär (mutizm) işdäsizlik bolýar.

Katatoniki stuporda näsagyň aňy aýdyň bolýar, eşidişi hem gowy bolýar. Şol sebäpli hem medisina işgäri onuň keseline degişli ters sözleri sözlemeli däldir. Bu kesel ýeňillik bilen bejerilýär. Surat №4 we surat №6 seret.

**4. Paranoid görnüşi** – köp duşýan görnüş bolup, ol esasan hem ýaşy 20-30-dan geçende köp duşýar. Munda öz-özünden müňkürlik we gallýusinasiýa bolýar.

Ondan başga-da klassifikasiýasy boýunça şizofreniýanyň geçişi: rekkurent, üznüksiz geçýän, tutgaýly görnüşleri bardyr.

Bejergisi: Şizofreniýaly näsaglary bejermekde: neýroleptikler, antidepressantlar, trankwilizatorlar, psihostimulýatorlar, nootroplar ulanylýar. Häzirki wagtda näsagyň umumy ýagdaýy, keseliň geçişi we kliniki alamatlary göz öňünde tutulyp derman serişdeleriniň mukdary we bejerginiň dowamlylygy kesgitlenilýär. Esasy bejergi gutarandan soň keseliň beterleşmesiniň öňüni almak we remissiýasyny berkitmek üçin näsaglara şol derman serişdesiniň az mukdary goldaýjy bejergi hökmünde berilýär. Edil esasy bejergidäki ýaly goldaýjy bejergide hem ganyň we peşewiň düzümi gözegçilikde saklanýar. Näsagyň ýagdaýy oňatlaşdygyça dermanyň mukdary azaldylýar, erbetleşse bolsa dermanyň mukdary köpeldilýär.

Neýroleptiklerden: aminazin 200-300 mg, triftazin 5-15 mg, galoperidol 5-15 mg mukdarda ulanylýar. Dermanlar gerdejik görnüşinde bellenilende bolsa şepagat uýalary olaryň içilişini gözegçiikde saklamaly. Näsag hassahanadan çykandan soň hem bellenilen mukdarda dermanlary aýlap-ýyllap lukmanyň gözegçiliginde içmelidirler.

# III.BAP.
## Epilepsiýa

Epilepsiýa dowamly nerw psihiki kesel bolup, garaşylmadyk ýerden tutgaýyň tutmagy we häsiýetiň üýtgemegi, ýadyň peselmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Etiologiýasy: Çaga dogulan wagtyndaky we düwünçek döwründe kelle beýniniň şikeslenmesi sebäpli ýüze çykýar. Madda çalşygynyň bozulmasy kelle beýniniň gipoksiýasyna we aralyk maddalaryň kelle beýnide toplanmagyna getirýär. Bu bolsa epileptiki tutgaýyň tutmagyna sebäp bolýar. Kesel köplenç çagalyk we ýetginjelik ýaşda başlaýar.Infeksiýa, intoksikasiýa, kelle beýniniň şikesleri keseliň döremegine sebäp bolýar.Ýaşuly adamlarda tutgaýyň tutmaklygy serebral ateroskleroz, gipertoniýa keseli, kelle beýniniň dömme çişleri sebäpli döreýär. Tutgaýdan öň auro ýüze çykýar. Bu gysga wagtlyk aňyň bulaşmagy, duýujylygyň bozulmagy. Aura birnäçe görnüşde bolýar:

- görüş (görüş gallýusinasiýasy);
- eşidiş (eşidiş gallýusinasiýasy);
- ys alyş (ys alyş gallýusinasiýasy);
- wisseral (aşgazanda, içegelerde agyry duýmak).

Auranyň dowamlylygy örän gysga bolup ,birnaçe sekunda çekýär, näsag söýenip oturyp ýetişmeýär.Auradan soň tutgaýyň toniki döwri başlaýar. Ol 10-30 sekunt dowam edýär. Näsag doly aňyny ýitirýär, elleriniň, aýaklarynyň we tutuş bedeniniň myşsalary toniki ýygrylýar. Dem alyş ýollarynyň myşsalarynyň spazmy sebäpli näsag gaty ses çykarýar. Soňra kloniki döwri başlaýar.Bu döwürde bedeniň ähli myşsalarynyň ritmiki ýygralmasy bolýar. Näsag dilini we çekgäniň iç tarapyny dişleýänligi üçin onuň agzyndan ganjymak köpürjik çykýar. Köplenç näsag özüni bilmesizden peşewlenýär we uly täret edýär. Tutgaý 2-3 minuda çenli çekýär. Soňra ýüzüniň derisi gögerýär. Göreji ýagtylyga gyjyndyryjy reaksiýa bermeýär. Tutgaýdan soň näsagda gysga wagtlaýyn amneziýa bolýar .**Seret surat №1.**

Epileptiki tutgaý biri-biriniň yzyndan çalt gaýtalansa oňa epileptiki status diýilýär. Kiçi tutgaýlar gysga wagt (1-2 sekunt) dowam edýär we myşsalaryň ýygrylmasy bolmaýar.Näsagyň demi tutulyp, reňki gögerýär,kirpikleri gymyldaman gözi

yza agdarylýar,göreçleri giňelip, doňup galýar. Näsag ýykylmaýar, şu döwürde doňan ýaly bolup oturýar. Özüne gelen soň tutgaý sebäpli bölünen işini dowam edýär. Bu näsagda psihiki bosulmalar döreýär, özüne we daş-töweregindäki adamlar üçin howply bolýar.

Disforiýa ýagdaýda bolup, bu näsaglar her hili jenaýat etmäge ukyply bolýarlar. Aňy bozulmasy birnäçe minutdan birnäçe güne çenli çekip bilýär. Köplenç näsaglarda gorkunç eşidiş we görüş gallýusinasiýasy bolýar. Bu ýagdaýdan soň hem näsagda amneziýa bolýar.

Anyklanylyşy. Näsagda kelle beýni çişi, kelle beýni şikesi, serebral atreskleroz, neýroinfeksiýa ýokdugyny anyklamaly. Onuň üçin elektroensofalografiýa, kompýuter tomografiýasy, ýadernomagnit rezenans barlagy we reoensefalografiýa barlaglary geçirilýär.

Bejergisi. Berhiz: suwy we duzy çäklendirmeli, ýiti ajy iýmitlerden, spirtli içgilerden daşda bolmaly.

Medikamentoz bejergisi: fenobarbital (lýuminal) 0,025 – 0,1 gr, geksamidin 0,25 gr, benzonal 0,5 gr, finlepsin 0,6-0,8 gr glýuferal, difenin, depakin, antilepsin, blorakon we ş.mş derman serişdeleri ulanylýar.

Diuretiki serişdeler: diokarp, wiraşperon ulanylýar.

Näsag medikamentoz bejergisini ýyllaryň dowamynda almaly.

Epileptiki tutgaý wagtynda näsaga ilkinji kömek. Näsagy şikeslenmeden goramaly, kellesiniň aşagyna ýumşak ýassyk goýmaly. Elleriň, aýaklaryň şikeslenmesinden goramak üçin olary tutmaly, ýöne daňmak, gaty tutmak bolmaýar. Sebäbi süňkleriň döwülmegine, myşsalaryň we bogun baglaýjylarynyň süýnmegi mümkin. Eşiklerini ýeňletmeli, arassa howa geler ýaly şert döretmeli. Näsagyň dişleriniň arasyna rezin tegelek ýa-da matadan dokalan zatlary goýmaly. Dili damagyna gitmez ýaly dilini saklamaly. Tüýküligi dem alyş ýoluna gitmezligi üçin näsagy gapdala öwürmeli sülekeýni çykarmaly.

# IV.BAP.
# NEWROZ

**Newroz** – bu funksional ýagdaý bolup, ol dürli hili nerw prosessiniň deňagramlylygyň bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň ýygylygy 1000 adamdan 21-22 adam, psihiki kesellileriň 20-30%-ni tutýar. Uzak möhletli, aýlap-ýyllap dowam edýän we netijede nerwleri igledýän ýakymsyz emosional täsirler (işdäki we maşgaladaky oňşuksyzlyklar), durmuş kynçylyklary ,gaýgyly çykgynsyz yagdaýlar)bedeniň gujuryny gaçyryp , tapdan düşüriji içki we yokanç keseller , arakdan çilimden we şoňa meňzeş zatlardan zäherlenmeler uzagyndan nerwleri gowşadyp newrozlaryň döremegine itergi berýär. Newrozyň esasy 3 görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Newrasteniýa bu newrozlaryň arasynda iň giň ýaýranlarynyň biridir . Newrasteniýa grek sözi bolyp , ol nerw gowşaklygyny aňladýar ,köplenç holerik hem melanholik tipli adamlarda gabat gelýär . Bu newrozda asteniki sindrom bolýar. Bu näsaglar özlerini erbet duýmakdan, umumy ysgynsyzlyk, iş ýakmazlyk, kelle agyry we kämahal baş aýlanmaklyga arz edýärler. Olar gündizleri ukuçyl, gijeleri bolsa ukusyzlyk bolýar, ýatkeşligi wagtlaýynça peselmegi mümkin.Olaryň pikiri dagynyk bolup ,ünsüni jemlemesi ,ony belli bir tarapa gönikdirmesi kynlaşýar. Özüne zor salyp, pikirini jemlemekçi bolaýanda-da, ony ahyryna çenli ýetirmäge sabyr-takady ýetmeýär, özüne ýer-jaý tapman alňasaýar, rahatlanyp bilmän aýagy bişen ýaly zowzuldaýar.

Şonuň bilen birlikde, onda her hili ýakymsyz duýgular, agyrylar, ysgynsyzlyk, agraslyk peýda bolýar. Kellesi agyranda hamala onyň daşyndan halka bilen gysylýan ýaly bolup durýar. Ýüregi tarsyldap çalt urýar, garnynda agyry duýýar, aşgazanyna daş düşen ýaly bolup dykylyp durýar. Onuň işdäsi nahara başlamanka açyk ýaly bolsa-da, tagama agyz urubildigi işdäsi tutulyp, kemally zat iýip bilmeýär. Iýmiti kemterlik eden soň, ol horlanyp gurpdan düşýär, özüni ysgynsyz duýup, gözleri garaňkyrap başlaýar, gözleriniň öňünde gara tegmiller uçganaklap gaýmalaşýar. Beýle duýgular onda haýsy-

da bolsa bir kesel döredip biler diýen şübhelenme gorkysyny ýüze çykaryp, özüni howatyrlandyryp, bimaza bolýar. Ol saglygy gaýgyly pikir edip, ünjä gidýär, özüni ady belli hünärmenlere (spesialistlere) görkezjek bolmak, saglygyny düýpli barlatmak oňa uly alada bolýar. Bu zatlar bolsa onyň nerw sistemasyny öňküsinden-de beter gowşadyp halyny peseldýär, gorkusyny artdyrýar, ynamyny gaçyrýar. Gitdigiçe onuň sussy peselip tukat bolýar, keýpi gaçýar. Yssydyr sowuga-da, uzaga çekýän dartgynly işe-de newrasteniýaly keselli çydamsyz bolýar. Onuň ukusy hem ýüzleý bolup, wagty bilen uklap bilmeýär. Ýatanda rahat uklap bilmän, tisginip ýakymsyz düýşleri görüp basyrganýar. Şeýle bolansoň, ol irden turanda özüni ýadaw, endamy soka salnyp owulan ýaly agyry-ynjylar duýup, süňňi ýeňillik bilen däl-de, agraslyk bilen oýanýar. Öýlänräk welin ol özüni dürsäp, süňňi ýeňlän, ýagdaýy gowulaşan ýaly bolýar.

Erkeklik güýjüniň gowşamagynyň her hili görnüşleri hem bu keselde seýrek duşýan waka däl. Aýallarda köplenç halatda jyns işine bolan sowuklyk döräp, oňa bolan höwesi peselýär, onuň duýgurlygy kütelýär, şol sebäpli-de ol aýal maşgala mahsus bolan näzdir-kereşmäni taşlaýar, ýassykdaş ýoldaşyna sowuk-sala garap başlaýar, adamsyna bolan söýgini taşlaýar. Bu bolsa olaryň biri-birine düşünişmän, sözüniň azaşmagyna, aralaryna tow düşmegine sebäp bolýar.

Newrasteniýa wagtlaýyn kesel bolup, nerw sistemasyny gorjalap haraplap durýan ýakymsyz zatlar, psihiki trawmalar aýrylyp kesellini köşeşdirip rahatlandyrýan oňaýly şertler döredilse, ol bedende hiç hili yz galdyrman aýrylyp gidýär. Şonuň üçin-de newrasteniýaly kesellini sanatoriýalara, dynç alyş öýlerine ibermeklik ýa-da öý şertlerinde asuda ýagdaý döredilip, dem-dynç bermeklik, wagtlaýyn ýeňil işlere geçirmeklik, alada bilen gurşamaklyk keseliň aýrylmagy, adamyň sagalmagy üçin iň oňaýly serişdelerdir. Psihoterapiýa, gipnoz bilen täsir etmek hem newrasteniýany bejermekde giňden ulanylýan zatlardyr. Nerwleri köşeşdirmekde, ukyny düzetmekde, bedeni gurplandyrmakda dermanlar üstünlikli ulanylýar. Şeýle hem işi we dynç alşy kadalaşdyrmak, olary özwagtly we çalşykly tertipde geçirmek, irki bedenterbiýe maşklary berjaý etmek, wagtly-wagtynda naharlamak, arassa howada gezim etmek ýaly zatlar hem maslahat berilýär. Newrasteniýa 2 fazada geçýär: giper we giposteniki.

Gipersteniýa fazada (döwürde) gaharjaňly, oňşuksyzlyk gözgörtele bolsa, 2-njigiposteniýa fazada gowşaklyk, tapdan düşmeklik, biparhlyk gurşap alýar.

2. Bizar ediji newroz –näsagyň aňyny, huşuny haýsyhembolsa bir pikir (1 zady sanamak, ynamsyzlyk – gapyny ýapdymmykam, ýapmadymmykam, gorky – ýuwun – ýuwun we ş.m.)gurşap alyp, dynjak bolsa-da gaýtalanyp durýar,bimaza edýär. Olar hemişe gorky duýgusy bilen ýaşaýarlar. Bu newroz döränd kesellide bizar ediji pikirler, sebäpsiz gorkular, meýilsiz hereketler we islegler, her hili şübhelenmeler peýda bolýar. Keselli ol pikirleriň, gorkularyň we hereketleriň essazsyzdygyna, nädogrudygyna gowy düşünse-de, olardan asla dynyp bilenok. Sebäbi olar diýseň güýçli bildirip, onuň aň-düşünjesini durşy bilen gaplap alýar-da, kesellini özüne tabyn edýär. Bu kesel ilki döränd newrasteniýa ýaly başlansa-da, munda hälki bizar ediji ýagdaýlar has äşgär bildirýän alamat ornunda öňe saýlanýarlar. Keselli düwnük we başga bejerip bolmajak her hili agyr dertlere ýolugaýjak ýaly gorkup ýör. Ol gorky ony asla ugruna goýman "döräýjek" keseliň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri görmäge mejbur edip, ony bir ýerde arkaýyn oturtman, irginsiz serpedýär. Mysal üçin bir keselli ýokanç kesellere ýolukmakdan ätiýaç edip, köpçülikleýin ulaglara münmäge gorkup gezipdir, köpçilige barman, myhmançylyga gitmän, öýüne adam çagyrman oňupdyr. Iş ýerinde bolsa gapylaryň tutawajyny diňe daşyna kagyz orandan soň tutýan eken. Kesellileriň käbiri bolsa içine hapa zatlar gidäýmesin diýip, irginsizlik bilen ellerini sabynlap ýuwup durýar, gap-gaçlaryny häli-şindi çaýkaýar. Kesellileriň birnäçesi bolsa köçe çatrygyndan geçmekden, belentlige çykmakdan gorkup, olar ýaly ýerden geçmezden ozal yrym edip, aýaklaryny ýere kakmak, duran ýerinde aýlanmak, dürli hili sözleri samramak ýaly hereketler bilen özlerini köşeşdirýär.

Bu newroz köplenç halatda nerwi gowşak tiplilerde döreýär. Bedeni gowşadyjy keseller, agyr işler, ukusyzlyk, aç-suwsuz gezmek we gaýgy-hasratlar bu keseliň döremegini has-da ýeňilleşdirýär.

Bejergisi: nerwleri gyjyndyryp, hemişe bimaza edip duran psihiki şikesiň täsiri kesilmese bu kesel uzaga çekýär. Umumy bedeni berkidiji terapiýa, fizioterapiýa, witaminoterapiýa ulanmaklyk bejergide uly ähmiýetlidir. Nootrop dermanlar (nootropil,

aminalon) az mukdarda sonopaks, teralen, ýa-da neýroleptikler (aminazin, neuleptil) ýa-da trankwilizatorlar (fenazepam) örän köp psihologiki alamatlary aýyrmaga kömek edýär.

3. Kakyn (isteriýa) newrozy erkek adamlara seredende aýallarda köp duşýar. Şu sebäpli-de munuň döremegini aýallaryň ýatgysy bilen baglanyşdyryp, oňa isteriýa (grekçe “histera” – “ýatgy”) diýip at dakypdyrlar. Bu düşünje düýbünden nädogrudyr. Sebäbi isteriýa içki synanyň däl-de, beýniniň keseli bolup, erkek adamlarda-da, aýallarda-da hat-da çagalarda hem bolup biler. Bu kesel köplenç daşky sredanyň täsirinde nerwisi gowşak, sadadan ynanjaň adamlarda döreýär. Töweregindäkileriň ünsini özüne çekip özi hakda adamlarda bir täsir galdyrmak, olaryň halaýan zatlarynyň biri bolýar. Şonuň üçin hem olar ýalançylyga, jögülige hat-da öz tenine şikes ýetirmekden hem gaýtmaýar. Ownuk-uşak zatlary ulaldyp ýerliksiz galmagal turuzýar, şerraýlyga ýüz urýar. Olaryň pikirlenişi ýüzleý hem gapma-garşylykly bolýar. Şu aýratynlygyň bulary gipnoz, psihoterapiýa bilen bejermekdäki ähmiýeti diýseň ulydyr. Bu näsaglarda tutgaý ýagdaýlary ýüze çykýar. Bu tutgaý haçanda näsag bir zada gahary gelse, stres, psihiki dartgynlylyklar, otrisatel emosiýalarda ýüze çykýar.

Epileptiki tutgaýdan tapawutlylykda isteriki tutgaý birnäçe sagada çenli hem dowam edip bilýär we ol diňe adamlar bar mahaly ýüze çykýar. Newrozyň bu görnüşinde isteriki körlük we kerlik bolmagy mümkin, isteriki parez we paraliçlerde myşsalaryň tonusy üýtgemeýär, deriniň duýujylygy bozulýar.

Garaguşagyrynyň tutgaýy 1-2 minut dowam edýän bolsa, kakynlynyň tutgaýy birnäçe sagada çenli dowam edip bilýär. Myşsalaryň ýygrylmagy belli tertipde, yzygiderlilikde geçmeýär. Keselliler bihuş bolup özünden gitmek, görmek, eşitmek, ys almak, agyryny duýmak ýaly duýgurlykdan, göreçleriň ýagtylyga bolan reaksiýasyndan mahrum bolmaýar. Huşy ýerinde bolansoň, hat-da tutgaýy tutup durkada oňa söz bilen täsir etmek, şeýdibem tutgaýyny kesdirmek mümkin bolýar. Şeýle hem kakynlylarda her hili hereket bozulmalarynyň funksional görnüşleri, elleriniň-aýaklarynyň ýa-da ýarty göwresiniň ysmazlygy, ýöräp bilmezligi, bogunlarynyň ysmazlygy, wagtlaýyn sakynmak we gürläp bilman,lal,ker, kör bolan ýaly bolmak, ýüregi çalt urmak, derlemek,

iç geçmek, gaýtarmak, üsgürmek, peşewi kesilmek, dem gysmak ýaly zatlar hem bolýar. Tolgunanda bolsa bokurdagy gysylyp, damagy dolýar.

Bejergi: kompleks bejergi geçirilýär. Näsagyň dynç alyşyna, iýmitlenişine uly üns berilmeli. Olara trankwilizatorlary (seduksen, elenium), witaminoterapiýa, esasan hem witamin B, fizioterapiýa çäreleri geçirilýär.Esasan psihoterapiýa ulanylýar,birnäçe ýagdaýga sonapaks, neuliptil ýaly derman serişdeleri hödürlenilýär.

## Reaktiw psihozlar

Güýçli psihiki şikesiň täsirinde reaktiw psihozy döreýär. Ýer titremesi, sil gelmegi, suw joşmagy ýaly tebigy betbagtçylyklar bolanda, uly ýangynlar dörände, ýakyn adamyň aradan çykanlygy barada ajy habarlar eşidilende, adamyň üstüne birden ölüm howpy abananda aýratyn nerwi gowşak tiplilerde reaktiw psihozlary döreýär. Reaktiw psihozlaryň ýiti görnüşi we uzaga çekýän görnüşleri bar. Ýiti görnüşine ýiti şok reaksiýasy diýilýär. Onuň psihomotor göçgünliligi, hereketden keselip doňup galmak hem-de patalogik affekt diýilýän görnüşleri bolýar.

**Psihomotor göçgünlikli ýagdaý** birnäçe sagatlap ýa-da uzakly gün dowam edýär. Näsag güýçli herekete gelýär, alňasaýar, urunýar, hiç bir manysyz belli bir tarapa ugrukdyrylmadyk tertipsiz hereketleri edýär. Bir zatdan gorkýan ýaly bolup gaçýar. Hat-da diwara dyrmaşýar, özüne gelenden soň bolup geçen zatlary ýatlap bilmeýär.

**Hereketden keselip doňup galmagyň reaktiw ýagdaýy** dörände keselli stuporda bolup, hereketden galýar, iýmek-içmekden kesilýär, hat-da gürleşmesini hem goýýar. Daş-töweregindäki wakalara akyl ýetirip bilmeýär. Bolup geçen zatlar bu ýagdaýda hem ýatda galmaýar.

.

**Uzaga çekýän reaktiw ýagdaýlar** bu keseliň çalt-çaltdan duşýanlaryndandyr. Psihogen şikes öz ýaramaz täsirini üznüksiz ýetirip duranda psihogen depressiýasy, psihogen paranoidi hem-de aň-düşünjäniň psihogen daralmagy (Ganzeriň sindromy).

**Psihogen depressiýasy** bolanda keselli hereketden kesilip, gaýgyly halatda tukatlyga ýüz urýar. Soraglara haýal, basyp ses bilen jogap berýär, daş-töwerekde bolan

zatlar bilen gyzyklanmaýar. Wagtynyň köpüsini düşekde ýatyp geçirýär. Eger näsagda içki ýokanç keseller bar bolsa onuň ýagdaýy has agyrlaşyp, keselden gutuljagyna ynamy gaçýar.Depressiýa ýagdaýdaky näsag öz-özüni heläklemäge synanyşýar. Şonuň üçin näsag bu ýagdaýdan çykýança näsagy gözegçilikden aýyrmaly däl.

**Psihogen paranoidi** adam köp işläp ýadanda, ukudan galanda,psihika şikes ýetende, spirtli içgiler içip zäherlenende uzaklaýyn bolan somatiki we ýokanç kesellerden ezýet çekende has aňsat döräp bilýär. Keseliň uzaklygy birnäçe sagatdan 2-3 aýa çenli dowam edip bilýär. Keselliniň göwnüne özi ýanalýan, yzarlanylýan, ýaramaz göz bilen garalýan ýaly bolup duýulýar. Onuň kalbyny gorky gaplap alýar. Aýratynda ker adamlarda eşitmänsoň töweregindäkiler gürleşenlerinde olar özi barada gürrüň edip, onuň üstünden gülünýändir öýdüp, adamlara müňkürlik bildirýär.

**Ganzeriň alamaty** nerw ulgamy gowşak adamyň başyna agyr ýagdaýlar inende döräp, onuň aň düşünjesi daralýarda keselli özüe gaçybatalga edinýär. Bu adamlar özüne berilýän soraglara gabat gelmeýän nädogry jogaby berýär.

**Psewdodemensiýa** ýa-da kemakyllygy düýpli däl-de, wagtlaýyn bolan görnüşi bolanda keselli tentek ýaly bolup, eline alýan zatlaryna nirede we näme üçin ulanýandygyny aňşyrsada, olaryň ulanylyşyny ýalňyşýar. Ýönekeýje hasapdan hem baş çykaryp bilmeýär. Barmaklarynyň sanyny soranda barmaklaryny ýeke-ýeke basyp sanaýarda ýalňyş jogap berýär. Beýle ýagdaý kem-kemden çuňlaşanda puerilizm diýilýän görnüşe geçýär.

**Puerilizm** bolanda, keselliniň hereketleri ýaş çaganyňka meňzäp, ol inçejik ses bilen bazzyk-buzzuklap çala gepleýär, ol özünden has kiçilerede eje, kaka, aga, daýy diýip ýüzlenýär. Göwnünden turulmasa, çaga ýaly möňňürip aglaýar.

**Psihopatiýalar** nerw ulgamy dogabitdi kemçilikli bolan ýa-da ýaş wagtynda beýnisine şikes ýetenlerde 1-nji görnüşi döreýär.Ilkinji görnüşi ýaşlykda nädogry terbiýe alanlarda ýüze çykýar. Bularyň emele gelmeginde daşky gurşawyň, sosial faktorlaryň täsiri hem uly ähmiýete eýedir.

Çaga nädogry terbiýe berlende, pedagogiki kadalaryň kämilleşmeginde kemçilikler goýberilende hem şahsyýetiň gylyk-häsiýetinde görnetin aýratynlyklar bolup, belli derejede ony üýtgedip biler, ýöne her niçikde bolsa psihopatlar onuň

ýalylardan esli derejede tapawutlanyp, akyl-paýhasyň ýerindeligine garamazdan, durmuşda ugur tapmany başarman, kynçylyk çekip, özleri-de horlanýarlar, töweregindäkileride biçak köseýärler.

Psihopatlaryň bir topary juda gyzma bolup, ownuk zatlarada gaharlanýarlar, dawa-jenjele hakykat gözlemäge meýilli bolýarlar. Beýlekileri bolsa tersine çenden aşa utanjaň, ýygra bolup, köpçülikde aljyrap özlerini ýitirýärler. Aýratyn-da durmuşda duş gelýän şowsuzlyklarda özüni aýyplaýarlar. Nerw sistemasy gowşak şahsyýetiň gylyk-häsiýetindäki beýle üýtgeşiklikler oňa şikes uzak wagtlap täsir edende döreýär. Meselem, ýaş çagany yzygiderli urup-sögüp dursaň, ol gaharjaň, gödek hem zalym bolup ýetişýär. Maşgalada lälik saklanylýan çaga ulumsy, öwünjeň bolup, eden etdilige meýilli bolýar. Ol asla öz hereketlerinde kemçilik bardyr öýtmeýär.

Göçgünli psihopatlar sähelçe zada gaharlanýarlar. Olar gahary gelende oýlanyşykly hereket etmäge erki çatmaýar. Maşgalada dawalaşanda gap-gaçlary, mebelleri döwüşdirýär. Öz mümkinçiligini, güýç-kuwwatyny ölçermän edýän hereketleriniň soňuna göz ýetirmän hereket edýär. Özi üçin howply zatdan hem gaýtmaýar. Göwnüne degen adama gaýtawul bermese psihopat aňsat ynjalyp bilmeýär. Şeýle ýagdaýda öz bedenine ýara salýan mahallary hem bolýar. Köşeşenden soň etmişine puşman edýär. Aýbynyň üstüni ýapmaga, düzetmäge çalyşýar.

**Ýygra psihopatlar** gowşak nerw tiplilerden bolup, daşky gurşawy iňňän täsirli, örän ýiti kabul edýärler. Nerw ulgamy tiz ýadaýanlygy üçin, uzak wagtlaýyn dowam edýän dartgynly işe, aýratynda akyl zähmetine çydam edip bilmeýärler. Kesgitli karar gelinmeli wagty, aýgytly jogapkärli pursatlarda olar juda aljyraýarlar. Olaryň häsiýetinde howsala düşmek, şübhelenmek agdyklyk edýär. Şol sebäpli-de olar eden işine-de, öz-özüne-de ynam etmän elmydama öz hereketlerini barlap edim-gylymlaryny yzarlap ýöreýärler. Meselem, kassir bolup işleýän adam töläp, tabşyran pulynyň dogrulygyna şübhelenip kassada galan pullary öwran-öwran sanaýar. Emma näçe sanasa-da müňkürligi aýrylman, ol rahatlanyp bilmeýär. Olar utanjaň bolup, özlerine kembaha garaýar. Aýratynda psihoastenik görnüşlisi eden işlerinde aýdan sözünde nähilidir bir kemçilik goýberendirin öýdüp, öz –özüne ynamy bolman, öz-özüni kemsidip, töweregindäkilerden goltgy gözlemäge, kömek soramaga mätäç bolýar. Şonuň

bilen birlikde oňa raýdaşlyk bildirip, duýgudaşlyk edilende bolsa, ol oňa ýaramaýar. Şol sebäpli-de olaryň göwünlerine töweregindäkiler üstünden gülýän, masgaralaýan ýaly bolup duýulýar. Köpçülikde özüni ýitirýär, çykyş etmekden boýun gaçyrýar, özüni hiç kime mynasyp görmän beýlekileri özünden artyk saýyp, oglanlar öýlenip, gyzlar durmuşa çykyp bilmän ömrüni ýekelikde geçirýär. Birnäçeleri bolsa gerekli bolmasa-da öňünden çykýan zatlary, maşynlaryň belli-belli reňklilerini, agaçlaryň aýry-aýry tohumlaryny sanaýarlar. Şol hereketleriň artykmaçlygyna düşünselerem ony asla goýup bilenoklar.

**Kakynly psihopatlaryň** gylyk-häsiýeti üýtgäp, çalşyp durýar. Olaryň emosional duýgurlygy ýitileşen bolansoň, töwerekdäki bolup geçýän hadysalar aň-düşünjesine güýçli täsir edip, onuň özüne alyp barşyna gylyk-häsiýetiniň üýtgäp durmagyna sebäp bolýar. Olaryň degerli isleglериniň biri bolup, öňe saýlanýan esasy zat, şöhratly, meşhur adamyň ornuny tutmaga bolan hakykata laýyk däl islegdir. Şeýle niýeti durmuşa geçirjek bolup töweregindäkileriň ünsüni özüne çekjek bolup, ol owadan-owadan gürlemekdenem, boş wadalary bermekdenem, ýalan sözlemekden hem, öwünmekden, gorkuzmaga synanyp haýbat atmakdanam, gerek ýerinde ejizläp aglap-eňremekdenem, dyza çökmekdenem üýtgeşik lybasa girmekdenem gaýtmaýar. Amatlydyr öýdende kimedir bolsa birine ýallaklap, oňa jany-teni bilen berlendigini bildirip, tä gözi ýumulýança diňe şoňa wepaly boljakdygyny nygtaýar. Ýagdaý üýtgände bolsa ikiýüzlülik edip, öz sözlerinden dänýär. Olaryň aň-düşünjesi kämilleşmedik, ýeňil pikirlenişi ýüzleý bolup, çaganyňka meňzeýär. Bularda-da wagtlaýyn gepläp bilmezlik, kerlik, körlük, eliň-aýagyň ysmazlygy we ş.m. ýaly funksional bozulyşyklarada gabat gelýär.

Psihopatlaryň hal-ýagdaýy göz görtele üýtgäp agyrlaşmasa olar medisina kömegine mätäç bolmaýarlar. Şol sebäpli-de olar özlerini ýaramaz alyp baryp, hetden aşyberseler, köplenç tertibe çagyrmaklyk olary düzetmäge ýeterlik bolýar. Ýöne welin saglygy üýtgäp, ýagdaýy agyrlaşyp, dekompensasiýa diýilýän ýagdaýa ýetende welin, olary keselhana ýerleşdirip, neýroleptikler, trankwilizatorlar, psihostimulýatorlar bilen bejermeklik zerurdyr.

Öňüni alyş çäreler arkaly psihogeniýalaryň öňüni almakda nesliň sagdyn bolmagyny gazanmak, ýaş çagany her hili kesellerden, fiziki hem psihiki trawmalardan gorap saklamak, ýaş ösdürimlere dogry edep-terbiýe bermek ýaly ähmiýete eýedir.

## V.BAP.
## SENIL WE PRESENIL ÝAŞDAKY PSIHOZ

Senil we presenil ýaşdaky psihoz organizmiň garramagy – psihikanyň üýtgemegi bilen bolup geçýän prosesdir. Ýaşy has gartaşan adamlar köp keselleýärler, olarda keseliň ýeňil görnüşleri hem has agyr bolup geçýär.

**Gartaşan kemakyllylyk** – kelle beýnisiniň uly ýarym şarlarynyň gabygynyň (esasanam maňlaý bölüminde)atrofiki bozulmagy netijesinde ýüze çykýar. Bu kesel ýaşy gartaşan psihiki näsaglaryň 12-25 % tutýar. Bu kesel bilen köpräk hem aýallar keselleýärler.

Bu kesel esasan 65 ýaşdan soň ýüze çykyp bilýar we bularda egosentrizm, öz ýakynlaryna biperwaýlyk, öz diýenlilik we moral taýdan gödeklik, ýatkeşligiň, ünsüň bozulmagy netijesinde aklyň peselmegi

Kelle beýniniň atrofirlenmegine ýene-de Alsgeýmeriň we Pikiň keseli degişlidir.

**Alsgeýmeriň keseli** – bu gartaşan kemakyllylygyň atipiki görnüşi. Ol esasan hem 55-den ýokardaky adamlarda duşmagy mümkin. Bu keseliň esasy alamaty: sözleýşiň bozulmagy, kabul edilişiň ýoýulmagy we işe ukyplylygyň peselmegi. Bulara barlag geçirilende olaryň çekge depe kelle bölümlerinde edil gartaşan kemakyllylykdaky üýtgeşmeler tapylýar. Bu näsaglara sözleýşiň bozulmagy häsiýetli bolup, amnestiki afaziýa soňra bolsa sensor we motor afaziýalar ýüze çykýar. Okamak, hasaplamak we hat ýazmak bozulýar.

**Pikiň keseli** – bu kesel esasan 45-50 ýaşdaky adamlarda duşýar. Bularda kemakyllylyk tiz ösýär we olar bir sözi kynlyk bilen birnäçe gezek yzygiderli gaýtalaýarlar – gramafon plastinkanyň simptomy. Pikiň keselinde köplenç näsaglaryň

maňlaý we çekge bölümlerinde üýtgeşiklikler bolýar. Mikroskopiki barlagda kelle beýnisiniň uly ýarym şarynyň öýjükleriniň atrofirlenendigini görse bolýar.

Bejergi – bu näsaglara simtomatiki we umumy bedeni gurplandyryjy bejergi berilýär. Bu näsaglara gowy garaşyk edilmelidir. Sebäbi olar özlerine garaşyk etmek ýagdaýda bolmaýarlar.

## Gan-damar psihozy

**Damar psihozy** – psihonewrologik dispanserinde gözegçilikde duran garry kesellileriň ¼-de duşýar. Bu keseliň esasy faktory kelle beýnisiniň damarlarynyň bozulmagy bilen (serebral ateroskleroz, gipertoniýa) häsiýetlendirilýär.

Bu keseliň esasy alamaty – asteniýa, ysgynsyzlyk, iş ýakmazlyk, ukusyzlyk we köp aglamaklyk. Olar sähel zada kämahal sebäpsiz aglaýarlar, ýatkeşligi peselýär. Damar psihozy asteniýa alamaty bilen uzak dowam etse, onda näsaglarda lakunar kemakyllylyk ýüze çykýar. Ýadyň peselmegi ilki döredijiligiň peselmegi, soňra ýatlamagyň gowşamagy görnüşinde gidýär. Bu bolsa kelle beýnide hemişelik geçýän organiki üýtgeşme bardygyny aňladýar. Damar psihozlarynda köp dürli psihiki bozulmalar, ýagny depresiýalar, galýusinasiýalar, paranoidler, deliri, sumerki, demensiýa ýaly alamatlar ýüze çykýar. Kemakyllyk hadysasy barha möwjeýär.

Bejergi – bu näsaglara antisklerotiki we kelle beýni gan aýlanyşygyny gowulaşdyrýan dermanlar bellenilýär: linitol, stugeron, miksleron, prodektin, komplamin.

Kelle beýni madda çalşygyny gowulaşdyrmak üçin – aminolon, pirasetam, witaminoterapiýasy geçirilýär.

Trankwilizatorlardan – seduksen, tazepam, fenozepam. Eger bular gowy effekt bermese, az mukdarda neýroleptiklerden –galoperidol ,hlorproteksin, sonopaks, karbomezapin berilýär.

Ýaşuly adamlaryň bedeninde witamin ýetmezçiligi bolýar. Şonuň üçin witaminoterapiýa geçirilýär.

Inwolýusion psihozlaryň iki hili görnüşinde durup geçeliň. Köplenç olar depressiw we paranoid görnüşinde bolýar.

**Inwolýusion depressiýasy (melanholiýa)** – psihiki şikesden soň ýüze çykmagy mümkin. Bu keselde näsaglarda olary goňşulary yzarlap, ýaşamaga gün bermeýän ýaly bolup duýulýar. Inwolýusion depresiýa maniakal depressiw psihozyň depressiw döwründen tapawutlanyp gorkynyň, howsalanyň, çuňňur ýüze çykmagy we monopolýarlygy (maniakal hadysalaryň ýüze çykmazlygy) bilen tapawutlanýar. Depressiýada näsaglarda öz-özüňi günäkärlemek we ipohondriki bred (samrama) ýüze çykýar. Meselem näsag öz aşgazanynda birnäçe tonna iýmit önümleriniň barlygyny aýdýar. Paranoidde näsaglarda köplenç bred (samrama) ýagny, onuň hususy zadyny kimdir biriniň ogurlamagyndan, zaýalamagyndan gorkmaklyk, kimdir biriniň özüni zäherlenmeginden gorkmaklyk ýaly duýgular bolýar.

Bejergi: edil beýleki psihozlar ýaly bularda hem psihotrop dermanlar ulanylýar (triftazin, galaperidol). Az dozada antidepresantlar: melipromin 0,025 – 0,05g, amitriptilin 0,05-0,075 gr 1 gije-gündiziň dowamynda. Näsaglaryň ABG ölçäp durmaly, bagryň funksiýasyna gözegçilik etmeli. Näsaglaryň kollapsa düşmeginiň öňüni almaly.

# VI.BAP.
# OLIGOFRENIÝA KESELI

**Oligofreniýa (dogabitdi kemakyllyk)** – psihikanyň dikeldilmesi kyn bolan, durnukly, birinji nobatda, akyl taýdan doly ösüp ýetişmedik derejesidir. Bu dogabitdi ýa-da üç ýaşa çenli döwürde organiki patologiýanyň beýnini zeperlemesi bilen baglanyşyly ýagdaýdyr. Akyl ýetmezçiligi bilen bir hatarda, ol hemişe emosional-erkiň, sözleýşiň, motorikanyň we şahsyň tutuş durkunyň ýetmezçilikli ösmegi bilen häsiýetlenýär.

Psihiki ösüşdäki wagtlaýyn togtaýyşlar psiho-fiziki infantilizmiň, çaganyň gowşak bolup dogulmasynyň, gowşak doglan çyrçykly çaganyň yzygiderli iglediji kesellere ýolukmagy netijesinde ýüze çykyp biler şeýlede  gözi şowaraklaryň we gulagy agyrraklaryň sözleýşindäki ösüşiň bozulmalarynyň netijesinde hem ýüze çykyp biler.Oňly ylym-bilim berilmäninde, haýsy hem bolsa bir sebäpden asteniýanyň uzaga çekmeginde-de kemakyllygyň ýeňil görnüşi ýüze çykyp biler. Bu wagtlaýyn togtaýyşlar lukmançylyk-pedagogiki kömegiň berilmegi netijesinde aradan aýrylyp, olaryň akyl taýdan yza galaklygy akyly kadaly ýagdaýdaky aamlara garanda biraz pesräk derejede saklanylyp bilner.

**Debillik** – ýeňil görnüşli akyl kemterligi bolup, ilkinji nobatda abstrakt-logiki oýlanma zeper ýetirilýär. Ýöne oňa garamazdan, anyk-şekillendirişli oýlanma abat ýagdaýda saklanyp galýar. Debillikde duýuş arkaly akyl ýetirmekden rasional akyl ýetirilmeklige geçmek, anyk, çürt-kesik gürrüňdeşlikden abstrakt gürrüňdeşlige geçmek kynlaşýar. Gürrüňdeşligiň çylşyrymly görnüşleri: analiz we sintez toparlara bölmek, deňeşdirmek ýaly akyl-paýhasy talap edýän işler alnyp barylmaýar. Akyla mahsus bolan alamatlar we hil doly derejede ösüp ýetişmeýär, ýagny akylyň – gözýetimiň giňligi, çuňlugy, özbaşdaklygy, delillendirilişi, logikligi, çeýeligi, tankydylygy ýok diýen ýaly bolýar.Debillikde ünsüň kanagatlanarly we mehaniki ýatkeşligiň ýitirilmän saklanyp galan ýagdaýynda näsagyň ýeterlik derejede bilim-düşünje toplamak, okamak, ýazmak, hasaplamak ukyplaryny öwrenmegi, haýsydyr bir ýönekeý iş hünärini edinmegi mümkindir.

**Imbesillik** – akyl kemterliginiň orta görnüşi bolup, näsaglaryň abstrakt oýlanma ukyplarynyň ýitirilmegi, çürt-kesik şekillendirişli oýlanmada bolsa kynçylyklaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Olarda logiki taýdan dogry pikir ýöretmek asla mümkin bolmaýar. Zatlaryň we hadysalaryň aratapawudyna düşünmeklik diňe çürt-kesik, açykdan aýdyň bolan şertlerde elýeterli bolýar. Oýlanmasy, pikir ýöretmesi juda çäkli, özbaşdaklykdan mahrum, elgarama ýagdaýda bolup, ýöredýän pikirleriniň köpüsi ýönekeý bolýar. Käbir ýagdaýlarda kanagatlanarly mehaniki huşuň duş gelýändigine garamazdan, akyly düzüjilere gödek zeper ýetirilýär. Dilden sözleýişde ýönekeý sadaja sözlemleri düzüp bilmek ukybynyň saklanýandygyna seretmezden, söz baýlygynyň gory juda çäkli bolýar. Sözleýşe agrammatizmler, sözleriň doly aýdylmazlygy ýaly kemterlikler häsiýetli bolýar. Awtomatizmleşdirilen emeller ukybynyň hem-de başarnygynyň azda-kände saklanmagynyň esasynda, zähmetiň ýönekeýje sada görnüşlerini öwrenip, öz-özüne seretme ukyplaryny alyp bilýär.

**Idiotiýa** – psihiki kemisligň agyr derejeli görnüşi bolup, düşünjeli oýlanmanyň ähli görnüşleriniň ýoklugy, görkezme esbap hereket oýlanmasynyň azda-kände saklanmasy bilen häsiýetlenýär. Şunda boup geçýän zatlary reagirleşmäniň göwrümi azalyp, ol diňe fiziologiki talap edişiniň çäklerinde oňňut edýär. Duýujylyk saklanyp galýar, ýöne ünsüň güýçli bozulmagy we zerur bolan akyl operasiýalaryny (ölçerip-dökmek) geçirmek mümkinçiliginiň ýoklugy sebäpli, kabul ediş doly geçirilip bilinmeýär. Sözlemleri düzmek we aýdylýan sözlere düşünmek ukyby düýbünden bolmaýar.Hereketleri birmeňzeş gaýtalagan bolup, ýa-ha awtomatizmleşdirilen instinktiw hereketler bilen, ýa-da gyjyndyryjylaryň täsirine gaýtargy berme hökmündäki ýönekeý biologik ähmiýetli hereketler bilen çäklendirilen bolýar. Näsaglar aglaba ýalýagysy ýaly ýaşap, ideg edilmegine mätäç bolýarlar.

Akylyň ýokarda görkezilen ösüşden galma alamatlar toplumy dürli sebäplerden dörän kesellerde – genetiki patologiýada , perinatal patologiýada şeýle hem doglandan soňraky üç ýylyň dowamynda geçirilen meningitler, ensefalitler, zäherlenmeler, trawmalar ýaly çaganyň beýnisine zeper ýetirilmegi netijesinde dörän kesellerde duş gelýär. Bejergi ýok diýen ýalydyr. Ýöne pedagogiki täsir welin juda ähmiýetlidir

## VII.BAP.

## MANIAKAL – DEPRESSIW PSIHOZ (MDP)

**MDP** – bu endogen psihiki keseli bolup, ol affektiw psihozlara degişlidir.

Etiologiýasy: bu kesel esasan hem ýaş, ýetginjeklik döwründen başlanýar, erkeklere seredeniňde aýallar 2-3 esse köp keselleýärler. Organizmde madda çalşygynyň bozulmagy zerarly we nesilden-nesle geçmeklik bilen ýüze çykýar diýip çaklanylyar.

MDP-da 2 döwür (faza): depressiw we maniakal döwürleri bolýar.

Depressiw döwür (faza) – bu döwürde ( fazada) näsagyň ilkinji nobatda keýpiniň bolmazlygy. Bu näsaglar ýuwaş ses bilen gürleýärler, ýüzleri solgun bolup, ýüreginiň gysýanlygyna arz edýärler. Esasy alamatlaryň biri hem depressiw fazasynda näsaglar özlerini ähli dünýäniň zatlaryna günäli hasap edýärler we özlerini öldürmek isleýärler. Näsagy hiç hili hadysa ýagny, iň ýakymly täzelik hem şatlandyrmaýar. Depressiw näsaglaryň häsiýetli daşky görnüşi: gözleri gaýgyly, içine çöken, agzynyň burçlary aşak sallanan, ýüzi çytylan, hökgerip oturan bolýar. Öň bolan , häzirki wagtda bolýan we boljak hadysalaryň ählisini gaýgyly hasap edýär. Öňki goýberen ýalňyşlyklary üçin özüni agyr günäli hasap edip iýmitden, bejergiden, islendik kömekden boýun gaçyrýar. Olar üns berilmegine özüni mynasyp däl hasaplaýar. Depressiýada näsagyň pikirlenişi, gepleýşi haýallaýar. Olar az gepleýärler, soraglara kynlyk bilen jogap berýärler. Kä halatda näsaglar kellesinde agyrlyk duýýarlar. Olar öz ýakyn tanyşlaryny, öz öýüni, köçesini tanamaýarlar. özüne, eşigine seretmeýärler. Hiç hili hereketsiz düşeginden turman ýatýarlar. Özüne ynamsyz bolup, hiç bir çözgütli netijä gelip bilmeýärler. Maniakal deppessiw psihozda depressiýa köplenç ertirlerine güýçlenýär, agşam bolsa haýallaýar.

Kähalatlarda näsaglar özleriniň saçlaryny goparýarlar, eşiklerini ýyrtýarlar, özlerini urýarlar. Muňa melanholiki raptus diýilýär.

Maniakal döwür (faza) – depressiw fazada näsagyň hiç zada keýpi bolmasa, bu fazada bolsa tersine näsagyň keýpi örän ýokary bolýar, hereketjeň, uklasy gelmeýär we özlerini ýadaw duýmaýarlar. Olar kän we çalt gepleýärler. Seret surat №5 we surat №7.

MDP-niň alamatlary: bu näsaglarda esasan hem işdäsizlik, iç gatama, agramynyň azalmagy, tahikardiýa, aýallarda aýbaşynyň bozulmagy ýaly alamatlar bolup geçýär.

Näsaglar elmydama ýylgyrýarlar we gülýärler, özünden we daş-töweregindäki adamlardan göwni hoş bolýar. Daş-töweregi şadyýanlykda duýulýar. Olaryň bu ýagdaýyny hiç zat bozup bilmeýär. Öz ukybyny we mümkinçiligini aşa ýokary bahalandyrýar. Özüni uly wezipeli adamlara, tanymal medeniýet işgärlerine meňzedýärler we özüni şolaryň atlary bilen atlandyrýarlar. Özüniň adatdan daşary keýpini daşky keşbi bilen şekillendirýärler. Olar açyk reňkli eşikleri geýip, aşa köp şaý-sepleri dakynyp, aşa köp reňkleri çalynyp ýöreýärler. Näsaglar gaty sesli, köp gepleýärler. Pikirleri çalt-çaltdan üýtgeýär we bir pikiri gutarmanka başga bir pikiri öňe sürýär. Bir işiň başyna barsalar, ony çalt taşlap başga işe geçýärler. Olar nirede bolsalar-da şol ýerde tertipsizlik we galmagal döredýärler, ähli işe goşulýarlar hem-de görkezme berýärler. Işdäsi örän ýokarylygyna seretmezden näsaglar horlanýar.

Bejerilişi: depressiw döwrinde ( fazasynda ) antidepresantlar ulanylýar. Imizin – bir gije-gündiziň dowamynda 100-300mg, amitriptilin 150-300 mg çenli ulanylýar.

Maniakal döwründe (fazasynda) näsaglara neýroleptikler - galoperidol derman serişdesi ulanylýar. Kä halatda trankwilizatorlar (seduksen 2-4 ml damar içine) ulanylýar.

# VIII.BAP.
# ÝOKANÇ KESELLERDE PSIHIKI BOZULMALAR

Ýokanç kesellerde psihiki bozulmalar dürli hili bolýarlar. Bu ýokanç (infeksion) hadysanyň merkezi nerw ulgamyna täsirini aýratynlygy bilen kesgitlenilýär. Ýiti ýokanç kesselleriň netijesinde döreýän psihozlara simptomatiki diýilýär. Ýokanç (infeksion) keseldäki psihozlaryň esasynda dürli görnüşli psihopatalogiki hadysalar ýatýar. Aňyň bozulmagy, gallýusinoz, asteniki we Korsakowyň sindromy ýüze çykýar. Psihozlar aşaky görnüşlerde geçýärler:

1. Tranzitor psihoz: aňyň tutuksylanmagy, deliriý, amensiýa, epilepsiýadaky ýaly aňyň tutuksylanmagy, oneýroid.
2. Uzaga çeken görnüşi (prolongirlenen): gallýusinoz, gallýusinator – paranoid ýagdaýy, depressiw paranoid, maniakal ýagdaý, apatiki stupor, konfabulýasiýa
3. Merkezi nerw ulgamynyň organiki zeperlenmesinde gaýdymsyz psihiki bozulmalary: Korsakowyň sindromy, psihoorganiki sindrom.

Tranzitor psihozlar çalt düzelýär we hiç hili yz galdyrmaýar.

Ýokanç kesellerde merkezi nerw ulgamyna zeper ýetende deliriý köp duşýandyr . Bu aýratyn hem çagalarda we ýaş adamlarda duşýar. Deliriý merkezi nerw ulgamynyň ýagdaýyna näsagyň ýaşyna, infeksiýanyň görnüşine bagly bolýar. Deliriý ýagdaýynda näsagyň aňy bozulýar. Görüş gallýusinasiýasy we illýuziýasy, gorkmaklyk ýaly alamatlar bolýar. Agşamara deliriý güýçlenýär. Näsaglar ýangyn, ölüm-ýitim, jaýlaryň ýykylmagy ýaly zatlary görýärler. Gallýusinator bred ýüze çykyp dürli synalarda agyry duýýar, näsagda aýaklaryny, ellerini amputirleýän (aýrylýan) ýaly duýgy bolýar. Deliriý ýagdaýy birnäçe günden aýrylýar. Kä halatda deliriý wagtynda başdan geçiren hadysasy az-kem ýatda galýar. Agyr ýagdaýlarda bolsa aňyň çuň tutuksylanmagyna getirip, näsagyň ölümine sebäp bolýar.

Birnäçe ýokanç kesellerde infeksion (ýokanç) psihozy uzaga çekýän ýa-da dowamly görnüşe geçýär. Dowamly ýokanç kesellerde psihiki bozulma ilki başynda aňyň tutuksylanmasy bolmaýar. Bu kesel uzak wagtlaýyn asteniýa bilen gutarýar. Bu

näsaglarda depresiýa köplenç maniakal ýagdaý bilen çalşyp durýar. Kä halatda bolsa gallýutinasiýa, bred ýüze çykýar.

Gaýdymsyz psihiki bozulmalar bu keseliň esasynda kelle beýniniň organiki zeperlenmegi ýatýar. Bu umumy infeksiýalarda hem-de intrakranial infeksiýalarda döreýär. Malýariýada, örgünli garahassada psihiki bozulmalar has köp duşýar. Bu kesellerde aňyň bozulmagy ýuwaş-ýuwaşdan ýa-da örän çalt ýüze çykýar. daşyndan sagdyn görünýän adam birdenkä aňyny ýitirýär. Bu bolsa miokardyň infarkty ýa-da gün urma sebäpli bolandyr diýip çaklanýar. kä halatda bedeniň gyzgyny hem ýokarlanmaýar. Birnäçe sagatdan bolsa ölüme getirýär. Ýokanç keselleriň dürli alamatlary (gyzgynyň ýokarlanmagy, kelle agyry, ysgynsyzlyk, işdäniň peselmegi) komanyň öňisyrasy bolýar. Koma deliriýden soň ýa-da aňyň tutuksylanmasyndan soň ýüze çykýar. Kä halatda epileptiki tutgaýyň tutmagy we ýeňse myşsalaryň çekilmegi mümkin. Meningitlerde we ş.m. kesellerde göz myşsalarynyň paraliçleri, giperknezler, monoplegiýa, gemiplegiýa herekediň deňagramlylygynyň bozulmagy ýüze çykýar. Täjihoraz (skarlatina) keselinde ukyçyllyk, ysgynsyzlyk, keýpiň bozulmagy ýüze çykýar. Keseliň 3-4-nji gününde asteniýa aňyň tutuksylanmagy bilen ýüze çykýar. Näsaglar soraglaryň manysyna düşünmeýärler. Birnäçe wagtdan soň bir söz bilen jogap berýärler, çalt ýadaýarlar. Deliriý, oneýroid görnüşinde psihoz ýüze çykýar. Ertekiler görnüşinde gallýusinasiýa bolýar. Bu keselden soň asteniki bozulma çagalarda newrotiki reaksiýanyň döremegine getirýär. Kelle beýnisinde insofalit, meningitiň döremegine getirýär. Täjihoraz keselinde psihiki ýagdaý doly sagalma bilen gutarýar.

Bejergi: Ýokanç keselleriň psihozlarynda ilki bilen esasy keseli bejermeli. Sedatiw dermanlar(galoperidol, hlorproteksin), neýroleptikleriň az mukdaryny bermeli. Gaýdymsyz psihiki bozulmalarda nootrop dermanlar ulanylýar.

**Somatiki kesellerde we endokrin ulgamynyň kesellerinde psihiki bozulmalar**

Somatiki (içki) kesellerde psihiki bozulmalar keseliň geçişine, döwrüne bagly bolýar. köplenç newroza meňzeş bozulmalar ýüze çykýar. Keseliň ähli geçişinde asteniki sindrom ýüze çykýar. Näsaglar gaharjaň, aglak, gowşak, ysgynsyz, çalt ýadamadan, ukusynyň erbetliginden, bedeninde erbet duýgylaryň bardygyndan, kelle

agyrysyndan arz edýärler. Gaty sesler, saz, açyk ýagtylyk näsaglary gyjyndyrýar (giperesteziýa). Köplenç näsaglarda birahatlyk, howsala, gorky duýgusy ýüze çykýar. Dowamly geçýän somatiki kesellerde näsaglar gyjyndyryja gaharly jogap berýärler, ähli daşky gurşawdaky zatlara gaharly seredýärler. olar ynjyk bolup, özüne elmydam üns berilmegini isleýär. köplenç depressiw ýagdaýa düşýärler. Käbir näsaglarda agyr somatiki ýagdaýlarda disfariýa eýforiýa bilen çalşyp durýar. Ýürek-damar ulgamynyň kesellerinde keýpiň üýtgemegi ýüze çykýar, howsala, gorky alamatlary ýüze çykýar. Ýürekde hemişelik ýakymsyz duýgynyň bolmagy köplenç depressiýa getirýär.

Böwrek kesellerinde kelle agyry, baş aýlanma, umumy ysgynsyzlyk ýüze çykýar. Keseliň uzaga çekmeginde psihiki bozulmalar ýüze çykýar, bu bolsa agyr zäherlenme bilen gabat gelýär. Uremiýada uky bozulýar (gündizine ukyçyl we gijesine ukusyzlyk), gorkunç düýşleri görýär, epileptiki tutgaýa meňzeş tutgaýyň tutmagy, deliriýa, amintiw ýagdaýyň döremegi ýüze çykýar.

Bagyr sirrozynda psihiki bozulma sirrozyň görnüşine, dowamlylygyna, keseliň ýüze çykyş häsiýetine (assit, sarylama, aşgazan-içege gan akmasy) bagly bolýar. Köplenç asteniýa wegetatiw bozulmalar bilenýüze çykýar. Keseliň ilkinji döwründe ysgynsyzlyk, gaharjaňlyk, çalt ýadamaklyk, keýpiň peselmegi ýüze çykýar. Soňra wegetatiw bozulmalar tahikardiýa, köp derlemeklik, deri örtüginiň gyzarmagy ýüze çykýar, ukysy bozulýar, aýaklarynda we ellerinde paresteziýa bolýar, barmaklary titreýär, gijelerine derisi gijeýär. Näsagda gan akmadan gorky döreýär. Näsagyň ýagdaýy agyrlaşdygyça, adinamiýa (hereketsizlik), ukuçyllyk, daşky gurşawa perwaýsyzlyk ýüze çykýar. Ýady peselýär. Somatiki ýagdaýyň agyrlaşmagynda näsag koma düşmegi mümkin. Näsagyň häsiýetiniň üýtgemegi, müňkürlik, öýkeleklik, gaharjaňlyk ýüze çykýar.

Inçekeselde psihiki bozulmayň aýratynlygy keseliň agyrlygyna, dowamlylygyna bagly bolýar. Inçekeseliň infiltratiw döwründe fiziki asteniýa psihiki asteniýadan köp duşýar. Ysgynsyzlyk, çalt ýadamaklyk, ukuçyllyk, perwaýsyzlyk ýüze çykýar. Bu näsaglar emosional durnuksyz bolup, köplenç depressiýa ýagdaýyna düşýärler. Howsala we ölümden gorky apatiýa getirýär. Kä halatda näsaglarda eýforiýa bolup, gaharjaňlyk bilen ýerini çalyşýar. Bejerginiň täsiri gowy bolanda asteniýa çalt oňatlaşýar. Fibroz

köwekli öýken inçekeselinde deliriýa ýagdaýy, katatoniki stupor, depressiw ýa-da maniakal sindrom, gallýusinoz ýüze çykmagy mümkin. Deliriý inçekeselde öň arakhor bolan näsaglarda ýüze çykýar. Olarda köplenç eşidiş gallýusinasiýasy bolýar.

Operasiýadan soňky döwürde ýiti psihiki bozulmalar ýüze çykmagy mümkin. Operasiýadan soň 2 – 9 gije-gündizden soň döräp birnäçe sagatdan birnäçe hepdä çenli dowam etmegi mümkin. Bu doly sagalmak bilen gutarýar. Bularda köplenç amneziýa (ýadyň bozulmagy) we tutgaý sindromy bolmagy mümkin. Katatoniki, maniakal, depressiw, gallýusinator paranoid sindromlary ýüze çykmagy mümkin. Bu haýsy synada operasiýa geçirilene bagly bolýar.

Ýürekde operasiýa geçirilende operasiýadan soňky psihozlar beýleki operasiýalara seredende 2 esse köp duşýar. Aşgazan-içege ýollarynda operasiýa edilende paranoid döremegi mümkin.

Endokrinopatiýalarda psihiki bozulmalar köp duşýar.

**Bazedowa keselinde** gaharjaňlyk, emosional durnuksyzlyk, manysyz pikirlenmeklik ýüze çykýar. Agyr görnüşine soňky döwürlerinde katatoniki bozulmalar, aňyň bozulmalary, gallýusinasiýa alamatlary ýüze çykmagy mükin.

**Miksedema keselinde** näsaglar haýal, ysgynsyz, gowşak bolýarlar. Olaryň daşky gurşawa gyzyklanmasy peselýär, apatiýa bolýar. Keýpsiz gezýärler. Kesel agyr geçende epileptiki tutgaýa meňzeş tutgaýyň tutmagy ýüze çykyp biler.

**Isenko – Kuşinga keselinde** keýpiň üýtgemegi, ruhy taýdan göwni çökgünlik bolýar. Kä halatda bolsa eýforiýa bilen ýerini çalyşýar.

Bejergi. Somatiki kesellerde psihiki bozulmalar terapewt lukmanyň gözegçiliginde esasy keselini bejermek bilen başlanylýar. Psihiki dartgynlygy aýyrmak üçin az mukdarda trankwilizatorlar ulanylýar. Uky bozulmasynda hlorproteksiniň az mukdary ulanylýar. Zäherlenme alamaty ýok bolsa neýroleptikler ulanylýar. Eger bagyr, böwrek kesellerinde psihiki özgertmeler bar bolsa, onda galoperidol az mukdarda ulanylýar. Bedeni umumy berkidiji derman serişleri ulanmaklyk gowy täsir edýär.

# IX.BAP.

## Ruhy näsaglara garaşyk etmegiň aýratynlyklary

**Özüne kast etmäge synanýan näsaglara garaşyk etmek.** Eger näsag ruhy keseller hassahanasynda däl bolsa, näsaga garaşyk dürli hili bolup biler. Ruhy keseller hassahanasynda näsaglar özüne kast etmäge dürli ýagdaýda synanyşyp biler.

1. Asylmak
2. Köp mukdarda derman serişdeleri bilen zäherlenmek
3. Jaýyň ýokarky gatynyň penjiresinden ýa-da basgançakdan özüni zyňmagy mümkin.
4. Eliniň ýa-da boýnunyň damarlaryny kesmegi mümkin.

Depressiw näsaglarda özüňe kast etmegiň öňüni almak üçin bu näsaglary ýörite gözegçilikli otaglarda ýerleşdirmeli we gije-gündiziň dowamynda gözegçilikde saklamaly. Ruhy keseller hassahanasynda boýunbagy, bil guşagy, alaja baglary, dürli görnüşli ýüpleri, ýiti we kesiji enjamlary (pyçak, päki, gaýçy) ulanmaga rugsat berilmeli däl. Näsagyň düşekleriniň abatlygyny yzygider barlap durmaly. Sebäbi kä halatda näsaglar olary ýyrtyp ýüp taýýarlaýarlar.

Näsaglaryň derman serişdeleri bilen zäherlenmegiň öňüni almak üçin näsagyň hossarlaryna we medisina işgärlerine derman serişdesini näsaga bermegi gadagan etmeli. Näsaga bejergi üçin zerur bolan derman serişdelerini medisina işgäri berk gözegçilikde näsaga içirmeli. Eger-de näsag derman serişdesini diliň aşagynda, çekgesinde saklaýan bolsa, onda medisina işgäri gerdejigi owradyp, suwa garyp näsaga içirmeli.

Depressiw näsaglar jaýyň aşaky gatynda ýerleşdirilýär, döwülmeýän aýnalar penjirede oturdylýar, basgançaklara bökmezlik üçin gözenekler goýulýar. Näsaglara çüýşe gaplarda iýmit önümleri berilmeýär.

**Iýmitden boýun gaçyrýan näsaglara garaşyk etmegiň aýratynlyklary.**

Näsaglar zäherlenmeden gorkup, gallýusinasiýa bolýanlygy sebäpli agyr depressiýa sebäpli iýmitden boýun gaçyrýar. Ys alyş, tagam biliş gallýusinasiýalary sebäpli iýmitiň erbet ysly duýulmagy ýa-da tagamyň erbet üýtgemegi sebäpli we görüş gallýusinasiýasynda hem-de eşidiş gallýusinasiýasynda iýmekligi gadagan edilmegi

sebäpli näsaglar iýmekden boýun gaçyrýarlar. Ilki başda iýmitden boýun gaçyrýan näsaglary mylaýymlyk bilen iýmäge yrmaly. Çemçe bilen özüň iýmitlendirmeli, işdäni açmak üçin az mukdarda insulin sançmaly. Medikamentoz bejergi geçirmeli. Kä halatda iýmitden boýun gaçyrmak näsagyň ömrüne howp salýar. Bu ýagdaýlarda näsaglary zond arkaly emeli iýmitlendirmeli.

## X.BAP.
## Dürli ruhy bozulmalarda keseli kesgitlemegiň aýratynlyklary

Oligofreniýada: daşky gurşawdaky hadysalara gatnaşygy haýallan, erbet okaýan adamlar kemakyllykdan ejir çekýändir diýip çaklanylýar. Psihologiki barlag geçirilende näsaglarda pikirlenişi haýal we ýalňyş, söz baýlygy az, ýatlap bilijilik ukyby pes. Ünssiz okadylan çagalar aýratyn üns bilen okadylanda öz ýaşytdaşlarynyň bilim derejesine çalt ýetip bilýärler. Ýöne kemakyllykdan ejir çekýän çagalar näçe üns berilse hem öz ýaşytdaşlarynyň bilim derejesine ýetip bilmeýärler. Ony kesgitlemek üçin dürli hili meseleleri, aýdylan sözleri, matallary, tapmaçalary näsaga çözdürip barlamaly. A.P.Luriýa piktogramma usuly bilen näsagyň ýadyny hem-de pikirlenişini kesgitlemek usulyny açdy. Bu usulda näsaga 15-20 söz ýa-da söz düzümi ýatlamaga hödürlenýär. Usuly geçirmezden öň näsaga ýörite düşündiriş geçirilýär, "Size häzir sözleri ýa-da sözlemi aýtjak, ony häzir däl-de başga bir ýumşy bitirenimizden soň gaýtalarys. Şonuň üçin üns berip ýeke gezek aýdamda özüňize ýatlamaga aňsat bolmagy üçin her söze degişli bir surat ýa-da belgi çekiň. Suratyň hiliniň hiç hili ähmiýeti ýok. Näme isleseňiz we nähili isleseňiz çekip bilersiňiz. Size hiç zat ýazmagy maslahat beremok" diýip

medisina işgäri duýdurandan soň sözleri ýeke – ýekeden näsaga aýdýar. Näsagdan näme çekýändigini we onuň haýsy sözi ýatladýandygyny soramaly. 15-20 sözi ýazandan soň suratly kagyzlary aýryp goýmaly. Soňra näsagyň pikirlenişini barlamak üçin käbir sözleriň manydaş sözlerini, garşydaş sözlerini aýtdyryp görmeli. Soňra bir sagatdan soň alnan maglumatlary derňemeli. Ýagny näsag bir sagatdan soň ýatlap bilen sözlerini aýdanda onuň netijesi 80%-den az bolmaly däldir. Eger-de 80%-den az bolsa onda kemakyllyk bar diýip kesgitlenilýär. Näsagyň pikirlenişiniň derňewi bolsa öz çeken suratlaryny düşündirip bilşi bilen kesgitlenilýär. Pikirlenişi kadaly bolan adam 12 ýaşdan soň her sözüň özüne laýyk keşpleri çekmeklige we düşündirmäge ukyply bolýar. Meselem pikirlenişi kadaly adam şol bir piktogramma dürli hili surat çekmegi mümkin. Meselem şadyýan "baýramçylyk" diýen söze gül ýa-da şar, "tagamly agşamlyk" diýen söze bolsa tabak, çemçe we ş.m. suratlary çekmegi mümkin.

Kemakyllygyň ýeňil derejesinde näsaglar anyk berlen sözleri başga hili manyda suratlar çekýär. Köp wagt pikirlenenden soň öz görýän zatlaryndan başga hiç bir zady oýlap tapyp bilmeýärler. Şeýle kynçylygy diňe oligofreniýaly näsaglar däl-de, eýsem eplepsiýasy, kelle beýni şikesini alan näsaglar, kelle beýni damarlarynyň zeperlenmeginden ejir çekýän näsaglar hem-de uzak wagtlaýyn zäherlenme geçiren näsaglarda hem duşmak bolýar.

Pikirlenişini kesgitlemek üçin näsaga iki düşünjäni biri-birinden tapawutlandyrmaklyk tabşyrylýar. Näsaga 10-12 jübüt sözi hödürleýärler. Meselem:

| | |
|---|---|
| Alma – garaly | derýa-deňiz |
| Ýagyş-gar | ajykmak – suwsamak |
| Erteki – aýdym | göz-gulak |
| Aldaw – ýalňyş | gazet – radio |
| Möjek – aý | torba – baýguş |
| Çybyn – agaç | köwüş – galam |

Şu sözleriň içinden deňeşdirilmeýän düşünjeleri saýlamaklyk näsaga tabşyrylýar. Sözleriň meňzeşlerini kesgitlemek üçin ilki näsaga 1-2 jübüt sözi özüň çözüp görkezmeli. Barlag geçirýän adam näsagyň özüni alyp barşyny, aýdýan sözüni we jogaplaryny yzygider belläp almaly.

Şizofreniýa keselinde pikirlenmegiň üýtgemegi bolup näsag psewdoabstrakt kriteriýalary ulanýar. Meselem, “çybyn – agaç” diýen sözlere düşünje bersek, çybyn uçanda seslenýär, agaç hem şemala seslenýär diýip, meňzeşlik berýär. “Köwüş-galam” diýen düşünje yz galdyrýar diýip umumylyk tapýar.

**Eplepsiýada** ýadyň peselmegi ýüze çykýar. Olar has ýeňil meseleleri hem çözmekde ýalňyş goýberýärler. Şol bir işi ýerine ýetirmekde bir usuldan başga bir usula geçende olar tiz ýalňyşýarlar. Kesel uzak wagtlap gowşak döwründe bolsa (remissiýada) bu alamatlar çala bildirmegi mümkin.

Kelle beýniniň damarlarynyň zeperlenmeginde, kelle beýni şikeslerinde we zäherlenmelerde (intoksikasiýada) akyl zähmetine çydamsyzlyk, çalt ýadamaklyk haýsydyr bir predmeti (zady) birdenkä ýatdan çykaryp, ony birdenkä-de ýatlamagy mümkin. Olar takyk we düşnükli edip uly romandyr powestleri aýdyp bilerler. Ýöne has ýönekeý zatlary aýdyp bilmezligi mümkin. 10 sözi ýatladyp barlasaň 3-nji gezek gaýtaladanda 6 sözi, 5 gezekden soň 3 sözi, 6 gezekden soň ýene-de 6 sözi ýatlap bilmegi mümkin. Näsaglar öz durmuşynda elmydama ýazgy kitapçalaryny göterip gezmeli bolýarlar. Agyr ýagdaýlarda ýadyň has peselmegi mümkin. Ýatlanan sözüň has takyk aýtmak üçin  näsaglar örän takyk surat çekýärler. Ýöne aýtmaly bolanda sözleri ýakynlaşdyryp ýöne takyk däl görnüşinde aýdýarlar. Kä halatlarda öz ýatlajak bolan sözlerini hiç hili ýatlap bilmeýärler.

Garrylyk kemakyllygynda ýadyň durnukly bozulmagy bolýar. Ýatlamaklyk peselýär. Barlag geçirilende näsag bir sözi hem ýatlap bilmejekdigini aýdýar, ýatlap hem bilmeýär. Uzak wagtlap näsaga kömek edilende 1-2 sözi ýatlaýar, ýöne çalt ýatdan çykarýar. Ýatlanan zatlary näsag aýdýan mahaly gapdalky sesler, hereketler näsagyň ünsüni bölüp çalt unutmaklygyna getirýär. Bu näsaglarda pikirlenişi peselýär.

Şizofreniýada pikiriň dagynyklygy bolup, sözler öz manysyny ýitirýärler, bir pikir gutarmanka beýleki bir pikiri näsag öňe sürýär. 10 sözi ýatlanda näsagyň bilimi ýeterlik derejede saklanýar. Sözüň özüni ýatlap bilmese hem manysyny ýatlamagy başarýar.

Newrozlarda näsagyň arzy bilen obýektiw barlaglar gabat gelmeýär. Meselem, newrasteniýaly näsag ýadynyň birdenkä peselmegine arz edýär. Ýöne barlag geçirilende

ýadynyň peselmegi kesgitlenilmeýär. Uzak wagt bejergiden soň näsagda özüne bolan ynamsyzlyk aýrylýar.

## XI.BAP.

## Psihiki keselleriň  esasy bejeriliş usullary

Psihiatriýada bejergi iki topara bölünýär:

1. Biologiki usul – bedeniň fiziologiki we biohimiki bozulmalaryny bejermeklige esaslanan.
2. Psihologiki usul.

**Biologiki usula** berhiz, pirogen terapiýa usuly bilen bejermeklik degişli. Pirogen terapiýa näsagda emeli gyzdyrma döredilýär.

Berhiz bejergisinde açlyk çekmek, soňra berhizli bejergi berilýär. Soňky döwürlerde biologiki usul derman serişdelerini ulanmaklyga esaslanan:

- trankwilizatorlar (elenium, seduksen, tazepam, noezepam, fenazepam);
- neýroleptikler (galoperdol, triftazin, etaperazin);
- antidepresantlar (melipramin, amitriptilin)
- nerw ulgamyny işjeňleşdirijiler (kofein, sidnokarp , sidnofen)

- kelle beýni metobalizmini kadalaşdyryjylar (pirasetam, aminalon, winposetin ,kawinton)

**Psihoterapiýa** - bu näsagy psihologiki täsir etmek. Bu usula medisina işgärleri bilen bilelikde näsagy gurşap alýan jemgyýet uly täsir edýär.

## Psihotrop dermanlar.

Adamyň psihiki ýagdaýyna täsir adýän dermanlara psihotrop serişdeler diýilýär. Olar birnäçe toparlara bölünýärler: neroliptikler, trankwlizatorlar, sedatiw serişdeleri, antidepresantlar, psihostimulýatorlar, nootrop serişdeler.

Neýroleptikleriň, trankwlizatorlaryň we sedatiw serişdeleriniň umumy, rahatlandyryjy (köşeşdiriji) täsiri bardyr. Olar çakdan- aşa gyzmalygy, gaharjaňlygy, gorkyny, gaýgyny, howsalalygy ýatyrýarlar.

Neýroleptikleriň antipsihotik täsirleri hem bardyr, trankwlizatorlarda antipsihotik täsiri ýokdyr.

Antidepresantlar depressiýany (lapykeçlik, göwünçökgünlilik) aýyrýar, psihostimulýatorlar psihiki we fiziki işjeňligini artdyrýar, nootrop serişdeler adamyň ýatkeşligini gowulandyrýar.

## Neýroleptikler.

Olar antipsihotik (paranoidi we gallýusinasiýany aýyrýar) we köşeşdiriji – rahatlandyryjy täsiri barada, hereket işjeňligini we sklet myşsalarynyň tonusyny peseldýärler, gusmaklygyň öňüni alýarlar, gyzgyny pese düşürýärler. Narkoz uky we analgetik serişdeleriň täsirini güýçlendirýärler.

Neýroleptikler kelle beýnisinde impulslaryň geçirilişine täsir edýärler, ýagny olar dofamin we adrenoreseptorlara blokirleýji täsir edýärler, şeýlelikde dofamin we noradrenalin mediatorlary tarapyndan beýniniň bölümlerinde nerw impulslarynyň geçirilişi azalýar.

Himiki gurluşy boýunça neýroleptikler 2 topara bölünýärler:

1. Fenatiaziniň önümleri: Aminazin, triftazin, lewomepromazin, florfenazin.

Psihiatriýada şizofreniýany we beýleki psihozlary bejermekde, şöhle keselinde, beýniniň howply çiş kesellerinde ýüze çykýan gusgyny aýyrmak üçin ulanylýar.
Neýroleptikler ulanylanda ýüze çykyp biljek islenilmedik täsirleri :sanjylan ýerinde

agyry we çiş ýüze çykyp biler. Allergiki reaksiýalar, parkinsonizm alamatlary, depressiýa, ortastatik kollaps, bagryň işiniň bozulmagy bolup biler.

**Goýberlişi:** 0,025; 0,05; 0,1 gr draže; 2,5% 1,2,5 ml ampulada ergin.“B“ sanaw.

Rp.: Sol. Aminazini 2,5% 2 ml
D.t.d. N6 in amp.
S. 1-2 ml ergine 40% glýukozanyň
10-20 ml goşup wenadan goýbermeli.

**Triftazin (stelazin)- Triftazinum**

Antipsihotik täsiri boýunça işjeň dermandyr. Beýleki täsirleri aminaziniňkiden güýçli. Esasan hem psihozlarda ulanylýar.

Göwrelilikde , bagyr we böwrek kesellerinde ulanmak bolmaýar.

**Goýberilişi:** 0,005 we 0,01 gr. tabletka, 0,2%-1 ml. ampulada ergin.“B“ sanaw.

Rp.: Tab. Triftazini 0,005 N 30
D.S. 1 tabletkadan günde 3 gezek içmeli.

**Lewomepramazin (tizersin).** Gowşak neýroleptik we antidepressant, antipsihotik we sedatiw täsir edýär, şonuň üçin ýiti psihozlarda ulanylýar.

Newrologiýada , agyry bilen baglanyşykly ukusyzlykda ulanylýar.

**Goýberilişi:** 0,025 gr. tabletka, 2,5% - 1 ml. ampulada ergin 1 tabletkadan günde 3 gezek içmeli. Ergini 40% glýukozanyň 10-20 ml. erginine goşup wenada goýberip hem bolýar.

Rp.: Sol. Laevomepromazini 2,5%- 1 ml
D.t.d. N 10 in amp
S. 1-2 ml. günde 2 gezek myşsa sançmaly,
soňra dozasyny 10 ml çenli köpeltmeli.

**Ftorfenazin (moditen)-** dowamly täsir edýän ftorfenazin (moditen- depo) goýberilýär, bedende haýal sorulýar we dowamly terapewtiki täsirini ýetirip durýar. 2-3 hepdä çenli. Täsiri, islenmedik täsir aminaziniňki ýaly.

**Goýberilişi:** 2,5 % - 1ml. ýagly ergin „B“ sanaw.

Rp.: Sol. „Moditen- depo“ oleosae 2,5%- 1ml

D.t.d. N 10 in amp.

S. 1ml. her 2 hepdede 1 gezek myşsa sançmaly.

2. Dürli himiki gurluşy:

**Galaperidol (galofen)-Haloperidolum.** Güýçli antipsihotik we köşeşdiriji täsir edýär. Narkoz, uky we analgetik serişdeleriň täsirini güýçlendirýär. Täsiri aminazine we triftazine garanyňda güýçli, ýöne gipotenziw täsiri pesdir, spazmolitik täsiri ýokdur. Psihozlary bejermekde , gusmaklyga garşy derman hökmünde ulanylýar. **Goýberilişi:** 0,0015; 0,005 gr tabletkalar, 0,5% -1 ml ampulada ergin.“B“ sanaw. 1 tabletkdan günde 3 gezek içmeli.

Rp.: Sol. Haloperidoli 0,5- 1ml

D.t.d. N 10 in amp.

S. psihomotor gyjyndyrmada

0,5- 1 ml myşsa sançmaly.

**Klozapin -(Leponeks)-Clozapinum**

Antipsihotik täsir edýär,şizofreniýanyň dürli götnüşlerinde, maniakal-depressiw psihozlarda we başg. ulanylýar. Sedatiw täsiri bar. Ulanylanda ýürek- damar sistemasynyň işini we ganyň düzümini barlap durmaly. Epilepsiýada, bagyr, böwrek, ýürek-damar sistemasynyň kesellerinde, göwrelilikde ulanmak bolmaýar. **Goýberilişi:** 0,025, 0,1 gr. tabletka. 1 tabletkadan günde 2- 3 gezek içmeli. Soňra dozasyny 0,2-0,4 gr köpeltmeli.

Rp.: Sol. Clozapini 2,5%-2 ml

D.t.d. N 10 in amp.

S. 2 ml myşsa sançmaly.

**Trankwlizatorlar.**

Olar rahatlandyryjy, köşeşdiriji täsir edýär, ýagny gorky duýgusy, howsalalygy, hetden aşa gaharjaňlygy aýyrýar. Şeýlelikde adam özüni rahat duýýar,daşky gyjyndyryjy faktorlaryň täsirini peseldýär .Onuň hereket aktiwligi peselýär, ýöne akyl-huşy üýtgemeýär. Newroz kesellerinde,iç kesellerinde, iç kesellerinde (gipertoniýa) ýüze çykýan otrisatel emosional reaksiýalary aýyrmak üçin ulanylýar.

Himiki gurluşy boýunça 2 topara bölünýärler:

1. Benzodiaziniň önümleri: fenozepam,sibazon, hlozepid, nozepam degişlidir.
2. Dürli himiki gurluşly dermanlar: meprotan, mebikar, trioksazin.

**Fenazipam – Phenazepamum.** Rahatlandyrjy, uky tutdyryjy täsir edýär, narkoz, uky we analgetik derman serişdeleriniň täsirini güýçlendirýär, myşsalaryň ýygrylyp dartylyşyny (sudorga) aýyrýar, skelet myşsalarynyň tonusyny gowşadýar. MNU- da ýerleşen benzodiazepin reseptorlaryna täsir edýär we togtadyjy prosesslerini güýçlendirýär.

Fenazepam newrozlary bejermekde, uky tutduryjy epilepsiýanyň tutgaýynyň öňüni almak üçin ulanylýar.

**Islenmedik täsirleri:** ukyly ýagdaý, skelet myşsalarynyň tonusynyň gowşamagy,ataksiýa (yraň atyp ýöremek), başy aýlanma bolup biler. Uzak wagtlap ulanylanda oňa garaşlylyk ýüze çykyp biler.

**Goýberilişi:** 0,0005; 0,0001; 0,0025 gr. tabletka „B“ sanaw.

Rp.: Tab. Phenazepami 0,0005 N20

D.S. 1 tabletkadan 2-3 gezek içmeli.

**Sibazon (diazepam, seduksen, relanium)**-täsiri boýunça fenazepama meňzeş,ýöne işjeňli täsir edýär.Epileptiki statusda güýçli täsirli dermandyr.

**Goýberilişi:** 0,005 gr. tabletka. 1 tabletkadan epileptiki statusda içmeli.0,5% - 2ml ampulada ergin. Myşsa ýa-da wena sançmaly. Newrasteniýada, isteriýada we beýleki newrozlarda ulanylýar.

**Hlozepid (hlorziazepoksid, elenium) we Nozepam (Oksazepam,tazepam)** täsirleri boýunça sibazona meňzeşdir. Ukladyjy we skelet myşsalarynyň tonusyny

gowşadyjy täsirleri bardyr, şonuň üçin-de ukuly ýagdaý, gowşaklyk, ýadawlylyk ýüze çykýar.

**Mazepam (librium,rudotel)** beýleki benzodiazepinlerden tapawutlylykda skelet myşsalarynyň tonusyny gowşadmaýar we uky tutduryjy täsir etmeýär.

**Dürli himiki gurluşly trankwlizatorlar (**meprotan, mebikar, trioksazin**)** täsirleri boýunça benzodiazepiniň önümlerine meňzeşdir, ýöne olaryň täsirleri pesräkdir.

**Sedatiw serişdeler.**

Ýokary nerw işjeňligini rahatlandyryjy täsir edýän dermanlara sedatiw serişdeler diýilýär. Olar newrozlarda ýüze çykýan alamatlary (gaharjaňlygy, ukusyzlygy) aýyrýarlar.

**Walerian011anyň dermanlary:** nastoý,nastoýka,ekstrakt. MNS- na rahatlandyryjy, içki organlaryň ýylmanak myşsalaryna spazmolitik täsir edýärler, uky dermanlarynyň täsirini güýçlendirýärler.

Rp.: Tincturae Valerianae 30 ml.

D.S. 20-30 damjadan günde 3 gezek içmeli.

Ýürek- damar ulgamynyň bozulmalarynda ýüze çykýan newrozlarda ulanylýar.

.

.

**Persen –** sedatiw täsir edýär, rahatlandyryjy, spazmolitik täsir edýär. Gaharjaňlykda,newrozda, uky bozulanda ulanylýar. Tabletkada we kapsulada goýberilýär. 1-2 kapsuladan ýa-da 2-3 tabletkadan 2-3 gezek içmeli.

**Islenmedik täsirleri:** allergiki reaksiýa.

**Biopassit-** rahatlandyryjy, antidepressiw, sedatiw täsir edýär. 100 ml. flakonda şire goýberilýär. Ulular 10 ml. günde 2 gezek, 12 ýaşa çenli çagalar 5 ml. 1 gezek içmeli.

**Ataraks (gidroksizin)-** sedatiw täsirli,gaharjaňlygy aýyrýar,rahatlandyryjy täsir edýär.25 mg. Tabletkada goýberilýär. 25-100 mg. Tabletkadan günde içmeli.

**Islenmedik täsirleri:** allergiki reaksiýa, ukulylyk, agzyň guramagy, kelle agyry, başaýlanma, ýürek bulaşma, iç gatama.

## Depressiýa garşy dermanlar.

Depressiýa – lapykeçlik, göwünçökgünlik, tukatlylyk ýagdaýlaryny döredýän psihiki bozulmadyr.Depressiýa garşy dermanlaryň netijesinde bu ýagdaýlar aýrylýar, netijede näsagyň gaýgysy azalýar, keýpi artýar, emosional ýagdaýy gowulanýar. Käbir depressiýa garşy dermanlar psihostimurleýji hem täsir edýärler,ýagny akyl we fiziki işjeňligi ýokarlandyrýarlar.

3 siklli birleşmeli depressiýa garşy dermanlar: **Imizin (Melipramin)- Imizinum-** psihostimurleýji, psihosedatiw täsir edýär. Imiziniň depressiýa garşy täsiri onuň MNU-nyň adrenergik sinapslarynda noradrenaliniň yza sorulmagynyň bozulmagy bilen baglanyşyklydyr.Depressiw ýagdaýly psihozlarda, neýroleptikler ulanylanda ýüze çykýan depressiýalarda ulanylýar.

**Goýberilişi:** 0,025 gr tabletka, 1 tabletkadan günde 2-3 gezek içmeli.1,25%-2 ml ampulada ergin, 2 ml günde 2 gezek myşsa sançmaly. „B“ sanaw.

**Islenmedik täsirleri:** ukusyzlyk, biynjalyk ýagdaý, agzyň kepemegi,ortostatik gipotenziýa,tahikardiýa, içiň gatamagy.

**Amitriptilin (Triptizol)- Amitriptylinum-** depressiýanyň ähli görnüşlerine täsir edýär, sedatiw täsiri hem bardyr, ýöne psihostimurleýji täsiri ýokdur.

**Goýberilişi:** 0,025 gr tabletka, 1 tabletkadan günde 2-3 gezek içmeli.1%-2ml ampulada ergin, 2ml günde 1-2 gezek myşsa sançmaly.

Rp: Tab.“ Amitriptylinum“ 0,025 N50

D.S. 1 tabletkadan günde 2-3 gezek içmeli.

**Islenmedik täsirleri:** imiziniňki ýaly.

**Nialamid (Nuredal)- Nialamidum-** depressiýa garşy, psihostimurleýji täsir edýär. Ol MNU-da monoaminooksidaza (MAO) fermentiniň işjeňligini azaldýar, netijede beýnide noradrenaliniň mukdary köpelýär we beýniniň käbir bölümlerinde oýanyjylyk artýar.

**Goýberilişi:** 0,025 gr tabletkada, 1 tabletkadan günde 2-3 gezek içmeli. „B“ sanaw.

**Fewarin (Flýuloksamin)-** depressiýa garşy ulanylýar. 50 mg we 100 mg tabletkalarda goýberilýär. 1 tabletkadan gijesine içmeli.

**Klominal (Klomipramin)-** depressiýanyň dürli görnüşlerinde ulanylýar.25 mg dražede goýberilýär. 1 dražeden günde 2 gezek içmeli. 2 ml ampulada ergin, 2 ml günde 2 gezek myşsa sançmaly.

**Psihostimulýatorlar.**

Olaryň esasy häsiýeti adamyň akyl we fiziki taýdan işjeňligini artdyrmakdan ybaratdyr, ulanylanda adama täzeden güýç gelen ýaly bolýar, keýpi göterilýär, otrisatel emosiýalary azalýar, adamyň işdäsi we ukusy kemelýär.

**Kofein –** çaýyň ýapragynda, kofeniň dänesinde duş gelýän alkoloid. Akyl we fiziki işjeňligi ýokarlandyrýar, kelle beýnisiniň gabygynda oýanyjylyk hadysasyny artdyrýar, dem alyşy we gan aýlanyşygy güýçlendirýär. Psihostimurleýji we analeptiki täsir edýär. Kofein ýürege göni täsir edip, onuň ýygrylyş ukybyny we urgy sanyny köpeldýär. Eger-de arterial gan basyşy pes bolsa (kollaps, şok) ýokarlandyrýar, kadaly bolsa üýtgetmeýär.

MNU-nyň işi basyp ýatyrlanda, fiziki we akyl taýdan işjeňligi ýokarlandyrmak üçin, çakyzada, gipotoniýada we başga ýagdaýlarda ulanylýar.

**Goýberilişi:** kofein we kofein natriý benzoaty poroşokda 0,1 we 0,2, 10-20% 1-2 ml ampulada ergin, 1 ml günde 2 gezekden myşsa sançmaly.

Rp.: Tab. Coffeini- natrii benzoatis 0,1 N12

D.S. 1 tabletkadan günde 2 gezek içmeli.

**Meridil (Sentedrin)-** periferiki adrenomimetiki täsir etmeýär, şonuň üçin hem ýürek- damar ulgamynyň işini üýtgetmeýär. Akyl taýdan ýadawlykda, newrotiki ýagdaýlarda ulanylýar.

0,01 gr tabletkada goýberilýär. 1 tabletkadan günde günüň 1-nji ýarymynda 2 gezek içmeli. „A“ sanaw.

**Islenmedik täsirleri:** başaýlanma , ukusyzlyk, aritmiýa.

**Sidnokarb – Sidnocarbum-** asteniki ýagdaýlarda, şizofreniýada, newrotiki ýagdaýlarda ulanylýar. 0,005 gr we 0,01 gr tabletkada goýberilýär.“A“ sanaw.

Rp.: Tab. Sidnocarbi 0,005 N 20

D.S. 1 tabletkadan günde günüň

1-nji ýarymynda 2 gezek içmeli.

**Islenmedik täsirleri:** ukusyzlyk, kelleagyry, gipertoniýa.

**Sidnofen – Sidnofenum**- täsiri, ulanylyşy boýunça sidnokarba meňzeş.0,005 gr tabletkada goýberilýär. „A“ sanaw.

## Nootrop dermanlar.

Bu dermanlar nerw dokumalarynda madda çalşygyny artdyrýarlar, nerw öýjüklerini we dokumalary kislorod ýetmezçiligine durnukly edýärler, uzak wagtlap ulanylanda öz täsirini ýetirýärler, ýöne fiziki işjeňligi artdyrmaýarlar we emosional ýagdaýa täsir etmeýärler.

Adamyň kelle beýnisine zeper ýetmegi, beýnide gan aýlanyşygy bozulmagy netijesinde ýüze çykýan ýatkeşlik peselende, çagalaryň akyl taýdan ýetmezçiliginde ulanylýar.

**Pirasetam (Nootropil)- Pyracetanum-** beýnide madda çalşygyny kadalaşdyrýar, beýniniň dokumalaryny kislorod ýetmezçiligini durnukly edýär.

**Goýberilişi:** 0,2 gr tabletka, 1 tabletkadan günde 3 gezek içmeli. 0,4 gr kapsula, 1 kapsuladan günde 3 gezek içmeli.20% - 5 ml ampulada ergin.“B“ sanaw.

Rp.: Sol. Pyracetami 20% - 5 ml

D.t.d. N20 in amp.

S. 10 ml günde 1 gezek wenadan goýbermeli.

**Aminalon (Gammalon)- Aminalonum-** insultdan soňky beýnide gan aýlanyşygyny kadalaşdyrmak üçin, çagada psihiki we hereket işjeňligi pes bolanda we başgalarda ulanylýar.

**Goýberilişi:** 0,25 gr daşy bardaly tabletka. 1 tabletkadan günde 3 gezek içmeli.

**Islenmedik täsirleri:** dispeptiki ýagdaýlar, ukunyň bozulmagy, yssylyk duýmak, gan basyşynyň üýtgemegi, derman az dozada ulanylanda bu ýagdaýlar geçýär.

**Serebrolizin – Cerebrolyzinum-** düzüminde aminokislotalry saklaýar. Täsiri, islenmedik täsiri, ulanylyşy aminalonyňky ýaly. 1 ml ampulada ergin goýberilýär.

Rp.: Sol. Cerebrolyzini 1 ml

D.t.d. N 10 in amp.

S. her 2-3 günden 1 gezek

1- 2 ml myşsa sançmaly.

**Kawinton- Cavinton (Winposetin)-** kelle beýnisiniň gan aýlanyşygy bozulanda, göz we gulak kesellerinde, ýagy olary ýeterlik derejede gan ýetmezçilik edende ulanylýar.

**Islenmedik täsirleri:** ýüregiň ritminiň bozulmagy, kelleagyry, başaýlanma, sary gaýnama, ukunyň bozulmagy.

Göwrelilikde, çaga emdirýän aýalda ulanmak bolmaýar.

**Goýberilişi:** kawinton 5 mg. tabletka. 2 tabletkadan günde 3 gezek içmeli,

**Kawinton forte-** 10 mg. 1 tabletkadan günde 3 gezek nahardan soň içmeli. 20 ml. ampulada ergin NaCl 0,9% izotoniki ergininiň 200 ml.- e goşup wenadan damja görnüşinde goýbermeli.

**Memori şarp-** aktiw nootrop derman serişde. Ýatkeşligi we ünsliligi gowulandyrýar. Kapsulada goýberilýär.2 kapsuladan ýeterlik mahaly içmeli. 1 kursy 2 aý. Göwrelilikde, çaga emdirýän aýallarda,8 ýaşdan kiçi çagalara ulanmak bolmaýar.

## Analeptikler.

Süýri beýnidäki dem alyş we gan damarlaryň hereketlendiriji merkezleri kadalaşdyryjy täsir edýän dermanlara analeptikler (güýçlendiriji) diýilýär. Olar artykmaç dozada myşsalaryň tonusyny köpeldýärler we olaryň gursup gysylyp dartylmagyna getirýärler.

Olara: kofein, kordiamin, komfor, strihnin, etmizol degişlidir.

**Kordiamin-Cordiaminum** - ýürek ýetmezçiliginde,şokda, asfiksiýada, zäherlenmelerde,ýokanç kesellerinde ulanylýar.

**Goýberilişi:** 15 ml .flakonda ergin 20-25 damjadan günde 3 gezek içmeli. 1-2 ml. ampulada ergin, deri astyna, myşsa, wena damaryna sançmak üçin .„B“ sanaw.

Rp.: Cordiamini 1 ml

D.t.d. N 10 in amp.

S. 1-ml – den 1-2 gezek deri astyna sançmaly.

**Kamfora- Camfora.** Dem alyş we gan damarlarynyň hereketlandiriji merkezini kadalaşdyrýar, şeýle hem ýürege täsir edýär, ýagny miokardda madda çalşygyny kadalaşdyrýar. Deriniň reseptorlaryny gyjyndyryjy täsir edip gan damarlaryny giňeldýär we gan aýlanyşyny güýçlendirýär.

Dürli ýokanç kesellerinde, zäherlenmelerinde, gipotenziýada, kollapsda ulanylýar.

**Goýberilişi:** 20% 1-2ml. ampulada ýagly ergin. 1-2ml. günde 2-3 gezek deri astyna sançmak üçin 10% 30ml flakonda ýagly ergin kompres üçin, 40 we 80 ml. flakonda spirtli ergin.

Rp.: Sol. Camphorae oleosae 205 2 ml.
D.t.d. N 10 in amp.
S. 2 ml –den günde 2-3 gezek

Rp.: Spiritus camphorae 80 ml.
D.S. kompress üçin.

**Etmizol- Aethmizolum.** Dem alyş merkezine stimurleýji täsir edýär, akyl taýdan işjeňligi ýokarlandyrýar,gipofiz- adrenalin ulgamyny kadalaşdyrýar, şonuň üçin sowuklama, allergiýa garşy täsir edýär. Poliartritde,bronhial astmada we başg. ulanylýar.

**Islenmedik täsirleri:** ýürek bulaşma, ukynyň bozulmagy, başaýlanma.

**Goýberilişi:** 0,1 gr. tabletka 1 tabletkadan günde 2-3 gezek içmeli.1% we 1,5% 3 we 5 ml.ampulada ergin „B“ sanaw.

Rp.: Sol. Aethimizoli 1,5 %- 3 ml.
D.t.d. N 10 in amp.
S. 3-5 ml myşsa sançmaly.

**Sulfokamfokain- sulfakamfor kislotasy we nowokainiň birleşmesi.** Ýiti ýürek ýetmezçiliginde we dem alyş bozulanda ulanylýar. 10%- 2 ml. ampulada ergin.

Rp.: Sulfocamphocaini 10% 2 ml
D.t.d. N 10 in amp.
S.2ml.-den günde 2-3 gezek

deri astyna sançmaly.

**Strihnin-nitrat- Strychnini nitras.** MNU-a stimurleýji täsir edýär,başda oňurga ýiligi täsir edýär, şunlukda skelet myşsalarynyň tonusy ýokarlanýar,MNU-a täsir edip duýujy resptorlary güýçlendirýär. Süýri beýnidäki dem alyş we gan aýlanyş merkezine ulurak dozada kadalaşdyryjy täsir edýär.

Gipotoniýada, asteniýada, skelet myşsalarynyň ysmazynda, peşew haltanyň atoniýasynda ulanylýar.

Aterosklerozlarda, gipertoniýada, dem gysmada, nefritde,gepatitde ulanmak bolmaýar.

Poroşokda we 0,1% 1 ml. ampulada erginde goýberilýär. „A“ sanaw.

Rp.: Sol. Strychinini nitratis 0,1% 1 ml.

D.t.d. N 10 in amp.

S. 1 ml-den günde 2-3 gezek deri astyna sançmaly.**XII.BAP.**

## Narkologiýa dersi we onuň wezipeleri.

**Narkologiýa** –bu ylmy ders bolup, ol psihoaktiw maddalara baglylygyň ýüze çykyşynyň sebäplerini, kämilleşiş usullaryny, mehanizmlerini işläp düzmek maksady bilen olaryň toksiki netijesini ýüze çykarýan keselleriniň bejerilişini we öňüniň alnyşyny öwrenýär.

Narkologiýa özbaşdak ylym hökmünde XX asyryň soňky 10 ýyllyklarynda kämilleşýär. Ýöne adamzat öz ýaşaýşynyň gadym döwürlerinden bäri seriňi dumanladyjy (psihoaktiw) maddalara meýilliligiň meseleleri bilen çaknyşyp gelýär. Orta asyryň beýik alymy we lukmany Abu Aly Ibn Sina opiýanyň, hatda lukmançylyk maksatlary bilen hem we çakyryň çendenaşa kabul edilmesiniň adam organizmini heläkçilikli netijelere getirjekdigini belläp geçipdir. Ol ilki bilen abstinent sindromynda ulanylmaly derman serişdelerini görkezýär. Muňa garamazdan, birnäçe asyryň dowamynda adamzat psihoaktiw maddalaryň diňe bejeriş „ peýdasyna“ garapdyr, diňe XIX asyryň ortalarynda psihoaktiw maddalaryň zyýany barada gürrüň edip başlapdyrlar. Alymlaryň köpüsi narkologik keselleri özbaşdak nozologik birlik hökmünde ýüze çykarmaga ilkinji synanyşyklar edýär S.S.Korsakow, W.P. Serbskiý, S.G.Žislin we olaryň yzyny dowam etdirijiler- I.W.Strelçuk, E. Iellinek, W.Manýan, G.M.Enzin, F.W.Morozow, N.N.Iwanes, W.Ýe. Rožnow, I.P.Anohina dagy narkologiýada düýpli barlaglary geçirýär.

Türkmenistanda narkologiýa keselleri öwrenmäge A. Şyhmyradow, A.N.Nohurow dagy uly goşant goşdular. XXI asyryň başynda narkologiýanyň uly depgin bilen ösüşi psihoaktiw maddalara baglylygyň etiologiýa we patogenez meselelerinde ylmy netijeleriň gazanylmagyna ( genetiki meýillilik we neýrofiziologik mehanizmleriň umumylygy), psihoterapiýada, psihofarmakoterapiýada täze usullaryň işlenip düzülmegine getirdi.

Narkologiýa ylmy ders hökmünde beýleki lukmançylyk hünäri bilen berk baglanyşykdadyr. Olardan psihiatriýa esasy orny  eýeleýär. Alkogolizmiň, narkomaniýanyň we toksikomaniýanyň gurluşynda diňe aýratyn narkologik alamatlar we sindromlar ähmiýetli bolman, eýsem, psihik bozulmalar hem ähmiýetlidir.

Psihiki we narkologik alamatlaryň çylşyrymly arabaglanyşygy we patomorfozy alkogolizmiň, narkomaniýanyň we toksikomaniýanyň psihiki keselleriň hatarynda öwrenilmeginiň hökmanylygyny öüze çykarýar.

Narkologik keselleriň terapewtik bejerilişiniň täze usullaryny öwrenmek we girizmek esasy maksady bolup durýan psihofarmokologiýanyň we psihoterapiýanyň hem narkologiýa bilen gönüden-göni gatnaşygy bar. Narkologiýanyň somatik medisina bilen özara täsiriniň ähmiýeti hem kiçi däldir, çünki islendik narkologik kesel dürli derejede ýüze çykýan somato-newrologik bozulmalar bilen çylşyrymlaşýar ýa-da utgaşyp geçýär. Alkogolizmde, narkomaniýada we toksikomaniýada aýratyn somato-newrologik bozulmalary ýüze çykarmak (kliniki, laborator) iň bir wajyp meseleriň biri bolup durýar. Genetiki, biohimiýa , fiziologiýa ýaly düýpli dersler narkologik keselleriň etiologiýasynyň we patogeneziniň meselelerini çözmekde uly orny eýeleýär.

Narkologik keselleriň öňüni almak mesellerine psihologiýanyň, pedogogikanyň, sosiologiýanyň, kanun çykaryjy we hukuk edaralarynyň gönüden-göni gatnaşygy bardyr.

Narkologiýanyň aýratynlygy diňe bir näsagyň psihoaktiw maddalara baglylygyny, onuň psihiki we somatiki ýagdaýlaryny, psihoaktiw maddalaryň toksik täsirlerini öwrenmekden ybarat bolman, eýsem näsagyň makro we mikrososial gurşawyny öwrenmekden hem ybaratdyr. Munuň her bir näsagda bejeriş we öňüni alyş çärelerini geçirimek üçin aýratynlykda –indiwidual ýoly işläp düzmekde uly ähmiýeti bardyr. Bejeriş çärelerinde „ nyşana“ hökmünde diňe näsag çykyş etmän, eýsem onuň gurşawynyň , maşgala gatnaşyklarynyň kadaly ýagdaýda bolmagy, zähmet bilen meşgullanmak, öňki „ dostlaryndan“ daşlaşdyrmak ýaly durmuşy meseleleriň çözülmesi näsagyň sagdyn durmuş ýörelgesine öwrenişmegine uly itergi berýär.

Ýokarda beýan edilenleri göz öňünde tutup, özbaşdak lukmançylyk dersi bolan narkologiýanyň aşakdaky wezipelerini kesgitlemek bolar:

1. Alkogolizmiň, narkomaniýanyň we toksikomaniýanyň giň ýaýramasynyň deňeşdirme derňewi, narkologik kesellerinde duşýan ölümiň sebäplerini derňemek.

2. Narkologik keselleriň etiologiýasynda psihoaktiw maddalar bilen birlikde esasy orun tutýan durmuşy (sosial) , fiziologik we psihologik ýagdaýlary öwrenmek.
3. Bu keselleriň patogenezine täsir edýän genetik, biohimik, ekzogen we beýleki täsirleri barlamak.
4. Narkologik keselleri irgözinden ýüze çykarmak maksady bilen anyklaýşyň we differensial anyklaýşyň kliniki we laboratoriýa usullaryny işläp düzmek.
5. Narkologik keselleriň öňüni alşyň we bejerilişiň, şol sanda mejbury bejerişiň has dogry usullaryny we ugurlaryny gözläp tapmak.
6. Remissiýalar baha berlende prognoz düzmek.
7. Narkologik kömegi meýilnamalaşdyrmak we gurnamak.
8. Narkologiýanyň hukuk meselelerini çözmek.

**Narkologik alamatlar we onuň toplumlary we ýagdaýlary**

**I. Ulanylyşynyň görnüşleri:** serhoş edip aňy dumanladýan maddalaryň (narkotik, toksikomanik serişdeler we alkogol) ulanylyşynyň ýygjamlygy we delillendirilişi:

- **Ulanylyşyň epizodik (käýarym) görnüşi** jemgyýetçilik – medeni rugsat edilýän ýagdaýlarda serhoş edip aňy dumanladýan psihoaktiw maddalaryň (alkogol, zäher ýaly ajy çaý, kofe, temmäki) ýa-da kähalatlarda durmuş taýdan hem-de jenaýat görkezmeleri arkaly gadagan edilen narkotik serişdeleriň (tiryek, LSD – 25, beň we ş.m.) neşe babatda arassa adamlar tarapyndan ulanylmagy. Alkogolyň epizodik ulanylyşynyň gönümel delillendiriliş sebäbi bolmaýar. Epizodik ulanylyş däp-dessur häsiýetli bolup, her hili ýagdaýlarda, adamlaryň dürli aragatnaşyklarynda giňden ulanylýan dessurdyr (toýlarda, hatyra günlerinde, doglan günüň bellenilmeginde we ş.m.). Narkotik maddalaryň epizodik ulanylyşy mikrososial we sosiopsihologik şertler bilen baglanyşykly bolup, topar içre kanunlar, gymmatlyklar we adamyň özüni alyp barşy arkaly itergi berilýän ýagdaýdyr.
- **Ulanylyşyň özgerdilen (çylşyrymlaşdyrylan) görnüşi** psihoaktiw maddalaryň (alkogol, narkotikler, toksikomanik serişdeler) kabul edilişiniň ýygjamlygynyň, delillendirilişiniň we ýagdaýynyň özgerdilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şunda alkogol ýa-da narkotik özüňi alyp baryş başky durmuşy – psihiologik şertlerden arany açyp,

keseliň kanunlarynyň (alkogolizmiň ýa-da narkomaniýanyň) täzeçe hökümi bilen edilýär. Adatça, bile bolmak, habarlaşyp ümmüldeşmek ortadan aýrylyp, adam arakdyr neşeleri ýekelikde ulanyp başlaýar.

Serhoş edip, aňy dumanladýan maddalaryň ulanylyşynyň şu aşakdaky özgerdilen görnüşleri görkezilýär:

- **yzygiderli:** serhoş edip aňy dumanldýan maddalaryň yzy üzülmän hemişe ulanylyşy;

- **döwürleýin** (wagtal-wagtal) bu iki görnüşde bolýar.

1-njisi hakyky - bu daşky täsirleriň netijesinde aram-aram arak içip serhoş bolmak isleginiň esasa öwrülip, ondan aňry aragyň göterilmezligi, çydatmazlygy sebäpli arasynyň kesilmegi.

2-njisi ýalany (psewdozapoý) – belli bir ýagdaýlarda kähalatda köp günläp yzyny üzmän arak içmäge başlanylmagy we daşky sebäplere görä (polisiýa äkidilmegi, maşgalada ýakymsyz ýagdaýlaryň döremegi, puluň gutarmagy we ş.m.) içilmäniň arasynyň kesilmegi.

**II. Tolerantlyk:** alkogolyň ýa-da narkotiki maddanyň goýberilen möçberini bedeniň işiniň bozulmasyzlygy bilen göterip bilmäge bolan ukyp. Tolerantlyk göterilip bilinýän iň uly möçber arkaly kesgitlenilýär. Sözüň doly manysynda tolerantlylygyň özüni alyp barşyna bagly we funksional (dokumalaýyn, ulgamlaýyn) görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Özüni alyp barşyna bagly tolerantlylyk** ýagdaýa bagly gözegçilik diýilýän düşünjä içgin bagly bolup, serhoşlyga öz erkli gözegçilik edilme ukybynyň barlygy bilen ýüze çykarylýar. Şu ukyp tabyn bolmanyň irki tapgyrlarynda çala bildirýär, emma neşebentlik dowam etdirilse, ol düýbünden ýitirilýär.

**Funksional tolerantlyk** bu dokuma biohimiki işleýşi şöhlelendirýär.

**Tolerantlygyň ösüşi.** Narkomaniýanyň we alkogolizmiň birinji tapgyryna häsiýeti bolan tolerantlygyň ösüşi meýmiräp psihiki keýpi almak üçin ulanylýan neşäniň ýa-da aragyň barha köpeldilmeginiň kanunalaýyklygyndan ybaratdyr. Opiatlar çenden aşa köp ulanylanda möçberiň köpeldilmegi 2-4 hepdäniň, stimulýatorlar ulanylanda bolsa 1-2 hepdäniň içinde bolup geçýär.

**III. Goranyş reaksiýalary (nyşanlary)** narkotik maddalaryň ýa-da alkogolyň möçberiniň fiziologiki tolerantlylykda ýokary geçenligini tassyklaýan somatiki we wegetatiw alamatdyr.

a) mahsus bolan goranyş reaksiýalary

Alkogoldan – gusmak.

Tirýekkeşde – ýüzüň derisiniň, gulagyň arkasynyň, boýnuň hem-de kükregiň 1/3 bolan ýokarky böleginiň derisiniň gijemegi.

Barbituratlarda – synçgyrmak, biçak gaty derlemek, sülekeýiň köpelmegi, gözüň gyýylyp agyrmagy, başaýlanma, ögemek.

b) Mahsus bolmadyk goranyş reaksiýalary: ögeme, gusma, üşütme, ýürek sançmasy, deri myşsa giperesteziýasy. Zäherlenmeleriň dürli görnüşlerinde (meselem, beňden ýa-da efidrinden zäherlenmekde duş gelýär. Yzygiderli zäherlenme geçilende bu alamatlar aýrylyp ýitip gidýär. Goranyş reaksiýalaryň ýitmegi – bedeniň narkotiki maddalara we alkogolyň ýokary möçberini uýgunlaşyp öwrenişendiginden habar berýär. Öňki möçberleriň zäherlenmä eltmeýändigini we goranyş reaksiýasynyň talap edilmeýändigini tassyk edýär.

**IV. Serhoş bolmaklykda** narkotik serişdeleriň ýa-da alkogolyň kabul edilmegi netijesinde döreýän psihiki, özüni alyp baryş üýtgemeleri we somato – newrologik bozulmalaryň ýüze çykmasy bolup geçýär. Serhoş bolmagyň özgerdilen görnüşi – mahsus bolan maddadan serhoş bolmagyň we şuňa laýyk gelmeýän häsiýetleriň ýa-da komponentleriň peýda bolmagynyň ýüze çykmagy bilen geçýär. Narkotiklerden serhoş bolnandaky transformasiýa öz ösüşinde 3 tapgyry geçýär. Şonuň birinji tapgyrynda zäherlenmäniň somatiki – wegetatiw komponenti başda gowşak, soňra bolsa düýbünden ýitip gidýär. Meselem: stimulýatorlar öte köp ulanylanda ýüregiň çalt urmasy aýrylýar. Kodein bilen narkotizirlenilende üsgülewük refleksi peselýär. Tirýekkeşlikde içegäniň motorikasynyň tijendirilişi ýitýär. Ikinji tapgyrda eýforiýanyň tijendirilişi transformirlenýär. Üçünji tapgyrda bolsa eýforiýanyň ozalky güýçliligini hatda narkotigiň iň ýokary möçberleri bilen hem gazanyp bolmaýar. Sebäbi narkotigi tonizirleýji (stimulirleýji) täsiri ýuwaş-ýuwaşdan peselýär we ol diňe ýagdaýy kadalaşdyrmaga ukyply bolup galýar. Alkogol, sedatiw serişdeler öte köp ulanylanda

serhoş bolmanyň görnüşleri tirýek zäherlenmelerine häsiýetli bolmadyk amneziýalar bilen ýüze çykýar. Kähalatlarda bu narkotigiň az möçberinde hem peýda bolup bilýär. Alkogol hem barbituratlar öte köp ulanylanda amnestik bozulmalar adatça, serhoşlygyň ýokary derejä ýeten pursadynda başdan geçirilen wakanyň umumy mazmunynyň saklanyp galanlygyna garamazdan wakalaryň aýry-aýry böleklerini we ownuk-uşak pursatlaryny hakyda getirip, dikeldip bilmezliginden häsiýetlenýär.

**V. Küýseg – meýilleriň patologiýasy** bu birnäçe görnüşde bolýar.

a) **Obsessiw (psihiki) küýseg** bu ýüz öwürmesi örän kyn bolan psihoaktiw maddalaryň kabul edilmegine ýykgyn etmek. Bu serişdäniň kabul edilmäniň öň ýanynda hem keýpiň göterilmegi ýa-da tersine ony ulanmaga mümkinçilik ýok wagtynda keýpiň gaçyp, sussuň peselmegi.

b) **Kompulsiw (fiziki) küýseg** bu narkotizasiýa ýykgyn etmegiň çydap bolmajak ýagdaýdaky güýçli isleginiň döremeginde ýüze çykýar. Obsessiw küýsegden tapawutlylykda kompulsiw küýseg özüniň güýçliligi, näsagyň aň – düşünjesini durşy bilen gaplap alyp başga zady pikirlenip bilmezligine erk ygtyýaryny elinden alýanlygy bilen tapawutlanýar. Kompulsiw küýseg – isleg diňe bir keýpiň fonuny kesgitlemän, eýsem näsagyň özüni alyp barşyna, edim-gylymyna-da täsir edýär. Bulardan başga-da bu küýseg midriaz, gipergidroz, giperrefleksiýa tremerler we ş.m. görnüşdäki görnetiw wegetatiw stegmasiýalar bilen geçýär.

Kompulsiw islegiň 3 görnüşi bar: intoksikasiýanyň ýoklugyndaky, abstinent we intoksikasion. Intoksikasiýanyň ýoklugyndaky kompulsiw küýseg abstinent aamatlar toplumy döremezden öň esasanda, alkogolizmde we beňkeşlikde peýda berýär. Sebäbi fiziki islegiň peýda bolmagy abstinensiýanyň döremeginiň aralygyndaky wagtlaýyn arakesme has uzaga çekýär. Opimaniýada we barbituratlar öte köp ulanylanda alamatlar has ösüp şol arakesme has gysga bolýar. LSD, ingalýantlar we tijendirijiler bilen zäherlenilende görnetin kompulsiw isleg ýüze çykmagy bilen abstinent alamatlar toplumynyň ýoklugynda ýa-da ep-esli derejede reduksiýalandyrylmagynda dinamik stereotipiň dissosiasiýasy döreýär. Remission kompusiw isleg küýseg has-da howpludyr. Sebäbi ol gutulgysyz öňki narkotige gaýdyp gelmäge ýa-da başda bir narkotik bilen alternatiw zäherlenmegine getirýär. Bu bolsa obsessiw isleg – küýsegden tapawutlylyda,

psihiki kanagatlanma bolman, tersine fiziki taýdan rahatlygyň bozulmagyna getirýär. Şu zatlaryň ählisi kompulsiw isleg-küýsegiň narkomaniýalaryň aýry-aýry görnüşleri üçin özboluşlygyny tassyklaýar.

Abstinent kompulsiw küýseg-meýil kesgitlenilişine görä, abstinent alamatlar toplumynyň düzümine girip aşa psihiki göçgünlenmäni we dartgynlygy şöhlelendirilýän beýleki alamatlar bilen utgaşýar.

Intoksikasion kompulsiw küýseg – meýil intoksikasiýanyň netijesinde haýsy-da bolsa bir derejeli seňseleme dörände ýüze çykýar. Bu ýagdaýyň kliniki ýüze çykyşy ulanylýan narkotigiň möçberini köpeltmege bolan gutulgysyz islegiň döremegi „üstüne goşmak“ bilen häsiýetlenýär. Şeýle ýagdaý serhoş bolmanyň belli bir derejesine ýetilende döreýär. Alkogol aşa köp içilende döreýän şeýle alamata, möçbere gözegçiligiň ýitirilmegi“ diýilýär. Şu ýagdaý beňkeşlikde-de barbituratizmde-de, efedrin ulanylanda-da, seýrekräk ýagdaýlarda psihodelik preparatlar ulanylanda döreýär. Keseliň barha beterlemegi bilen şu alamatlar ýagdaýa gözegçiligi getirmegi diýen alamat hem (narkotizasiýanyň geççirilen ýerine, wagtyny we ýagdaýlarynyu hakyda getirip bahalandyuryp bilme mümkinçiliginiň ýoklugy) goşulýar. Kompulsiw isleg-küýsegiň ýokarda beýan edilen görnüşi intoksikasiýanyň ýoklugynyň hem-de obtinent görnüşlerdden öň döreýär. Şonuň düýp esasynda, ilkinji eýforiýany ( keýpi çaglamany) dikeltmäge bolan güýçli hem çydamsyz ýykghyn etmeklik ýatan soň oňa obsessiw tapgyrdan kompulsiw geçýän alamat hökmünde garamak hem bolar. Intosikasiýa ýagdaýynda psihiki ýada fiziki komfort (rahatlyk) ýagdaýyna ýetme ukyby.

a) psihiki komfort intoksikasiýa ýagdaýynda iki alamat arkaly häsiýetlenýär. Olaryn birinji şol alamatlar eýforik däldigini tassyklaýar çünki şonda islegiň kanagatlandyrylyp ,çünki şonda islegiň , lezzet almanyň başdan geçirmesi döremän, ol diňe diskomfortdan aranyň açylmagyny aňladýar.Sag adamlaryň pisihiki komfortyndan häzirki garalýan ýagdaýyň esasy tapaudy narkotik tabynlykdaky näsagyň keýpi diňe narkotigi ulananda duýup ,şonuň başlanýan tapgyrynda narkotigiň ulanylmasynda arakesmeleri pisihiki diskomfort diýip atlandyrmaklaryndan ybarat. Ikinji alamat intoksikasiýa geçýärkä bozulan pisihiki funksiýalaryň dikeldilmegine bolan ukypdyr.Uzak ýyllaryň dowamynda geçirilen

testirlemäniň (sorag-jogap) netijesini deňeşdirip bolýan bolsa, arakhorlar serhoş ýagdaýynda olar bilen testirleme geçirilip,sag adamlalaryň şuňa meňeş intoksikasiýaly ýagdaýynda görkezýän netije bilen deňeşdirilende arakhorlaryň has ýokary netijäni görkezýändigini munuň aýdyň mysaly hökmünde bellemek bolar.Şeýlelikde, narkotiki madda näsagyň pisihikasynyň kadaly işlemgi üçin zerur bolan şert hökmünde ýüze çykýar.Intoksikasiýaly ýagdaýyndaky psihiki komforty iş ýüzünde narkomaniýalaryň ählisinde-de gazanyp bolýar .(Şoňa diňe psihodelikleriň ulanylmasy girmeýär).

b) Fiziki komfora intoksikasiýaly ýagdaýda,adatça,intoksikasiýanyň ýokludyndaky kompulsiw isle-küýseg bilen bir wagtda döräp,abstinent alamatlar toplumynyň döremeginiň öňüsyrasynda ýüze çykýar. Şu alamatlar kiliniki özüne ýaşaýşa bolan umumy ukybyň goldanylyp,bedeniň şoňa gerekli derejede işledilmegi üçin intoksikasiýanyň haýsy-da bolsa bir derejelisiniň bolmagy zerurdyr.

Intoksikasiýanyň ýoklugyndaky diskomfort (rahatsyzlyk) alamaty a) intoksikasiýanyň ýoklugyndaky pisihiki diskomfort alamaty ynjyklyk,öz-özüňi günäkärleme ideýaly depressiýa riýaksiýalary, disforik ýagdaýlar,zähmete bolan ukybyňn peselmegi ,ünsüň sowulaganlygy bilen geçýän özboluşly emosional dartgynly pisihiki bozulmanyň döremegi bilen geçýänliginden ybaratdyr .Şu alamatlar diňe narkotik maddanyň ýa-da alkogolyň kabul edilmegi arkaly ýatyrylyp bilinýär .

c) intoksikasiýanyň ýoklugyndaky fiziki diskomfort alamaty somatik näsazlygyň,birahatlygyň duýulmagy bilen häsiýetlenip ,şolaryň diňe narkotigiň kabul edilmegi arkaly ýatyrylyp bolýanlygyndan ybaratdyr .

**Neşe –bu adamyň ruhy taýdan ýagdaýyny üýtgedýän naddadyr.**

**Bu maddany kabul etmeklik adamyň saglygyna zyýanlydyr.**

Hat-da ýeke gezek dadyp göreniňde-de sen isleýän keýpiňe derek şu aşakdaky zatlardan ejir çekersiň:

- Möçberiň bedene agdyk düşmegi;

- Neşe serişdesiniň bedene kabul edilmezligi, ýürek bulanma, gaýtarmak, huşuňdan gitmek hem-de dem alşyň durmagy;
- Sarygetirme (bagyr keseli) hem-de gan üsti bilen geçýän AIDS keseli;
- Neşe serişdesi bilen zäherlenmegiň netijesinde özüňi alyp barmagyň bozulmagy (uruşmak, şikeslenmek, ýol-ulag heläkçiligine duçar bolmak);
- Kanuna laýyk gelmeýän meseleleriň ýüze çykyp, polisiýa bilen iş salyşmak;
- Pul bilen baglanşykly kynçylyklar.

**Neşe serişdelerini ulanar ýaly bahana ýok.**

- Mertligiňi aýan edesiň gelýärmi-onda, ýokardan bök, ýöne paraşut bilen !
- Öz ylymlylygyňy görkezesiň gelýärmi- onda aňyňda 6 belgili sanlary bölmäni öwren, ýa-da bodibilding bilen güýmen !
- Özbaşdak bolasyň gelýärmi- nirede okamalydygyny, kim bolmalydygyny, kimi söýmelidigini, kim bilen dostlaşmalydygyny özüň çöz. Özüňe durmuşda orun tap, adamlara kömek et, pul gazan !
- Döwrebap geýnesiň gelýärmi- onda özüňe täze köýnek tikin.
- Erbet zatlardan göwnüňi açasyň gelýärmi- onda dostlaryň bilen gürleş, tans et, futbol oýna !

**Döwrebap, özbaşdak, işjeň adamlara neşe jisimleri gerek däl.**
**Neşe serişdelerini kabul edip başlan adama oňa baknalygyň haçan ýüze çykýandygyny bilmeýär. Anyk belli jogaplar näme:**

- Hat-da ýeke gezek neşe serişdesini kabul eden halatynda-da ruhy baknalyga getirmegi mümkin.
- Ruhy taýdan neşe serişdesine bakna bolan adam onuň howpy baradaky habarlary eşitmekden mahrum bolýar.
- Neşe serişdesini kabul edýän adam ondan hemişe-de saklanyp bilerin diýip pikir edýär, sebäbi başda neşe serişdesini kabul etmeklik arasyna wagt salmak oňa ýeňil düşýärdi.

- Neşe serişdesini kabul edýän adam köplenç başga täze adamlary özüne çekip, olar bilen öz neşekeşlik tejribesi barada gürrüňdeş bolýar.
- Neşe serişdesini yzygiderli kabul etmeklik eýýäm oňa başdaky keýpi bermese-de, ol şonda-da neşe serişdesini ulanmaklygy dowam etdirýär, sebäbi beden adaty ýagdaýdaky ýaşaýşyny neşesiz dowam edip bilenok.
- Neşe serişdesine baknalyk onuň islendik ýol bilen bedene düşmekligine getirýär: damara goýbermek, burun bilen ysgamak we başgalar.

**Hemme neşe maddalary saglyga zeper ýetirýär**.

Beden üçin hemme neşe maddalary zäher bolup durýar. Zäherlenmäniň netijesinde beden ähli öz adaty funksiýasyny ýerine ýetirip bilmeýär. Şonuň üçin neşe ulanyp keýplenen adamyň sözleýşi baglanşyksyz, el-aýagy titräp entirekläp ýöreýär, ýatkeşlik bozulyp, zehinsiz, akylsyz, öz ýagdaýyna we daş-töweregindäki ýagdaýlara hakyky boluşy ýaly baha bermegi başarmaýar. Bagyr we böwrek neşäniň bedene ýetirýän zäherlenmesinden yzygiderli saplajak bolup wagtyndan öň hatardan çykýarlar. Neşe maddalary immuniteti peseldip, dürli ýokançlaryň öňünde adamy goragsyz goýýar.

**Neşe maddalaryny diňe bir ony ulanýan adama zeper ýetirmän, eýsem, daş töweregine hem zyýanlydyr .**

Eger adam neşe maddasyny ulanyp başlasa, onda onuň ýakynlarynyň hem ýaşaýşy üýtgeýär: dostlary ilki başda çuňňur duýgydaşlyk bildirip, nebsi agyryjylyk edip kömek etmäge synanyşýarlar. Soňra dostluk kesilýär, ýa-da olaram neşekeşlige ýüz urýarlar. Söýýän adamyň özüniň gereksizlendirilmegi, kömek berjek bolmagynyň netijesizdigi sebäpli ejir çekip, ahyrynda tersleşmeklige getirýär. Ene-atalar çagalaryny neşekeşlikden gorap bilmedikleri, onuň howpy barada wagtynda düşündirip aýtmandyklary üçin özlerini müýnli duýup, biri-birlerini günäkärläp tersleşýärler. Maşgaladaky dartgynly ýagdaý hiç kimiň saglygyna we keýpine goşant goşmaýar. Neşe maddasyna hem-de neşekeşligi bejereklige çykdaýjy edilýändigi sebäpli maşgaladaky material-abadançylygyna hem zeper etmek howpy abanýar.

**Neşe maddasyny ulanmaklyk- dostlugy ynamsyz, söýgini gereksiz, ene-atalar bilen gatnaşygyny dartgynlyga getirýär.**

Eger adam neşe maddasynyň ýa-da alkogol kömegi bilen rahatlanmakçy ýa-da meseläni çözmekçi bolup, ulanmaklyga meýil bildirse, birbada birnäçe wagtyň dowamynda onda „kynçylyklary ýeňen“ ýaly duýgy ýüze çykýar. Göwnüňe bolmasa kynçylyklaryň öz-özi çözülen ýaly, onuň durmuşyndan jadyly görnüşde giden ýaly bolýar. Ýöne neşe maddasynyň täsiri gutaran soň, adam ol kynçylyklaryň diňe bir öňküsi ýaly durman, gaýta öňküsinden hem köpelendigine geňirgenmek bilen göz ýetirýär. Öňküleriň üstüne ene-atalar bilen tersleşmek, dostlary bilen düşünişmezlik, söýýän adamyňy ýitirmeklik, kanuna ters gelýän zatlary etmek, pul kynçylygy, okuwda-işde kynçylyklaryň ýüze çykmagy, saglygyň ýaramazlaşmagy ýaly zatlar hem urna bolýar. Adamda gaharjaňlyk, öz-özüňe ynamsyzlyk hem-de özüňi günäli saýmak ýaly zatlar peýda bolýar. Şeýlelikde ilki başdaky kynçylyk dag ýaly „gar tokgasyna“ öwrülýär.

**Neşe maddalary kynçylyklary çözmeýär, gaýta ol lhas-da kynlaşdyryp, öňküleriň üstüne täzelerini goşýar.**

**Neşe maddalaryny ulanýan adam hemişe kanuny bozýar.**

Neşe serişdelerini kanuna laýyksyz taýýarlamaklyk, saklamak, getirmek, ýygnamak ýaly zatlary jezalandyrmak barada Türkmenistanyň jenaýat Kodeksinde seredilendir. Şeýle-de neşe serişdesini ulanmaklyga ýykgyn edýänler, kanun tarapyndan gadagan edilen ösümlikleri ekmeklik, neşe serişdesini taýýarlamaklyk üçin öýleri bermeklik hem gadagandyr. Mundan başga-da neşe serişdelerine ýykgyn edýänleri ogurlykda, talaňçylykda, kezzapçylykda aýyplap jenaýatçylyga çekýärler.

**Neşe maddasyna bakna bolmaklygyň toruna düşmek gaty aňsat, ýöne ondan sypmak gaty kyn.**

Neşe serişdelerine bakna bolmaklykdan çalt, bütinleý we ömürlik halas edýän jadyly derman dänejikleri häzire çenli tapylanok. Neşe maddasyndan halas bolmak döwri haçan-da adamyň özüniň halas bolmaklygy islän halatynda üstünlikli bolýar. Ýöne ýeke

özüniň islegi ýeterlik däl. Munuň üçin özüň bilen işlemegi hem başarmak gerek. Bejeriş döwründe neşekeşiň ýakyn adamlary pňa goltgy berip bilerler. Bu ugurdan işleýän hünärmenler bolsa neşe maddasyny taşlanyňda ýüze çykýan kynçylyklary çözmäge güýç tapmaklyga kömek eder. Adam neşe maddasyndan ýüz öwürmeklik meselesine näçe ir çemeleşse, şonça hem ony ýerine ýetirmek ýeňil düşer. Haçan-da maşgalaň darganyndan soň, işiňi ýitirip, türmä düşeniňden ýa-da AIDS, sarygetirme ýaly kesellere sezewar bolanyňdan soň taşlamaklyk has kyn düşer. Haçan-da neşäniň möçberi agdyk düşüp pajygaly ýagdaý çykandan soň, giç bolmagy mümkin.

Neşe maddasyndan ýüz öwürmeklik mümkinçiligi her kimde bar, ýöne şol mümkinçiligi her kim başarmaýar.

## XIII.BAP.

## NARKOMANIÝA

Ikinji watançylyk urşundan soň Aziýada, Ýewropada hme-de Amerikada neşekeşlik has ýaýrady. Neşe serişdesini ulanmaklyk daşky gurşawdaky hakykatdan gaçmaklyk ýaly bolup, käbir adamlar neşe serişdelerinden ýiti duýgulary alýarlar. Bu bolsa adamyň gowşaklygyny aňladyp häsiýetiň ýetişmedikligini, özüne gözegçiligiň pesligini, biliminiň kemterligini aňladýar. Köp neşekeşler medisina görkezmesi bilen däl-de, öz islegi bilen neşe serişdesini ulanyp, bejergiden ýüz öwürýärler. Newşe serişdesini kanuny däl ýagdaýda saklamak, satmak, öndürmek bolmaýar. Satýan, öndürýän hem-de saklaýan adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

Neşe serişdesine patologiki uýgunlaşma alamatyny hökman kesgitlemelidir, bu adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýärler. Neşe serişdelerine baglylyk neşe serişdesiniň görnüşine, mukdaryna, bedene goýberilýän usulyna bagly bolýar. Adam neşe serişdesini ulananda eýforiýa ýüze çykýar. Bu bolsa neşe serişdesini ýene-de ulanmaga isleg döredýär. Bedeniň gorag reaksiýasy ýitýär. Durnuklylygyň üýtgemegine getirýär.

Neşekeşler neşe serişdesini 2-10 gezek bir gije-gündizde ulanýarlar, bu bolsa medisinada bejergi maksady bilen ulanylýan mukdardan has köpdür. Neşe serişdesine psihiki baglylyk döreýär. Soňra bolsa fiziki baglylyk ýüze çykýar. Fiziki baglylyk ýüze çykandan soň neşe serişdesini peýdalanmasaň neşekeşlerde abstinent sindrom ýüze çykýar. Neşekeşiň bedeninde ulanýan neşe serişdesiniň görnüşine baglylykda somatiki we newrologiki bozulmalar ýüze çykýar.

**Neşe serişdeleriniň görnüşleri**

**Tirýek.** Neşe jisimleri saklaýjy herekete eýedir.Keýpiköklük, göçgünli wagty hoşluk, rahatlyk, köşeşmek, gowşamak, haýllamak ýagdaýlarynyýüze çykarýar. Çalşyk ýagdaýlarynyň netijesinde güýçli täsir etmegi netijesinde psihiki we fiziki taýdan baglylyk emele gelýär. Bedeni aňrybaş derejede sandan çykarýar. Tirýegiň dürli görnüşlerini damara sanjym etmek,ysgamak ýa-da çekmek  görnüşinde ulanylýar. Şiräni adatça, hapa-goňur plastilini ýada salýan kösükli ösümligiň ysy gelip duran maddany „şepbeşik“ görnüşde satýarlar. Geroini plastiki paketlerde kagyza dolap ýa-da folgada satýarlar. Tirýegiň dürli görnüşleri ulanylanda abstinent sindromy (döwülme) örän agyr we ýakymsyz geçýär: titreme, süňkleriň döwlüp barýan ýaly agyrmagy, beden etleriniň we süňk bogunlarynyň bütin endamyňda agyrmagy, sowuklamanyň alamatlary we aşgazanyň biynjalyk etmegi, ukusyzlyk, Tirýegiň dürli görnüşlerini, aýratynam geroini synag edip gören adamlaryň köpüsi yzygiderli sarp edijä öwrülýär. Tirýekkeşlik bilen baglanşykly neşekeşlik örän agyr we howply görnüşi bolup, ony bejermek örän agyr.

**Kenep ösümliginiň narkotiki serişdeleri hökmünde ulanylyşy.** Bu neşe jisimlerini adatça çilime goşup çekýärler. Bu örän giň bikanun ýaýran neşe jisimleridir. Kada laýyklykda ony ulanmagyň netijesinde gowşaklyk, howaýy gürlemeklik, kanagatlanma duýgusy, sazy we reňkleri ýiti kabul etmek ýaly duýgulary emele getirýär. Käwagt wagtlaýyn howsala ýa-da ýeňiljek göze görünmeler emele gelýär. Ony ulanmagyň esasy howpy bedeniň zäherlemegi. Adam awtomobil sürende, köçeden geçende, enjemlarda işlände kynçylyklara sezewar bolup biler. Başdan geçirilen kanagatlanma netijesinde çalt psihologiki baglylyk emele gelýär, durmuş kynçylyklaryny has ýeňillik bilen başdan geçirýär. Bu neşe jisimleriniň ýygy-ýygydan we uzak wagtlap ulanylmagy netijesinde beden taýdan baglylygy emele getirýär. Çlim

ýaly neşe jisimlerini hem uzak wagtlap yzygiderli çekmeklik ýa-da köp atymlykda ulanmaklyk, dem alyş ýollarynyň näsazlygyna, bronhitiň we öýkeniň düwnük keseline sebäp bolýar. Hünärmenleriň pikirine görä, marihuanany we meňi çekmeklik bu geroin ýaly has güýçli neşe jisimlerini ulanmaklykda ilkinji basgançakdyr. Kenebi neşe jisimlerini ulanmak ýoly bilen kanagatlanma duýgularyny güýçlendirmeklige synanyşýarlar.

**Amfetamin.** Has giň ýaýran işjeňleşdiriji. Ony ysgaýarlar ýa-da gan damarynyň içine goýberýärler, 4-8 sagadyň dowamynda täsir edýär. Çalt endik etdirýär. Yzygiderli ulanmaklyk netijesinde ýakymsyz ikinji derejeli netijeleri başdan geçirýär: ukynyň bozulmagy, işdäniň gaçmagy, içiň geçmegi, güýçli ynjylyksyzlyk duýgusyny ýa-da ruhy hassalyk. Neşe jisimi ýok wagtynda ony ulanýanlar ýadawlygy, açlyk duýgusyny, ruhy sarsgynlygy we hat-da neşe jisimini ulanmakdan boýun gaçyrandan soňra ilki döwürlerde suisidal ýykgyn etmeleri ýüze çykýar. Işjeňleşdiriji ýüregi agyrýan ýa-da psihiki keselleri bolan adamlar üçin örän howpludyr.

**Kokain, krek.** Kokain ak külke görnüşli bolup, ony ysgaýarlar ýa-da gan damardan goýberýärler. Kokain gymmat şonuň üçin ony garýarlar. Birnäçe delallaryň elinden geçip, ol sarp edijiniň eline düşýär, şeýlelikde, ony garyndysynda bary- ýogy 10-15 minut galýar. 20-30 minut täsir edýär.

Krek (kokainiň surrogati) has arza, çekmek üçin taýýarlanýar, onuň täsiri 12-15 minut täsir edýär. Kokaine endik etmek şol bada emele gelýär.Ysgamak ýa-da çekmek nemli bardalarda ýanygy, psihiki sarsgynlary, dem alşyň bozulmagyny emele getirýär, köplenç mukdary artyk düşýär.

**Ekstazi** Adatça ol ak, goňur,gülgüne ýa-da sary reňkli gerdejige ( tabletka) meňzeş. Käwagt reňkli kapsula görnüşinde taýýarlanylýar. Netijede kabul edilende takmyndan, 20 minut soňra ýüze çykýar we birnäçe sagatlap dowam edip biler. Ony ulanýanlaryň aýtmagyna görä, sesleri reňkleri ýiti kabul etmeklige täsir edýär. Hereketi ugrukdyrmaklyk , özüňe erk etmeklik bozulyp bilner. Şonuň üçin ulag sürmek ýa-da enjamda işlemek örän howply. Atymlyk möçberi köp bolanda, ony ulanýanlar howsalany ýa-da özüni ýitirmegi başdan geçirýär. Eger-de ony ulanýan adam neşe jisimini birnäçe günüň dowamynda ulansa, wagtlaýyn ruhy hasslyga ýa-da

ukysyzlykdan ejir çekmekligi başdan geçirip biler. Neşe jisiminiň işjeňleşdiriji häsiýete eýedigi üçin ýürek agyryly, ýokary gan basyşly admlarda, epilepsiýadan ýa-da beýleki psihiki kesellerden ejir çekýän näsaglarda saglygy babatda goşmaça kynçylyklary ýüze çykaryp biler. Işjeňleşdiriji deriň täsiri bilen göni bagly bolmadyk, onuň ulanylmagy netijesindäki ikinji ýagdaýlar sebäpli aşa göçgünlilik dörediji neşe jisimleri ulanmaklyk bilen baglanyşyklykda ölüm ýagdaýynyň ýüze çykandygy hasaba alyndy.

**LSD (lizergin turşysynyň dinatriý duzy).** Uly bolmadyk ýörite kagyz bölegine („marka“) neşäni siňdirýärler we soňra diliň üstünde goýup eredýärler. Dörtburçly kagyzjyklar köplenç bezegli we suratly, hat-da multfilimlerden suratjyklar hem ýerleşdirilýär.

**„Jadyly kömelejikler“** kömelek görnüşli bolup, neşe jisimleriniň düzümini özünde jemleýär psilosibin, ol gallýusinasiýa döredýär. „Jadyly kömelejikleriň“ howplylygy bu neşe jisimleriniň ulanyjynyň we töwerekdäkileriňkeýpine täsir edýänligidir. Gallýusinasiýalar ýakymly we täsirli bolup, dürli ýakymly suratly şekiller ýa-da gorkunç şekiller we elhençlikler göze görnüp bilner. Bu gallýusinasiýalaryň howpy psihiki dartgynlylygyň dowamynda ýa-da psihiki kesellerıň ildirmeýän başlangyç tapgyrlary hökmünde döwam edip biler. Kömelejiklerden köplenç zäherlenýärler. Gallýusinegenleri ulanýanlaryň köpüsinde erkini ýitirmek we göze öňüne getirmeler ýüze çykýar. Ony ulanýanlar köplenç „aklyndan azaşýandyklaryny“ duýýarlar. Köplenç ony ulanýan adam täze atymlygy ulanmazdan, ýene-de gallýusinasiýay başdan geçirýär.

### Neşe serişdeleri ulanylandaky ruhy bozulmalar .

Beterleýän kemakyllyk ekzogen organiki prosesleriň emele geliş kanuny bilen döräp şeýle tapgyrlary geçýär.

**Şahsyň peseliş tapgyry.** Psihiki aktiwligiň pese düşmesi döräp, gyzyklanmalaryň we delillendiriliş sferasynyň çäkleriniň daralmasy,emosiýalar sferasynyň garyplaşdyrylmasy ,isleg-küýsegleriň ýetirilmesi bilen häsiýetlenýär.Akyl bozulmalary huşuň berkidilmesiniň we retensiýanyň gowşamasy görnüşinde huş funksiýasynyň peselmegi,şeýle-de ünsüň aktiw bir ýere jemlenilişiniň bozulmagy akyl-paýhas

sowallaryna gyzyklanmanyň, ýagdaýdyr hadysalara baha bermek we analizlemek ukybynyň ýitirilmegi bilen ýüze çykýar .

**Psihopatizasiýalaşdyrylma tapgyry.** Şahşy hususy aýratynlyklarynyň ondan aňryk ýoýumasy narkotigiň görnüşine we şonuň keselden ozalky radikalyna (durkuna) bagly bolýar. Opiatlar we stimulýatorlar bilen narkotizasiýalaşdyrylanda, köplenç halatda psihopatizasiýanyň astenikin we isteriki görnüşi ýüze çykýar .Sedatiw hem uky tutduryjy serişdeler aşa agdyk ulanylanda –eksploziw, beňkeşlikde we psihodelikler ulanylanda bolsa,apatiki psihopatizasiýa döreýär .Şu tapgyrda affektiw bozulmalar güýçlenip ýygjamlaşýar ,olardan distimik we disforik görkezijiler has köp duşýar .

**Kemakyllyk tapgyry**. Psihoorganiki alamatlar toplumynyň ýüze çykyp bildirişi ýetjek derejesine ýetýär .Näsaglaryň daş keşbi ,sypaty özgerýär .ýüz-gözüni oýnadyşynda näsazlyklar döräp ,hereketleri adaty çeýeligini ýitirýär ,ýöreýşi dogry ugrukdyrylmadyk, howlukmaç entireklenişli bolup ,hereketlenme aktiwligi ýitirilýär . sedatiw we uky tutduryjy sereşdeler aşa agdyk ulanylanda bradifreniýa (aň işiniň haýallamasy), alkogol, stemulýatorlar we ingalýantlar ulanylanda bolsa, psewdoparalitik alamatlar toplumy döreýär .Emosional sfera biçak garyplaşýar (oligotimiýa). Ünsüň bir ýere jemleniliş ukybynyň ýitirilmgi ,aňrybaş derejede ünsüň sowlup durmagy we tapdan düşürilip ýadadylmagy ýaly bozulmalar gödek häsiýete eýe bolýar .Düşünmek ,pikirleri jemläp umulaşdyrmak ,tanktdy garaýyş ýaly akyl-paýhas işleri biçak pese düşürilýär .Şularyň barysy beýniniň tutuşlaýyn disfunksiýa uçranlygayny şöhlelendirip, şunuň barha beterläp, ýagdaýyň erbetleşýändiginden habar berýär .

Psihotik bozulmalar ýokary derejesine ýetilende (intoksikasion) ýa-da abstinent alamatlar toplumynda döräp şolar hem köplenç halatda ,ulanylýan narkotigiň görnüşine bagly bolýar .Beterleýän psihozlar düzülişine görä aňyň özgermeleri.ýagny egzogen riýaksiýalary görnüşinde geçýär . Narkomaniýalaryň ähli görnüşlerinde –de psihozlaryň geçişi akyl çaşmalarynyň görnüşleriniň çalt çalşyrylmasy,affektiw uzaga çekmegi we olaryň doýgunlandyrylanlygy bilen häsiýetlenýär . Psihiki bozulmalaryň has ýygy duşýanlary deleriý we amensiýadayr (alkogol, trankwilizatorla,uky tutduryjy we sedatiw serişdeler aşa agdyk ulanylanda). Mundan başga-da ýiti gallýusinozlar , ýiti paranoidler, aňyň alagaraňkylykda kysymy bozulmalary, oneýroid ,şizofrenik

psihozlar (psihodizleptikler ) hem duş gelýär .Narkotigiň görnüşine baglylykda uly anyklaýyş ähmiýetli mahsus bozulmalary hem görkezmek bolar.Meselem, beňkeşlik psihozynda senesto-ipohondrik samramalar başdan geçirmek ,dermotozoý samramasy, wisseral gallýusinasiýalary- endamynda mör-möjekleriň gyrmyldaşyp, şolaryň dişleýişlerini ,iç-goşuň haraplanmasyny, deriniň astyna çäge guýlan , sakyrtgalardyr garynjalar sümlen ýalylygyny duýmak .Kokainizmde zoomorf gallýusinasiýalar stimulýatorlaryň ulanylmagynyň netijesinde döreýän paranoidler bolsa analizatorlaryň ählisine kaklyşýan sensorlyk duýgurlugynyň ýokarlanmasy döreýär. Şunda başdan geçirilýän paranoidler (psihodizleptikleriň ulanylmagyndaky ýaly ) köp görnüşli ,ekspansiw häsiýete eýe bolup biler.

**Somatonewrologik bozulmalar.** Newrologik bozulmalar dizregulýator ,toksiki we pataimmun tilsimler (mehanizmler ) esasynda döreýär .Umumy bozulmalar daşgary ýeterlik derejedäki magsus bozulmalar alkogol keselindäki polinewritler,efedrinden ýasalýan serişdeler aşa köp ulanylanda marganes ensofalopatiýasy ,kokainiň we geroiniň elde ýasalan pes hilli gelýär .Magsuslygy pesräk bozulmalar efedrin hem beň zäherlenmesinden döreýärn nistagm ,tremor (beýnijige hem beýniniň daşky gatlagyna degişli), ataksiýa degişlidir. Sandyramasy güýçlüden giňişleýin bolan tremor sedatiw preparatlar, ingilýasion hem-de alkogol aşa köp ulanylanda (intoksikasion tremor ) duş gelýär. Maýdaja tremor (sandyrama) opiatlar, stimulýatorlar we psihodelikler utgaşdyrylyp ulanylanda duş gelýär. Ýygy-ýygydan duş gelýän alamatlaryň biri ekstrapiramid almatlar toplumydyr. Meselem, ýöreýşiň elleriň sazlaşykly hereketlenmeleri bilen geçirilişiniň bozulmalary holinomimetikler aşa agdyk ulanylanda duş gelýär, giperkinezler görnüşindäki agyr ekstrapiramid alamatlar toplumy elde emelsiz ýasalan sada efedrinden hem opiatlar zäherlenilende döreýär. Alkogol keseliniň giçki tapgyrlarynda polinewritler, bugaryp uçagan maddalar aşa agdyk ulanylanda parezler, şel açmalar duş gelýär.

**Seksologik bozulmalar** – jynsy gatnaşykda bolmak ukybynyň bozulmalary diňe är-aýal işine bolan küýseginiň ýatyrylmagyna bagly bolman, eýsem, ereksiýanyň, tohum dökülmesiniň bozulmalary bilen hem baglanyşyklydyr. Şeýle bozulmalara maşgaladaky ýagdaýyň oňaýsyzlygy, är-aýalyň gatnaşyklarynyň dartgynlygy, sowuk-salalygy, bir-

birlerine düşünişmezlikleri, şeýle-de periferiýa newrologik we mikrosirkulýator bozulmalary hem geitirp biler.

**Ýürek-damar funksiýalarynyň bozulmalary** alkogolizmde miokardiodistrifiýa, duýdansyz döreýän infarktlaryň ýüze çykmagynyň ähtimallygynyň ýokarylygy stimulýatorlar aşa agdyk ulanylanda döreýär. Narkomaniýanyň ähli görnüşlerinde-de ýürek-damar ulgamynyň gowşamagy, ýüregiň işleýşiniň takyk kadalylygynyň bozulmalary ýüze çykýar.

**Iýmit siňdiriş ulgamynyň bozulmasy.** Somatik bozulmalaryň arasynda bagryň zeperlenmesi esasy orny eýeleýär, narkotikleriň, aýratyn-da damar içre sanjylar goýberilýänleri bilen bagryň ýagly özgermesini, sary getirmeleri we sirrozy (bagryň mürşüp gatamasyny) baglanyşdyrýarlar. Bagra has güýçli zäherleýji täsir edýän narkotikler barbituratlar, psihodelik preparatlar, stimulýatorlar, sanjylýan narkotik serişdeler we alkogolyň dürli görnüşleridir. Şu preparatlar uzak wagtlap ulanylanda diňe bir bagra zeper ýetirme bilen çäklenmän, eýsem aşgazanasty mäzi, içegeleri hem zeperleýärler.

**Deriniň we nemli bardalaryň zeperlenmesi** narkotik maddalaryň tene goýberilen ýerlerinde iriňli ýarajyklaryň peýda bolmagy, nemli bardanyň we kentlewügiň gurap zeperlenmesi, kokain ulanýanlaryň burun kentlewüginiň gopup deşilmesi bilen häsiýetlenýär. Ingalýantlar (öý hojalygynda ulanylýan himikatlar, organiki eredijiler) aşa köp ulanylanda deriniň iriňli kesellerine, deri reňkiniň özgermegine getirýär. Meselem, tiryek narkomaniýasynda deriniň reňki sarymtyl öwüşgini alýar, beňkeşlikde bolsa deri garamtyl-sary reňke geçip, gojalan adamyň derisini ýatladýar.

**Immunologik bozulmalar** köp görnüşli bolup, diňe bir narkotik maddalaryň görnüşine bagly bolman, eýsem şonuň ulanylyşynyň yzygiderliligine hem-de uzaklygyna baglydyr. Narkomaniýa uçran näsaglaryň ählisinde helperleriň we supressorlaryň gyradeňlikli baglanyşygy bozulýar, tebigy killerleriň aktiwliginiň ýatyrylmagy ýüze çykýar. Bu immun jogabynyň gowşamagyna, serologik protein reaksiýalarynyň ýoýulmagyna (Wassermanyň ýalan položitel reaksiýasyna) getirýär.

Autoimmun we allergik reaksiýalary hem giňden ýaýrandyr. Şunda narkotigiň adaty möçberi kabul edilmegi garaşylmadyk ýagdaýdaky duýdansyz ölüme getirip biler.

# XIV.BAP.

# ALKOGOLIZM

Arakhorluk önümçilikde zähmet öndürijiliginiň peselmegine, işiň togtadylmagyna, şikeslenmeleriň döremegine, ýollarda bolup geçýän betbagtçylykly şikeslerden çekilýän ýitgileriň döwletiniň tutuş ykdysadyýetine çökder zyýan ýetirýänligine ilatyň saglygynyň we maşgala agzybirliginiň bozulmagyna, synasy şikesli we kemakyl çagalaryň dogulmagyna täsir edýär. Bütin dünýä saglygy goraýyş guramasynyň maglumatlaryna görä alkogolizmden we alkogolizm sebäpli döreýän kesellerden ölýänleriň sany ähli ölümçiligiň arasynda 3-nji orny eýeleýär.

**Alkogolizmiň etiologiýasy.** alkogolizmiň döremegine getirýän sebäpler örän köpdür. Alkogolizmiň döremeginiň sebäpleri sosiologik, psihologik hem-de biologik ugurlar boýunça öwrenilýär.

Sosiologik ugur öňi bilen döwletiň meýli içgilere bolan garaýşyny, şoňa gönükdirilen syýasatyny, şonuň ýaly-da, belli çäklerde ýaşaýan halkyň medeniýetini, adatlaryny, däp-dessurlaryny, daş-töweregiň mikrososial gurşawyny we şonuň aýry-aýry adama ýetirýän täsirini göz öňünde tutýar. Ýagny, bu babatda durmuş ýagdaýynyňam, haýsam bolsa bir toparlanyşmagyňam, haýsy dine uýýanlygam, maddy üpjünçiligem, bilimiň we maşgala ýagdaýynyňam ähmiýeti az däldir.

Psihologik ugurda alkogolizme ýykgyn edilmegi şahsyň gylyk-häsiýetiniň, ark-ygtyýarynyň gowşaklygynyň, durnuksyzlygynyň netijesinde gelip çykýar diýlip bellenilýär. Arakdan serhoş bolmaklyk we alkogolizm durmuşda duşýan çylşyrymly, dawa-jenjelli, oňaýsyz ýagdaýlardan ýygra, çekinjeň, saly gowşak, erk-ygtyýarsyz, özüne ynamy bolmadyklaryň sypyp, şony özüne gaçybatalga edinmek üçin ýüz urýar diýen pikir-düşünjede edebiýatda giň gerim aldy. Biziň häzirki zaman jemgyýetimizde adamlar birsyhly üstüne labyryny atan stressleriň, ýagny kynçylyklaryň agram

salyşlygyna (işde, maşgalada, dawa-jenjelli ýagdaýda) düşürilýär. Galyberse-de jemgyýetçiligiňem gönümel gadagan etmeleri we terbiýeleýiş arkaly adamyň pynhan isleglериniň (zyna işine bolan isleg-höwesini, hökümdarlyga, dawa-jenjel arkaly çözme isleglerini) ýatyryp, şahsy çäklik galyba salýanlygy mälimdir. Şu zatlaryň ählisi bizi adamy dartgynly ýagdaýa salyp howsalalandyrýar, özüni ýazykly duýduryp müýnli saýdyrýar. Adamlaryň käbiri bu ýagdaýlaryň çykalgasyny, endamyny gowşadýan, rahatlandyrýar, keýpini çaglap, ýüküni ýeňlän ýaly edýän alkogola ýüz urýar.

Biologiki täsirlere gezek galanda, dürli garaýyşlar, teoriýalar, konsepsiýalar baram bolsa, şolaryň hiç birisem şu meseläniň gutarnykly çözgüdini entegem anyk kesgitläp bilenok. Genetotrofiki ýörelgäniň nygtamagyna görä, meýli içgilere bolan güýçli küýsegiň esasynda bedendäki iýmit alyş-çalşynyň bozulmalary ýatandyr. Şonuň netijesinde-de bedeniň birnäçe witaminlere (A,B topara) we doýgun (goýy) bolmadyk ýagly kislotalara bolan talaby artýar (laboratoriýa barlaglary arkaly kesgitlenilen).

Etanol ýörelgäniň tarapdarlary alkogolizmiň döremeginiň sebäbini alkogolyň bedene üýtgeşik täsir etmeginiň netijesinden görýärler. Şu ýörelgäniň tarapdarlary ähli adamlary „alkogoldan durnuklylara“ we „alkogoldan durnuksyzlara“ bölýärler. Şeýlelikde, „alkogoldan durnuksyzlar“ alkogolizmiň döremegine töwekgelligi ýokary topara girýänlerden hasaplanylýar. Çünki kämilligiň (ewolýusion) ösüş döwründe şolaryň ferment endamyna şikes ýetirilip, bedene girizilýän meýli içgilerden, alkogol – degidraza enzimiň täsir etmeginden, asetaldegid emele getirilmän, beden üçin zerur bolan asetilholini, holesteroly, porfirini we gaýry metabolitleri emele getirýän Z substansiýasy döredilýär. Adrenohrom ýörelgesi adamlaryň bir toparynda alkogolizmiň döremeginiň sebäbini kateholaminlir aýlanyşygynyň, alyş-çalşygynyň bozulmasy bilen düşündirilýär.

Adrenamin metobolizminiň döredýän jisimleri adrenohrom bilen adrenolýupindir. Adamlaryň belli bir toparynda adrenohromin we adrenolýupiniň dargaýşy ýokary bolup, bedendäki adrenaminiň möçberi gerekli çäginde ýa-da ýokary bolýar. Şeýle bozulmalar adamda howsala döredip, bitakatlandyrýar, dartgynly ýagdaýa salýar, ynjalykdan gaçyrýar. Şol ýakymsyz alamatlary adrenohromy ýa-da şonuň ornuny tutýan meýli içgileri bedene goýberip, salymyny bermän aýyrsa bolýar.

Endokrinopatik ýörelgäniň nygtaýşyna görä, adrenokortikoid öjemesi pes adamlaryň alkogolizme ýykgynlyk töwekgelligi ýokary bolýar. Şu ýerde meýli içgiler gipotalamo – gipofizar – böwreküsti ulgamyna serişde hökmünde täsir edip, meýli içgini içen adamy töwerekleýin agram salyjy, ýakymsyz täsir ediji zatlaryň garşyna döz gelp biler ýaly durnukly edýär. Mundan-da daşary tiroidin gormonlar alkogol içgä bolan küýsegi peseldýär. Bedende tiroidin gormonlarynyň mukdarynyň azamagy bolsa tersine täsir edip, spirtli içgilere islegi güýçlendirýär. Şunuň esasynda gipertireozly adamlarda alkogolizm asla duşmaýar.

Genetik ýörelgäniň tarapdarlary alkogolizmiň döremegine dogabitdi nesil yzarlaýjylygy sebäp bolýar diýip nygtaýarlar. Köp alymlaryň geçiren ylmy barlag işleriniň netijesinde arakhorlaryň maşgalasynda doglan çagalarda arakhor bolmak howpunyň ýokarylygy subut edildi. Ýöne bu ýerde hut keseliň özi nesil yzarlaman, alkogolizmiň döremegine ýardam edýän psihiki we biologiki (fermentapatiýalar) aýratynlyklar nesil yzarlaýar.

Psihikopatalogik ýörelgäniň nukdaýnazaryndan alkogolizme ilkinji dörän kesel hökmünde garalman, başda ruhy keselleriň (newrozlaryň, psihopatiýalaryň, epilepsiýanyň, maniakal depressiw psihozyň, kelle-beýni şikesleriniň) döreden çylşyrymlaşmasydyr diýip çak edilýär.

**Alkogol psihozlary.** Alkogolizmli näsaglar ekzogen, endogen we psihoorganiki bozulmalar görnüşinde ýüze çykýan psihki işjeňligiň ýiti, uzaga çekýän bozulmalarydyr. Bu psihozlar köplenç alkogolizmiň II-III döwürlerinde duş gelýär. Bütindünýä saglygy saklaýyş guramasynyň maglumatlaryna görä, dowamly alkogolizmli adamlaryň 10% ýüze çykýar.

Deliriý – adaty ýagdaýlarda we keseliň ýaýbaňlanýan döwründe özüni tanamagy saklanyp, wagta, töwerege we ş.m. orinýentasiýasynyň bozulmagy bilen, kabul edişiň ýagny görüş gallýusinasiýalary, eşidiş, taktil, termiki, ys alyş gallýusinasiýalary özüniň konkretliligi, emosiýanallygy bilen tapawutlanýan paranoid pikirleri bilen çalt üýtgäp durýan öz içine gezek-gezegine gorkyny, düşünmezligi, degişmäni özüne jemlemäge häsiýetlidir. Adatça deliriý dowamly alkogolizmde ýüze çykýar. Ilkinji tutgaýynyň öň ýanynda dowamly köp içmeklik bolýar. Soňkylary serhoşlygyň dowamly bolmadyk

döwürlerinde hem ýüze çykýar. Deliriý köpräk serhoşlyk bes edilenden soň 2-4 günden abstinent sindromynyň esasynda ýüze çykýar. Deliriýanyň başy köplenç ýiti somatiki keselleriň döremegi, şikesler bilen gabat gelýär. Deliriý agşama golaý ýüze çykyp gijesine güýjeýän obrazly göz öňüne getirmeler we ýatlamalar bilen başlanýar. Köplenç görüş illýuziýalary, käbir ýagdaýlarda görüş gallýusinasiýalary „diwardäki kino", çalt geçýän ugur ýitirme (dezariýentasiýa) wagt we orun aralygynda kem-käsleýin ugur ýitirmek ýüze çykýar.

**Alkogol gallýusinozlary.** Deliriýadan soň ýygylygy boýunça metalkogol psihozlaryň ikinji toparyny döredýär. Gallýusinozlar dowamly alkogolizm bilen bagly bolan psihiki keselleriň ähli hadysalarynyň 5,6% duşýar. Gallýusinozlar alkogolizm emele gelenden 10-11 ýyldan soň ýüze çykýar. Gallýusinasiýalar gije kä halatda ukyda hem peýda bolýar. Olarda tankydy garaýyş bolmaýar. Köplenç ses gallýusinasiýalary ýüze çykýar. Ses gallýusinasiýalary dialog gepleşik görnüşinde bolýar. „Sesler" näsagyň ähli işlerine goşulyp ony öz erkine goýmaýar. Serhoşlyk gaýtalananda kliniki görnüşi üýtgeýär. Sesleriň sany köpelýär, olaryň intensiwligi ýokarlanýar, howsala gorky ýüze çykýar. Alkogoldan doly gaça durmagy netijesinde sesleriň sany azalmagy mümkin.

**Paranoid psihozlary.** Ýygylygy boýunça bu 3-nji görnüş bolup, ol ähli metalkogol psihozlaryň 1%-den 4,7%-e çenli duşýar. Bu kesel esasan erkeklere mahsusdyr. Paranoid pikirlerini mazmuny boýunça alkogol paranoida we gabanjaňlyk alkogol paranoidine bölýärler.

**Alkogol paranoid** köplenç abstinensiýada ýa-da köp içilende ýüze çykýar. Käwagt psihozyň öňünden paranoidli, howsalaly we werbal illýuziýaly gysga prodrom bolýar.

Adatça, psihoz duýdansyz başlanýar. Näsaglarda derrew özlerini fiziki taýdan ýok ederler diýen gorky peýda bolýar. Ýakynynda bolan (duran) her bir adama duşman hökmünde garaýarlar, olaryň hereketlerini dykgat bilen yzarlaýarlar, olaryň her bir sözüni üns bilen diňleýärler, ähli bolup geçýän zatlary hüjüme taýýarlyk görülýän ýaly kabul edýärler. Köplenç näsaglaryň gözüne diňe bir taýýarlyk işleri görünmän, eýsem öldürmek üçin ulanylýan zatlar hem (pyçak, ýarag, asmak üçin taýýarlanylýan ýüp) görünýär. „Göze görünýän" zatlaryň üstüne sesler hem goşulýar (werbal illýuziýalar)

ýazgarylýanlar hökmünde düýbünden nätanyş adamlar çykyş edýärler. Gaçyp gutulmak maksady bilen olar köplenç jany üçin howply hereketleri edýärler, ýany gidip barýan ulagdan bökýärler. Howanyň sowuklygyna, erbetligine garamazdan ýarym ýalaňaç gaçýarlar. Bedenlerine şikes ýetirýärler. Birnäçe günden birnäçe aýa çenli dowam edip bilýar.

**Alkogol gabanjaňlyk paranoidi** (är-aýal biwepalyk paranoidi) bu orta ýaşda bolýan paranoidiň adaty görnüşidir. Ilki är-aýal biwepalyk taglymaty wagtal-wagtal serhoşlykda ýa-da abstinensiýada ýüze çykýan näsaglaryň gödekligi, ganygyzgynlygy, yrsaramagy, är-aýalyň bir-birinden daşlaşmagy döredýär. Bu döwürlerde näsaglarda biwepalykda aýyplamalar, şübheler güýjedigiçe olar aýallaryna dürli hili soraglar bermek bilen olardan günälerini boýun almaklaryny talap edýärler. Eger günälerini boýun alsalar bagyşlajakdygyna söz berýärler. Käbir halatlarda paranoid pikirleri başga pikirler bilen goşulýarlar, ýagny zäherlenmek we jadylanmak paranodi, maddy taýdan ýetirilýän zeleller (aýal maşgalanyň pulyny öz oýnaşy üçin harç edýär).

**Alkogol depressiýasy:** özbaşdak kesel hökmünde seýrek duşýar.**K**öplenç birnäçe günden birnäçe hepdä çenli çekýär.Näsaglar gaharjaň ,howsalaly bolup,ähli hadysalary gaýgyly kabul edýärler.Özini daş töwerekdäki adamlaryň öňünde günäkär hasaplaýarlar,şol sebäpli-de öz ömrüne kast edýärler.Depressiýa disforiýa , howsala , aglaklyk bilen gabatlaşýar. Bu näsaglara şepagat uýasy aýratyn ünsli bolmalydyr.

**Alkogol ensefalopatiýalar** köplenç dowamly alkogolizmiň III döwründe ösýän metalkogol psihozlaryň toparynyň birisiniň umumy aňlatmasydyr. Ensefalopatiýalarda psihiki bozulmalar mydama somatik we newrologik bozulmalar bilen utgaşýar. Kliniki şekilinde soňky agzalanlar agdyklyk edýär. Keseliň ýitiligine baglylykda psihiki bozulmalar ýa aň bulaşma ýagdaýlary bilen (köplenç agyr deliriýalar we dürli çuňlukda seňseleme ýagdaýlary) ýa-da psihoorganiki sindrom bilen kesgitlebilýär.

Ýe**tginjeklerdäki alkogolizm.** Ýetginjek we jahyllyk döwürlerindäki alkogolizm bu 14-20 ýaş aralygynda kämilleşýän ýa-da kämilleşen keseldir. Alkogolizmiň ýüze çykmagyna birnäçe sebäpleri bar:

I topar: ekzogen zeleller, kelle-çanak şikesleri, merkezi nerw ulgamynyň ýokanç keselleri, ýaşaýşyň ilkinji ýyllarynda psihiki togtama we göçgünlik sindromlary, ýokarlanan psihiki göçgünlilik, keýpsizlik, durmuş şertlerine garşy hereketli (sergezdanlyk, ogurlyk, irki jyns gatnaşyklary) ýagdaýlar bilen utgaşýar.

II topar: ýetginjeklerde ýaşlarda alkogolizmiň döremegine ýardam edýän ýaramaz mikrososial täsirler degişlidir. Olaryň ilkinji nobatda ýakyn garyndaşlary arakhordur, ýetginjekleriň daş-töwereginde araga ýüz urýanlar has köpdür.

III topar: ýetginjekleriň öz ýoldaşlary bilen köplenç terbiýesi ugruna goýberilen ýetginjekler bilen güýçlendirilen piwo we çakyr içmekliginden başlanýar. Ýetginjeklik we jahyllyk döwründäki alkogolizm gysga wagtda kämilleşýär, näçe ýaş boldugyça şonça-da tiz kämilleşýär. Ýetginjeklerde abstinent sindromy köplenç gowşaklyk, çalt ýadamaklyk, kelle agyry, başaýlanma, käbir depressiýa ýagdaýlary bilen utgaşýan wegetatiw alamatlary bilen ýüze çykýar.

**Aýallardaky alkogolizm.** Bu örän wajyp meseleleriň biridir. Soňky ýyllarda erkeklere garanyňda aýallarda alkogolizmiň ösüş derejesi has artyp başlady. Esasy sebäpleriniň biri-de aýbaşy siklidir. Onuň alkogolizmiň klinika üçin belli bir ähmiýeti bardyr. Sebäbi aýbaşydan öň bolýan dartgynlylygy öz içine alýar. Spirtli içgiler bu dartgynlylygy aýyryp, bejeriş faktory ýaly rahatlandyryjy täsir edýär. Netijede alkogola endik etme we wagtyň geçmegi bilen oňa bolan isleg ýüze çykyp bilýär. Aýallarda erkeklere garanyňda aşgazandaky alkogol degidrogenizal işjeňligi pes bolýar. Bu bolsa alkogolyň güýçli zäherli täsirine şert döredýär. Alkogolyň birmeňzeş möçberi kabul edilende onuň mukdary erkek adamlaryň ganynda aýallaryňka garanda az bolýar. Käbir alymlaryň bellemegine görä erkeklere garanyňda alkogolizm bilen kesellän aýallarda nesle zyýan berijilik köp duşýar. Çagalyk döwründe ýaramaz terbiýe, mähirli garaýyşyň ýetmezligi, maşgaladaky dawa-jenjel, ýetimlik, şowsuz söýgi, ýakyn adamlaryň ölümi, adamsynyň biwepalyk etmegi, şowsuzlyklar alkogolizme getirýän esasy sebäplerdir. Aýallaryň serhoşluk ýagdaýynda eýforiýa döwri gowşak bolýar we köplenç gaharjaňlyk, ýürege düşgünçlik, göçgünlilik agdyklyk edýär. Aýallardaky alkogolizmi bejermek örän kyn. Alkogolizmiň I-II döwründe arakhor aýallar öz arakhorlugyny gizleýärler. III döwründe olar sergezdançylyk, ahlaksyz jyns gatnaşygy bilen meşgullanýar. Olarda

enelik duýgusy ýitýär. Gipotitler we bagyr sirrozlary aýallarda iki esse köp duşýar. Newritler, alkogol ambliopiýalary, alkogol pellagralary köp duşýar. Arakhor aýallarda çaga dogurmaklyk pes bolýar. Olardan köplenç öli çaga hem-de kemis çaga dogulýar. Göwrelilik wagtynda aýal spirtli içgileri içse dogulan çaganyň agramyýň we boýunyň ösüşi, ýüzüniň bogunlarynyň, elleriniň we aýaklarynyň anomaliýalary ýüze çykýar. Arakhor aýallarda klimaks ir ýüze çykyp, olar wagtyndan öň garraýarlar. Bu aýallary bejermekde özleri isleg bildirseler bejerginiň netijesi ýokarlanýar. Antidepresantlar bilen bejergi alkogola garşy köp bejerişiň bölegi bolup durýar. Gipnoterapiýanyň we aýratyn psihoterapiýanyň netijesi ýokarydyr.

Aýallarda we ýetginjeklerde alkogolizmiň geçişi howply diýip hasaplanýar.

**Ýiti alkogol intoksikasiýasynyň bejerilişi.** Bejergini ýaşaýyş üçin möhüm funksiýalara howp ýüze çykan intoksikasiýanyň agyr ýagdaýlarynda hökman geçirmeli bolýar. Ilkinji nobatda alkogolyň aşgazana siňmesiniň öňüni almaly, munuň üçin 2-3 nahar çemçesi agaç kömrüni içirmeli, soňra rezin turbajygyň (zonduň) kömegi bilen ýa-da birnäçe bulgur suw içirdip we gusduryp, aşgazany ýuwmaly (eger näsag bilen gatnaşyk saklanylan ýagdaýynda); şol bir wagtda ýüze çykyp biläýjek kollapsyň öňi alynýar (kordiamin, kofein erginlerini sançmak). Tizleşdirilen usul boýunça huşa getiriş has netijeli bolýar. Bu myşsa içine B6 witamininiň 5% ergininiň 10ml-ni we 0,01g fenaminden, 0,2g korazoldan we 0,1 g nikotin kislotasyndan durýan derman garyndyly suwuň 50-100 ml-ni içe goýbermekden durýar. Şu çäreler geçirilenden 10-15 minut geçenden soň wegetatiw nerw ulgamynyň ýagdaýy kadalaşýar, emosional togtama peselýär, kritika (tankydy goraýyş) ýüze çykýar, näsag özüni tertipli alyp barýar, 1-1,5 sagatdan soň bolsa huşa gelmäniň açyk görnüp duran durnukly netijesi ýüze çykýar. Wena içine 40% erginli glýukozanyň 20ml-niň, insuliniň 15B, 5% erginli askorbin kislotasynyň 10ml-niň we 1% erginli nikotin kislotasynyň 1ml-niň goýberilmegi gandaky alkogolyň möçberiniň peselmesine getirýär. Damara (wena) gemodeziň deň ýarysy bilen natriý hloridiniň izotoniki ergininiň 10ml-ni, 5% erginli B6 witamininiň 3 ml-ni, 5% erginli B1 witamininiň 3ml-ni we 5% erginli C witamininiň 5 ml-ni goşup damjalaýyn goýbermeklik üstünlikli ulanylýar.

**Alkogolizmiň bejerilişi.** Alkogolizme duçar bolan näsagy bejermeklik üç döwürde (etapda) amala aşyrylýar.

**Birinji (başlangyç) döwür** alkogol we onuň metobolizminiň önümleri bilen gönüden-göni bagly bolan zäherlenmelerde ýüze çykýan ýiti we ýitileşmä ýakyn patalogik ýagdaýlaryň bejerilişini öz içine alýar. Munda näsagyň köp içmesi bes edilýär we abstinent bozulmalar ýok edilýär.

**Ikinji döwür** dikeldiş terapiýasy bolup, bejeriş bedeniň ähli funksiýalarynyň doly kadalaşdyrylmasyna, dürli synalaryň we ulgamlaryň durnukly bozulmalaryny aýyrmaga, keseliň gaýtalanmagyna itergi berýän patalogiki stereotipi düzetmäge gönükdirilendir, ýagny bu döwür alkogolizm remissiýasynyň döreýän döwrüdir.

**Üçünji döwür** durnuklaşdyryjy (terapiýa) bolup, ol daşky (durmuş) gurşawyň dürli görnüşdäki ýaramaz täsirine näsagyň durnuklylygyny kämilleşdirmäge, daşky täsirlere näsagyň şoňa görä jogabynyň psihofiziologiki we psihologiki esasyny (bazasyny) döretmäge, dowamly remissiýany saklamaga gönükdirilendir.

# XV.BAP.

## TOKSIKOMANIÝALAR

### a) Sedatiw (köşeşdiriji) serişdelere baknalyk

Toksikomaniýany döretmäge ukyply serişdelere trankwilizatorlar (anksiolitikler) girýär.

**Trankwilizatorlar** – esasy täsiri anksiolilotik we köşeşdiriji bolan psihotrop serişdelerdir. Şol täsir howany, gorkyny, howatyrlanmany, duýgy dartgynlygyny aýyrma bilen häsiýetlenýär; şolar gipnotik, miorelaksirleýji we damar çekmäni aýryjy ukyplarada eýedir. Medisinada anksiolilotikler, esasan, newrozlary, newrozpisint ýagdaýlary, şeýle-de, käbir psihiki keselleri we syna kesellerini hem dürli bozulmalary bejermekde ulanylýar. Toksimoniýany döretmäge ukyply trankwilizatorlara derman serişdeleriniň şu sanawy girýär: benzodiazepinden alynýan – sibazon (diazepam, seduksen, relanium, walium), elenium (librium), nitrozepam (radedorm), fenazepam, mezepam, nozepam we başgalar; propandioldan alynýan meprotan (meprobamat).

Bellenilip geçilişi ýaly, trankwilizatorlardan tabyn bolmaklygyň emele gelşi iki ýol bilen geçýär: birinjisi – hakyky, medisina bagly bolmadyk ýol bilen, ýagny haçanda şol serişde bejeriş üçin däl-de, eýforiýa almak üçin ulanylanda; ikinjisi – medisina ýoly bilen diýilýäni, haçan-da şol derman serişdesi eýforiýa almak üçin däl-de, başga dürli sebäplere görä ulanylanda. Soňky halatlarda tabynlygyň emele gelşi uzaga çekip, dermanyň kabul edilýän möçberi bejeriş çäklerinde saklanylýar, birinjisinde bolsa dermanyň ilkinji ulanylan möçberi bejeriş çäklerinden 5-10 esse galdyrylýar, tabynlyk bolsa gysga möhletde formirlenýär. Ýöne şularyň ikisinde-de trankwilizatora tabyn bolmanyň emele gelşiniň möhleti diňe bir serişdäniň görnüşi bilen kabul edilýän möçberine bagly bolman, başga sebäplere-de bagly bolup biler (hususy kabul edijiligiň tizligine, reaktiwligine).

Trankwilizatorlara patologik endik edijiligiň kemala gelşiniň birinji basgançagy şolar kabul edilende eýforiýa alyş derejesine ýetirilmegidir. Şonda derman serişde medisina görkezmesi esasynda ulanylandaky döreýän eýforiýa alyş şol serişdäniň medisina görkezmeleri bolman ulanylanandaky eýforiýa alyşdan tapawutlanýar. Şolaryň ilkinjisinde eýforiýa alşyň äşgärlenişi şeýleräk bolup, köşeşdiriji täsire derek näsaglar güýjüne-güýç goşulan ýalylygy duýup, keýpi çaglanýar, işewürligi ýokarlanýar, daş-töwerekdäki zatlar göze ýakymly bolup görünýär. Şeýle täsir 2-3 sagada çekip, soňra umumy gowşaklyk, subdepressiýa bilen çalşyrylýar.

Hakyky toksimaniýa derman serişdäniň her gezekki kabul edilýän möçberi 5-10 tabletka ýetirilýär. Serhoşlyk 15-20 minutdan bildirip başlaýar. Eýforiýa ýakymly baş aýlanmadan başlanyp, keýpiň göterilmegi, psihiki hem fiziki oňaýlygyň döremegi bilen häsiýetlenýär. Bisebäp şatlanma döräp, ýeňiljek kelle sämeme başlanýar, arzuwdyr hyýalbentlik ýaly pikirleri ýöretmäniň bolaýmagy hem ähtimaldyr. Pikir ýöredilişiniň we oýlanylyşynyň hili ýüzleý bolýar. Toksikomanlar ähli endamyna ýaýraýan ýakymly ýylylyk tolkunyny duýup, özlerini biçak ýeňlän ýaly duýga gaplanyp, howada gaýyp ýörän ýaly bolýandyklaryny belleýärler. Trankwilizatorlardan serhoş bolmak şeýle somato – wegetatiw alamatlar bilen häsiýetlenýär: ýüzüň gyzarmasy, agzyň kepemegi, gowşaklyk, gan basyşynyň üýtgemeýän kadalylygy, midriaz, dizartriýa, etleriň çekilişip gatamasy, hereketleriňi ugrukdyryp bilmezlik. Serhoşlykdan açylansoň endam-janynda

soka salnan ýaly yza-agyrylary duýmak, lellimlik, kellagyry, nahar-şora ýigrenç duýgusy ýaly alamatlar ýüze çykýar. Trankwilizatorlaryň biçak uly möçberi kabul edilende (terapewtik möçberden 50 we şondan-da ýokary möçberi kabul edilende) toksikoman ölüm howply agyr bolan komatoz ýagdaýa düşýär.

**b) Tijendiriji serişdelere tabynlyk**.

Şu topara metilksantinakofeinden alynýan önümler we sidnokarb girýär. Şolaryň esasy täsiri MNU-nyň işini tijendirmelidir (psihiki işiň güýçlenmegi, hereketiň galjawlanmagy), şeýle-de, kofein analeptik häsiýetlere eýedir (süýnmek beýnijigiň dem alyş we damarlary işlediş merkezlerini işledip güýçlendirýär).

**Kofein -** ösümliklerden alynýan alkoloid bolup çaýyň ýapraklarynda, kofeniň (maňyzynda), kakaonyň we kolanyň tohumynda saklanýar. Sidnokarb himiki sintezleşdirilen preparatdyr. Medisina kofein we sidnokarb umumy gowşaklygy tapdan düşmäni aýyryp işewürligi galdyrmak, süňňi ýeňletmek, şähdini açmak üçin ulanylýar. Kofeiniň süýri beýnijige täsirini bedeniň ýaşaýşy üçin wajyp bolan organlaryň işini dikeltmek üçin ulanýarlar. Düzüminde kofein saklaýan çaý, kofe, kakao ýaly içgiler dünýä ýüzüne ýaýrap giň gerim aldy. Serhoş bolmak üçin kofein aýratynam sidnokarb seýrek ulanylýar. Serhoşlyk effektini almaklyk üçin toksikoman çefir (biçak goýy – bir bulgur suwa 50 gr çaýy atmaly) we köp möçberde kofe içmeli bolýar. Serhoş bolmaklygy niýet edinmän kofeli ýa-da kofeinli içgileri uzak möhletleýin köp içmeklik toksikomaniýanyň döremegeine getirmeýär, ýöne talerantlygy ýokarlandyryp, dowamly zäherlenmäniň alamatlaryny berip bilýär. Kofeinden zäherlenmä gipomaniakla ýagdaý bilen häsiýetlenip ýöne şondan soň hereketleriň görnetin göçgünliligi bilen tapawutlanýar. Pikir ýöredişiň tizleşmegi, çalt gürlemek, howsalalanmak mahsus bolýar. Serhoş bolanyň özi huşunyň gowulanandygyny, ünsüniň ýitileşendigini, ýadawlygynyň aýrylandygyny, süňňüniň ýeňländigini, güýjüne-güýç goşulan ýalydygyny, keýpiniň göterilendigini , wegetatiw alamatlardan tahikardiýa, ekstrasistoliýa, gan basyşynyň az kem ýokarlanmagy, aşgazanyň şire çykaryjylygynyň güýçlenmesi we peşewiň köplelip ýygjamlaşmasy ýaly alamatlar ýüze çykýar. Serhoşlygyň möçberi 2-8 sagada çekýär.

**w) Psihodelik serişdeler (gallýusinogenlere) tabynlyk**

Şu jisimleriň toparyna degişli:

1. Bugardyjy zäherli psihotrop jisimler (BZPJ)
2. Merkezi holinoblakatorlar
3. Antigistamin serişdeler

Medisinada dürli kesellerde ulanylýan bu derman serişdeleri bedende köşeşdiriji holinoletik täsirleri döredip, serhoşluga ýetirip bilýär. Meselem, serhoşluga ýetmek üçin dimedrolyň 3-10 tabletkasy ulanylýar. Şonda olaryň az möçberi çuňňur uka gidirip, uly möçberi bolsa deliriýany döredýär. Şol bir wagtda alkogol içgileri ulanylsa, onda serhoş edijilik täsiri güýçlenýär. Dimedrolyň döredýän deliriýasy alkogol deliriýasyna meňzeşdir. Bu deliriýada aklyň kütelmegi we gallýusinasiýalara bolan tankydy garaýyşyň ýitirilmegi ýüze çykýar.

## Toksikomaniýada ulanylýan serişdeler.

**Durmuşy himiýa.** Spirtli içgiden we çolimden soňra durmuşy himiýanyň bugundan dem almak (tosikomiýa) ýetginjekleriarasynda neşe jisimlerine bagly bolmagyň has giň ýaýran görnüşidir.Munuň üçin ulanylýan maddalar örä köp we elýeterli.

- Aerozollar (saç üçin lak, aýna arasslamak üçin serişde, agyryny aýryjy aerozollar).
- Butan gazy (çilim otlaýanlara ýangyç ýagy üçin hem ulanylýar).
- Erginleriň esasyndaky ýelimler („Moment“, „BF-6“).
- Himiki arassalaýyş üçin serişdeler.
- Reňkler we erginler.
- Benzin ,aseton.

**Işjeňleşdirijiler.** Bu topara degişli neşe jisimleri nerw ulgamynyň işlerini işjeňleşdirýärler, ýaawlyk duýgusyny wagtlaýyn küteldýär, gujurlylyk berýär, ynamlylyk duýgusyny oýarýar.

**Tankwilizatorlar we sedatiw serişdeler.** Bu dermanlar näsagyň kynçylykly ýagdaýdan baş alyp çykmagy üçin birnäçe hepdelik bellenilýär. Psihki baglylyk çalt emele gelýär we adamlar, eger-de kabul etmegi wagtynda bes etmeseler, dermn serişdesi ýok wagtynda örän ýaramaz duýgulary başdan geçirip biler.

**Anaboliki steroidler.** Adaty ýagdaýlarda bu serişdeler, köplenç, maşklar we atletika zallaryna gelýän adamlar beden etiniň agramyny ulltmk üçin ulanýarlar. Bu serişdeler erkek garmonynyň testosteronyndan öndürilýär, ol bolsa gaharjaýlyk häsiýetini we keýpiň bada-bat gaçmagyny ýüze çykarýar. Atletikaçylaryň tassyklamagyna görä, türgenleşikde agyr basyşlara çydamaklyga we şikeslerden soňra aýak üstüne galmaga kömek edýär.

Steroidleriň ulanylmagy bilen baglanyşykly köp hili kynçylyklar ýüze çykýar:

- ol gan gan damaryna goýberilendeiňňeler we şprisler çalşygy bolýar, bu bolsa WIÇ ýokanç keselleriň we gepatitleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýar;
- steroidleri ýetginjekleriň ulanmagy netijesinde çaganyň ösüşi saklanýar;
- erkeklerde öndürijilik işlerinde kynçylyklar emele gelip biler: jynsy islegleri peseler we impotensiýa ýüze çykýar;
- aýallarda zyýanly netijelere getirer, sesi gödekleşer we göwsüniň göwrümi kiçeler. Bu ýagdaýlar steroidleri ulanmklyk bes edilenden soňra hem öňküligine galyp biler.
- steroidler ulanmak netijesinde bagryň düwnük keseline sebäp bolýar.

# XVI.BAP.

# ÇILIMKEŞLIK

Çilim taýýralamak üçin esasy çig mal temmäki.

Temmäki- bu sözüň etnografiýasy barada belli bir zat aýtmak mümkin däl, sebäbi ol heniz öwrenilmändir.

Temmäki ösümlik dünýäsinde çäpler maşgalasyna girýär.

Ýewropa ýurtlarna Kristoferkolumb temmäkini getiripdir. Ilki ony peýdaly hasaplapdyrlar we Lukman Françesko Gernandes temmäki plantasiýasyny döredipdir. Jan Niko diýen adamtemmäki dänelerini Portugaliýa getiripdir, şol sebäpli nikotin diýen at dakylypdyr.temmäkiniň guradylan ýapragy kletçatka, ferment, uglewod, belok, mineral duzlary, ýag kislotalaryny we birnäçe bedene erbet täsir edişi 30 dürli zady sanalýar iň erbet täsirlisi nikotin.

Dem alynýan howadan ýa-da çilimiň tüssesi bilen nikotin bedene düşýär. Onuň düzüminde benzpiren, dibeuzpiren diýen konseragen serişdeler bar. Az dozada nikotin MNU işjeňleşdiriji täsir edýär, PS, DAÝ ýüregi bulanýar, gaýtarýar.

Köp mukdarda MNU-da ysmazlyk öredýär. Bir sutkada 25 sany çilim ölüm dozasy bolýar, ýöne adam bedeni nikotine öwrenişýär we çydamlylygy ýokarlanýar.

Temmäkiniň watany Amerikadyr. Temmäki ( tabak ) sözi iki hili düşündirilýär. Adamlaryň käbiri ispanlaryň çilim çekmek üçin dolanan ýapragy alamatlandyrýan „tabakos“sözünden ýa-da Demirgazyk Amerikada ýaşaýan hindileriň „tabago“ atly şybygynyň adyndan gelip çykan bolmagy ähtimal diýýärler. Temmäkini Ýewropa ilkinji gezek XV asyrda Kolumbyň deňizçileri getiripdirler. Olar birbada temmäkiniň dürli-dürli sagaldyş häsiýeti bar diýip ýaýradypdyrlar. Emma bu toslamanyň esassyzdygyny wagt subut edipdir.

XVI asyrda Fransiýanyň Portugaliýadaky ilçisi Jan Niko Ýewropada ilkinji bolup, temmäki ösdürip ýetişdiripdir. Onuň hut özi onda zäherleýji maddanyň bardygynyň üstüni açypdyr. Şonuň üçin hem bu madda onuň ady ýanalyp „ nikotin „ at goýupdyrlar. Temmäki 100- lerçe ýylyň dowamynda ýer şarynyň gündogar böleginiň köp ýerinde ekilip we çekilip gelnipdir.

Bütindünýä Saglygy saklaýyş guramasynyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda biziň planetamyzyň erkek adamlarynyň ýarysyndan gowragy we aýallarynyň döreden bir bölegine golaýy çilimkeşdir. Amerikada çilime – „XX asyryň mergisi“ diýip at berilmegi hem ýöne ýerden däl.

Içgin barlaglar temmäki tüssesiniň komponentleriniň 400-e golaýyny ýüze çykardy. Olaryň 40-a golaýy adamyň saglygy üçin has howply hasaplanylýan komponentlerdir.

Çilim çekýän adam temmäkiniň tüssesi bilen birlikde nikotini, sinil kislotasyny, ugar hem kömürturşy gazyny, myşýagy, kükürtli wodorody, ammiýagy, efir ýagyny, benzpireni, has aýylganç poloni ýaly radioaktiw elementleri we adamyň organizmine zyýanly bolan beýleki himiki jisimleriň ençemesini içine dartýar.

Çilim çekilende bu maddalaryň hemmesiniň 25 göwrümi ýanýar, 50 göterim atmosfera gidýär, 5 göterim çilimiň galyndysynda galýar, 20 göterim adamyň organizmine düşýär we ony zäherleýär. Ýokarda agzalan himiki maddalaryň arasynda nikotin we ugar gazy has zäherlidir. Nikotin sarymtyl reňkli, aşgar reasiýaly we ýakyp barýan ajy tagamly ýagjymak suwuklykdyr. Nikotin agzyň, burnuň, içegäniň, öýkeniň nemli bardalary tarapyndan özleşdirilýär we gana geçip, şo bada bütin bedne ýaýraýar. 20-25 papirosdaky nikoti adam üçin ölüm howpuny döredýär, ýagny ol 75 milligramdan ybaratdyr. Çilimkeş bu möçberi adatça bir gije – gündiziň dowamynda kabul edip bilýär.

Çilim yzyzgiderli, uzak wagtlaýyn çekilende ol sagdyn dokumalary özgerdip, rak çişi ýaly, beden üçin uçursyz howply täze öýjükleriň döremegine, dömmegine getirýändigi barada- da ýeterlik ylmy maglumatlar bar. Çilim çekilende rak çişini emele getitýän maddalaryň iň täsirlileriň biri bolan benzpireniň döredýändigi hem takyklanyldy. Benzpiren organimde ragyň döremeginde esasy rol oýnaýan maddalaryň biridir.

Çilim tüssesinde benzpirenden başga rak çişini döredip bilýän ýene-de birnäçe maddalaryň bardygy hem anyklanyldy. Şeýlelikde, temmäkide tebigy radioaktiw elementleriň bardygy we emellileriniň hem döräp biliýändig alymlaryň ünsüni özüne çekip, olary uly ünjä goýan ýagdaýdyr.

Şu jähetden çemleşmelerde, soňky ýyllrda radioaktiw poloni ünsi özüne aýratyn çekýär. Bu element çilimiň tüssesi bilen gös- göni öýkene barýar we uzak wagtyň dowamynda öýken dokumalarynda toplanyp baslygýar-da, soňra dargama bilen zyýanly radioaktiw şöhlelerini goýberip başlaýar. Netijede, köp ýyllaryň dowamynda siňňitlilik bilen dokumalara özgerdiji täsirini ýetirip durýar. Şeýdibem, öýkende rak keseliniň döremegine getirýär.

Çilimiň esasy zyýanly tarapy onuň bedeni hemişe zäherläp durmagydyr. Çilimden zäherlenmek jan üçin iňňän howpludyr. Şeýle zäherlenmäniň ýeňiljik görnüşi ni çilime başlanlaryň hemmesi başdan geçirýär. Çilime başlan adam ajy tütüni iki- üç gezek içine soran badyna başy aýlanyp, ony sowuk der basýar, ýüregi bulanýar, demi-demine ýetmän swojaýar, aljyraýar, onuň kellesi ýarylaýyn diýýär, ýüregi tarsyldaýar, el-aýagy saňňyldaýar, göwresi gowşap sandyraýar, essi aýylyp ysgyn-mejaly galmaýar, esli salymlap özüni diýseň ýaramaz duýýar.

Zäherlenmäniň agyr görnüşi dörände adamynyň owurdy tüýkülikden dolup ol ögeýär, hatda gaýtarýar. Onuň goşar damarynyň ilki- bada urmasy birden çaltlaşyp, soňra haýallaýar, endam-jany, el-aagy guruşýar, göreji daralyp, gözleri süzülýär. Zäher juda agdyk düşüp, ýagdaý agyrlaşanda bolsa dem alşy we ýüregiň urşuny kadalaşdyrýan beni merkezlerinde şel-gan inme döräp bilýär. Beýle bolanda zäherleneniň üstüne ölüm howpy abanýar.

Çilim sözbaşyna „ çilim keseli „ diýen belli bir keseli döretmese-de, ýokarda belleýşimiz ýaly, bedeni gowşadyp, kuwwatyny gaçyrýar, köneden bar bolan dertleri gozgaýar, täze keselleriňem döremegine oňaýly täsir edýär.

Çilime kem-kemden, aýratyn hem, soňy saýylman öýkünip çekmek arkaly endik edilýär. Temmäki bilen ilkinji tanyşlyk we onuň ysyna hem-de tüssesine ýuwaş-ýuwaşdan öwrenişmek endigi duýdansyz döreýär we çilim çekmeýän adamyň käbir ýagdaýlara görä çilimkeşleriň arasyna düşmegi netijesinde bolýar.

Köp çilim çekýänleriň düşen ýetginjekleriň özleri hem duýdansyz çilim çekip başlaýarlar. Çilim çekmäge başlan adamyň organimi birbada temmäkiniň tüssesini we onuň täsirini ýaramaz kabul edýär. Sag organizme täsir edän zyýanly reaksiýa käbir kynçylyklar bilen ýeňip geçilýär we adamda ýuwaş- ýuwaşdan çilim çekmek islegi döreýär.

Deň- duşlaryň äňünde özüňi uly adam ýaly, ýagny kämillige ýetişenligiňi görkezjek bolmak hem çilim öwrenmgiň sebäbi bolup biler. Ýetginjegiň moda nädogry düşünmegi, hondabersiligi onuň çilim bilen has ysnyşmagyna alyp barýar.

Çilim çekmegi öwrenmegiň sebäpleriniň ýene biri hem bilesigelijilikdir. Ýetginjek ýa-da gyz gyz has „medeniýetleşen“ deň- duşlaryna öýkünip, „lezzet“ almak üçin „bir ýola çilim çekip görmeli“ diýen karara gelýärler. Ine şu ýerdenem onuň üçin çilimkeşlik ýodasy başlanýar.

Somatiki keseller: stomatit, gingwit, bronhit, pnewmaniýa, bronhoektaz, emfizema, öýken inçe keseli, gipertaniýa, miokardyň infarkty, newrit, insult, obliterleýji endoartrit.

Nikotin serişdesiniň döreýşi: adamyň çilim çekip başlan wagtyna, ýaşyna, jynsyna, beýleki erbit endikleriniň bolmagy ( alnogolisin). Agyz boşlugynda erbet täsiri netijesinde dişleri zaýalaýar, dişleriniň düýbi ganaýar. Dili çal reňk bilen örtülýär. Nikotin tüýkülik bilen eräp gyzylödekde, aşgazandagyjyndyrma döredýär we aşgazan şiresiniň köp bölnünip çykarylmagyna getirýär, ýürek bulanma, gaýtarma, sary gaýnama( zerde köýme) bolýar, aşagazanda içegelerde ýara döreýär.

Ýetginjekler çilim çekende hossarlaryndan, mugallymlaryndan gizlenip çalt-çaltdan köp çilim soryarlar bu bolsa çilimiň erbet täsirini ýaýradýarlar.

Çilimiň galyndylarynda temmäkini zäher (ornunda) has köp bolýar. Ýetginjekler we çagalar çilime puly ýoklugy sebäpli ornuna çekýärler, ondan köp mukdarda ýokanç keseller hem geçip bilýär. Ondan başgada mekdep okuwçylary özüne iýmek üçin berilen pula azanbaha çilim alyp çekýärler, iýmite derek zyýanly madda bedene barýar. Ýetginjeklik döwründe çilim çekseler teniniň göreşi bozulýar, ses eşidişi bozulýar, çagalaryň ýady bozulýar. Çagalar gaharjaň, ysgynsyz, ukusyz, akyl taýdan gowşaklyk, ukusynyň bozulmagy bolýar.

Çilim çekýän aýallar çalt çilimkeş bolýarlar. Ol aýallar çalt garraýarlar,olar gödekleşýärler, sesi üýtgeýär, dişleri saralýar, derisiniň reňki üýtgeýär. Çilim çekýän aýallar çilim çekýänlerden 6 esse köp galkan şekilli mäziň keseli bilen keselleýärler.

Nerw bozulýar we göwreli bolmaýarlar. Göwreli aýallar wagtyndan öň dogurmak, düwünçegiň düşmegi bolýar. Plasentanyň üsti bilen nikotin çaga geçip ony zaýalaýar.
Çilim çekmekligi taşlamagyň has giňden ýaýran iki usuly bar. Olaryň birinjisi, çilim çekmäni birden- tarpa taşlamakdyr. Bu usuldan peýdalanmak çilim çekmäni bada-bat taşlap bilerin diýen umyda bil baglaýan, çilimi uzak waglap dowamly çekmekdik, jany sagat ýetginjeklere we ýaş ýigitlere maslahat berilýär. Beýleki usul –ýuwaş-ýuwaşdan, haýallyk bilen çilim çekmäni taşlamak çilimi uzak wagtlap, dowamly çeken, ýaşy 50-den geçen çilimkeşlere maslahat berilýär.

Çilimi birden- tarpa taşlamak çilimkeşleriň käbirinde abstinensiýa sindromynyň alamatlarynyň ýüze çykmagyna getirip biler. Abstinensiýa güýçli ýüze çykanda çilimkeş beýleki usula geçmelidir ýa-da narkolog hünärmenlere ýüz tutmalydyr.

Çilim çekmäni tarpba kesmek çilimkeşden çilimi, küldany, çakmadaşy gözüniň görmezligini, mahlasy, çilime we ony amala aşyrmagyň senetlerine galtaşmazlygyny talap edýär. Şonuň üçinem çilimkeş şol zatlary zyňmaly ýa-da dürtülip gözüne görünip durmaz ýaly ýerde ýygşyrmaly. Çilim çekmäni taşlama niýetini çilimkeş öz hossarlaryna we dost- ýarlaryna aýtmaly, çünki olar ony goldap, kömek bererler.

Çilim çekmäni ýuwaş-ýuwaşdan taşlamak, onuň günsaýyn çekilýän synasynyň kemeldilmeginiň üsti bilen gutarnykly ýüz öwürmekden, ymykly dynmakdan ybaratdyr. Şu usul bilen çilim çekmäni taşlamanyň ençeme ýollary bar. Şolaryň biri-de çekilýän çilimiň sanynyň her üç günden birini kemeltmekden ybaratdyr, onsoň onuň sany günde bir çilime ýetenden soň, 10 günüň dowamynda günde bir çilimi çekip oňmaly. Şu uslyň oňaýly tarapy çilimi çekmäni taşlajak bolýan çilimkeşde abstinent alamatlaryň düýbünden üze çykmazlygydyr, iki- üç aýyň dowamynda çilim çekmäni ýuwaş-ýuwaşdan taşlamak bolsa onuň şoňa tarap ümzügini berkidip, umydyny artdyrýar.

Çilim çekme bejerilende bedene nikotiniň täsirine meňzeş täsiri ýetirýän tabeks, anabazin ýaly dermanlar ulanylýar.

Anabazin – farmakologik häsiýetlerine görä nikotine meňzeş bolup, şony çalşyrýan, deregini tutýan serişde hökmünde ulanylýar. Çilim çekmeklik düýpgöter taşlanansoň bir tabletkadan her 2 sagatdan atmaly ( bir gije- gündzde 6 tabletkadan kän atmaly däl ) edilýär.bejeriş kursunyň dowamlylygy 8-10 gün. Eger-de çilim çekmäge bolan küýseg gowşamasa, onda bejeriş kursuny 2-3 aýdan soň gaýtalaýarlar.

Tabeks – bu-da farmakologik häsiýetlerine görä nikotine çalymdaş dermandyr ( preparatdyr ). Ony günde 4-5 tabletka içmeli edilip, möçmerini ýuwaş- ýuwaşdan azaldyp we günde 1-2 tabletka ýetirilip, 7 günlük bejergi tapgyry geçirilýär.

Bulardan-da daşary, çilim çekmäni bejermekde ýörite sigaretler hem sakgyçlar ulanylýar. Antitab- ýörite sigaretalar bolup, şony çeken çilimkeşde birnäçe günden soň temmäki tüssesine ýigrenç döreýär. Gamibazin- düzüminde anabazin bolup, çeýnelýän sakgyç. Bejeriş kursunyň dowamlyiygy 2-3 hepde ( tutuş kursy üçin 40 sany çeýnelýän sakgyç ulanylýar ).

Çilim çekmäge ýaramaz garaýşy gipnoz geçirmäniň üsti bilen hem gazanyp bolýar. Çilimkeşi gipnoz ukusyna gidirip, „çilim çekmek ýüregiňi bulap, gaýtardar, biçak gaty üsgürder“ diýen pikiri gursagyna guýup ynandyrylýar. Ukudan açylandan soň bola çilimkeşe çilim çekmäni teklip edýär. Ol çilimi birnäçe gezek demine dartan badyna ýüregi bulanyp, ögäp, gaýtaryp başlaýar, üsgürýär we ş.m. Çilim çekmäge durnukly ýigrenç duýgusyny döretmek üçin gipnozyň on seansy geçirilýär.

Soňky ýyllarda, çilim çekmekligi goýdurýan bejergilerden has ýörgünlileriniň biri bolup, iňňereflekosterapiýa öňe saýlandy. Şu usul bilen geçirilýän bejergi gulagyň ýumşajyk ýeriniň ýeňse ýüzündäki belli bir bioaktiw nokatlaryna täsir etme arkaly gazanylýar. Adatça, birnäçe seans geçirilenden soň çilimkeş çilim çekmekden düýpgöter ýüz öwürýär.

Geçirilen bejergilere ulanylan derman-därilere garamazdan, çilim çekmäni taşlamaklygyň esasynda akylly-başlylyk, düşünjelilik bilen çilimkeşiň şu zyýanly edikden dynmaga bolan höwesiň ýatýandygyny hem aýratyn nygtamak gerek.

Çilim çemeklik taşlanyp birnäçe gün geçenden soňra beden öz-özünden arassalanyp, täzelenip başlaýar. Çilim çekmäni öz wagtynda goýan adam özünde ötüşen howply keselleriň döremeginiň öňüni alyp, saglygynyň dikelmegine ýardam edýär.

# XVII.BAP.

# NASKEŞLIK

Nas – bu temmäkiniň ýapraklarynyň, sazagyň külüniň, pagta ýagynyň we hekiň garyndysydyr.

Nasyň düzüminde çilimiň düzümindäkiden az bolmadyk nikotin bolýar. Bu „tüssesiz“ temmäkini kabul edýän adamlaryň ganynda çilim çekýänlere garanyňda nikotin derejesiniň ululygy barlaglarda ýüze çykaryldy. Düzüminde nikotin bolan nas beýleki psihoaktiw maddalar ýaly yzygider ulanylanda ýeňil derejede bildirýän fiziki we psihiki baglylygy ýüze çykarýar.

Dünýä döwletleriniň köpüsinde temmäkini çilim hökmünde çekýärler, käbir ýurtlarda ony ysgamak bilen çäklenýärler, Orta Aziýa ýurtlarynda temmäkiniň içine himiki maddalary goşup, nas taýýarlaýarlar. Nas özüne tabyn ediji serişde bolup, yzygiderli ulanylanda erbet endige öwrülýär. Ol beýnä ýaramaz täsir edip, adamyň başyny aýlaýar, ýatkeşligini peseldýär.

Nas adamyň agyz boşlugyndaky tüýkülik mäzlerini gyjyndyrýar we olaryň tüýküligi bölüp çykaryjylyk ukybyny artdyrýar. Bu ýagdaý bolsa naskeşiň aşgazanyna, iýmit siňdiriş ulgamyna öwezini dolup bolmajak zyýan ýetirýär. Nasyň aşgazana düşen bölegi wagtyň geçmegi bilen gyzylödegiň, aşgazanyň sowuklamagyna getirýär. Bu dert wagtynda bejerilmese, aşgazanyň howply çiş keselleriniň döremegi mümkin. Nasyň zyýanly bölekleri ganyň üsti bilen bedeniň ähli ulgamlaryna barýar we bagryň, aşgazanasty mäziň, içegeleriň sökelliklerine sezewar edýär. Nas atylan onuň düzümindäki hek diliň düýbüniň bardasyny ýakýar, zaýalaýar.

Nasdaky nikotin ýürek ýygrylmalarynyň ýygylygynyň, gan basyşynyň, ýürek urgularynyň ýokarlanmasyna, koronar gan aýlanyşynyň peselmegine getirýär, bu bolsa

ýüregiň işemiýa kesselleriniň ýüze çykmagyna ýaşlarda bolsa gan basyşynyň ýokarlanmagyna sebäp bolýar.

Naskeşlik köplenç ýetginjeklik döwründen başlanýar. „Uly adamlaryň edýän her bir hereketi dogrudyr, erbet zat bolsa, olar etmez“ diýen pikir ýaşlary nasyň täsirini hut özlerinde barlap görmeklige getirýär.

Nas neşe serişdesi hasaplanmasa-da, ol zäherleýji, özüne tabyn ediji serişdedir. Nas atmagy taşlaýanlarda nämedir bir zat ýetmeýän ýaly duýgynyň, göwnüçökgünligiň, tukatlygyň döremegi mümkin. Nasa bagly bolup, onuň azaryndan dynmak üçin narkolog-psiholog lukmanlara ýüz tutmagy näsaglara maslahat bermek hökmandyr.

# VIII. BAP.

## Narkologiki keselleri bejermegiň ýollary. Näsaglara garaşyk etmegiň aýratynlyklary we öňüni alyş çäreleri.

Narkologiki keselleri bejermegiň esasy ugry ulanylýan neşe serişdesiniň görnüşine, häsiýetine bagly bolýar. Narkotikden aýyrmagyň häsiýetine, bejeriş

wagtynda bolup biläýjek gaýra üzülmeleriň we residirleriň öňüni almak bejerişiň esasy maksadydyr.

Narkologiki keselleriň wezipeleri:

1. Abstinent sindromyny aýyrmak we psihoaktiw maddalara patalogiki islegi basyp ýatyrmak.
2. Näsagyň psihiko-fiziki ýagdaýyny dikeltmek.
3. Sagdyn durmuşa sosial psihologik readaptasiýa.

Bu wezipeler toplumlaýyn (kompleksleýin) bejeriş bilen, ýagny medikametoz bejeriş, psihoterapiýa, reablitasion – sosioterapewtik çäreler arkaly geçirilýär. Bejergide her bir näsagyň aýratyn çemeleşilýär. Olaryň şahsy aýratynlyklary psihiki we somatik bozulmalary göz öňünde tutulýar. Ilkinji iki wezipe diňe ýöriteleşdirilen stasionar şertlerinde (narkologik gospitallary, bölümleri) çözülýär. Näsagyň gospitalda diňe bir abstinent sindromynyň geçişiniň agyrlygy we dowamly intoksikasiýalarda bolup biläýjek gaýra üzülmeler sebäpli ýeleşdirilmän eýsem, näsagyň psihoaktiw maddalardan doly kesmek maksady bilen hem ýerleşdirilýär. Ýöne hassahanalarda örän seresaply we ünsli bolmalydyr. Sebäbi näsag islendik ýol bilen (soramaga gelýän dostlary, garyndaşlary arkaly) narkotk maddany tapmaga synanyşyp biler. Näsagy hassahana ýatyrmazdan öň näsagyň we eger-de näsag kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa onuň ene-atasynyň razylygy alynmalydyr. Näsag hassahana ýerleşdirilende esasy kliniki diagnozy anyklanylandan soň, narkomanyň ähli organlary we ulgamlary hökman barlanylmaly, ugurdaş geçýän keselleri we gaýra üzülmeleri ýüze çykarmaly. Keseliň döwürleri psihosomatik ýagdaýy näsagyň ýaşy, agramy, jisimleri göterip bilijiligi göz öňünde tutulmaly. Hassahanadan çykanlaryndan soň näsaglar özüni barladyp durmaly we gaýtalanmalaryň öňüni almak maksady bilen narkolog lukmana görnüp durmaly.

Psihoaktiw maddany ýuwaş-ýuwaşdan taşlamak usuly giň ulanylmaýar. Ol narkomaniýalar agyr somatiki bozulmalar bilen utgaşanda çagalarda we garrylarda ýüze çykanda ulanylýar.

Bejerilişinde I döwür bu abstinensiýa alamatlarynyň peseldilmegi. Onuň üçin dezintoksikasion çäreleri geçirmeli. Wena damaryndan gemodez 5 ml/kg näsagyň agramyna, poliglýukin 15 ml/kg näsagyň agramyna, reopoliglýukin 10ml/kg näsagyň

agramyna, eger-de glýukoza ergini goýberjek bolsaň, ondan öňünden 8-12 birlik myşsa içine insulin sançmaly. Aminokislotalar: glýutaminat 10%-10ml wena damaryndan, gistidin 4%-5 ml myşsa içine sanjylýar, witaminoterapiýa: witamin C 40% glýukozanyň ergininde 5ml, Witamin B1 0,1gr-a çenli, B2 1% erginde 0,003 gr çenli, B6 5% - 0,1 gr myşsa içine sançmaly. Witamin A 1 000 000 HB, witamin PP 1% 0,1 gr çenli, nootropilin 3-4gr mukdary myşsa içine sançmaly.

Abstinent sindromyny aýyrmak üçin 10%-10ml kalsiý hloridi we 25% - 10 ml magniý sulfady örän gowy kömek edýär. Iňňe refleksoterapiýa ulanylmagy bedende neýrogumoral üýtgeşmeleri kadalaşdyrýar.

Neýroleptikler we antidepresantlar ulanylanda psihki ýagdaýy kadalaşdyrýar. Neýroleptikleriň köp mukdaryny seresaplyk bilen bellemeli, çünki olar agyr gaýraüzülmelere (arterial gan basyşyň birden peselmegi netijesinde kollaptoid ýagdaýlar, ekstrapiramid simptomatika, içki organlaryň funksional bozulmalary we beýl.) hat-da ölüme-de getirip biler.

Bejerişiň has netijeli usullarynyň baglylygyň ösüşiniň patogenetik mehanizmlerine täair etmäge gönükdirilendigini narkologiýanyň tejribesi subut edýär. Şeýlelikde, patogenetik esaslandyrylan bejeriş beýniň neýrohimiki ulgamynyň bozulmalaryny dikeltmäge gönükdirilendir, bu bozulmalar ol ýa-da beýleki psihoaktiw maddalaryň dowamly intoksikasiýalarynda ýüze çykýar.

Sedatiw – ukladyjy jisimleri, esasanam, barbituratlary kabul edýän näsaglar bejerilende, abstinent sindromynyň bolup biläýjek agyr ysytmaly tutgaýlar we psihozlar bilen geçýändigini ýatdan çykarmaly däldir. Şonuň üçinem barbituratlar abstinent sindromyny kupirlemek üçin, narkotiki maddadan ýuwaş-ýuwaşdan aýyrmak usuly ulanylýar. Munda ilkinji günde näsaglaryň kabul edýän barbituratlarynyň 1/3 mukdaryny bellenilýär, soňra her gün onuň mukdaryny 1/3 möçberde azaldylýar. Eger kabul edilýän barbituratlaryň mukdary uly bolmasa, onda ony bir wagtda aýyrmak bolar, ysytmaly tutgaýlaryň we psihozlaryň öňüni almak üçin bolsa fenobarbitalyň kömegi bilen ornuny tutujy bejerişi geçirmek bolar.

Näsaglarda barbituratlara, benzodiazepin toparlaryndan trankwilizatorlara, gistamine garşy serişdeler we beýleki sedatiw serişdelere baglylygyň netijesinde ýüze

çykýan abstinent sindromy kupirlemek üçin mildranat jisimi ulanmak maksadalaýykdyr. Mildranatyň ysytmalara garşy we stimulirleýji täsiri bardyr. Jisimi abstinent sindromynyň ilkinji günlerinden 10% erginli 0,5 ml mukdarda günde 3-4 gezek wena damaryna goýbermeli. Mildranat barbiturat abstinent sindromynda ysytmaly ýagdaýlaryň öňüni alýar we narkomaniýanyň (toksikomaniýanyň) şu görnüşine mahsus bolan agyr astenik bozulmalary kupirleýär. Bejerişiň dowamlylygy ortaça 5-7 gün dowam edýär. Ikinji derejeli täsir we gaýraüzülmeler bolmaýar.

# Peýdalanylan edebiýatlar:


1. G.M.Berdimuhamedow – “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary” Aşgabat 2007 ý.
2. A.Nohurow, A.A.Nohurow – “Umumy psihopatologiýa” Aşgabat 2007ý.
3. З.Н.Драчева, «Нервные и психические болезни» Киев 1986 г.
4. О.В.Кербиков, М.В.Коркина, Р.А.Наджаров «Медицина» 1968 г.
5. Г.В.Морозов, Н.Г.Шумский «Введение в клиническую психиатрию» Москва 1997 г.
6. Nohurow A., Kim T., Çopanow Ç. „Neşekeşlik – ýowuz ýagy“. Aşgabat 1988 ý.
7. Nohurow A., Nohurow A.A. Toksikomaniýa - Aşgabat, 1997ý.
8. Nohurow A., Nohurow A.A. Opiomaniýa. Aşgabat, 1997 ý.
9. Нохуров А., Нохуров А.А. Наркомании стимуляторами. /Методическое пособие/. – Ашхабад, 1997 г.
10. Розыева Э.Д., Нохуров А., Овезов А., Нохуров А.А. Гашишизм /Методические пособие/. – Ашхабад, 1996 г.
11. Розыева Э.Д., Нохуров А., Овезов А., Нохуров А.А. Табакокурение и здоровье. /Методические пособие/. – Ашхабад, 1996 г.
12. Морозов Г.В., Боголепов Н.М. Морфинизм. – М.: Медицина, 1984 г.
13. Стрельчук И.В. Острая и хроническая интоксикация алкоголем . – М., Медицина, 1973 г.

14. Шихмурадов А. Распространенность, клиника, лечение и профилактика опиоманий. – Ашхабад, 1997 г.
15. Фридман А.С., Флеминг Н.Ф., Робертс Д.Г., Хейтман С.Е. Наркология. Перевод с английского. – М., Издательство БИНОМ, Санкт – Петербург. Невский Диалект. 1998 г.
16. Бабаян Э.А., Гонопольский М.Х. Наркология. Москва 1990г.
17. Бехтерева Н.П. Здоровый и больной мозг человека. Изд. 2-е, изм. и доп. – Л.: Наука, 1988.
18. Битенский В.С., Херсонский Б.Г. и др. Наркомании у подростков. – Киев: Здоровье, 1989 г.
19. Бориневич В.В. Наркомании. – М., 1963 г.

# Mazmuny:

1. Sözbaşy ....................................................................................................1

I.BAP. Türkmenistanda psihiatriýa kömeginiň guralyşy

1. Ruhy keselli näsaglary kabul etmegiň aýratynlyklary..........................................4

2. Umumy psihopatologiýa.........................................................................................9

3. Psihopatologiki alamatlar.......................................................................................9

4. Öndürijilikli bozulmalar........................................................................................11

5. Duýuş patologiýasy................................................................................................12

6. Üns we onuň bozulmalar.......................................................................................20

7. Tutgaýly alamatlar toplumy...................................................................................25

8. Oýlanma we onuň bozulmalary.............................................................................44

9. Sözleýiş we onuň bozulmalary..............................................................................42

10.Akyl we onuň bozulmalary....................................................................................46

11.Emosiýalar we onuň bozulmalary.........................................................................51

12.Hereket we onuň bozulmalary...............................................................................52

13.Aň we onuň bozulmalary.......................................................................................52

14.Erkiň , meýilleriň we küýsegiň bozulmalary.........................................................52

15.Huş (ýat) we onuň bozulmalary.............................................................................52

II.BAP.

1.Şizofreniýa.............................................................................................................54

III.BAP

1. Epilepsiýa.............................................................................................................56

IV.BAP.

1. Newroz.................................................................................................................58

2. Reaktiw psihozlar...................................................................................................62

V.BAP.

1. Senil we presenil ýaşdaky psihoz..........................................................................66

2. Gan-damar psihozy.................................................................................................67

VI.BAP.
1. Oligofreniýa keseli........................................................................................69
VII.BAP.
1. Maniakal-depressiw psihoz..............................................................................71
VIII.BAP.
1. Ýokanç kesellerde psihiki bozulmalar ..................................................................73
IX.BAP.
1. Ruhy näsaglara garaşyk etmegiň aýratynlyklary ..................................................77
X.BAP.
1. Dürli ruhy bozulmalarda keseli kesgitlemegiň aýratynlyklary..............................78
XI.BAP.
1. Psihiki keselleriň esasy bejeriliş usullary...............................................................81
XII.BAP.
1. Narkologiýa dersi we onuň wezipeleri..................................................................93
1. Narkologik alamatlar we onuň toplumlary we ýagdaýlary..................................95
XIII.BAP.
1. Narkomaniýa.........................................................................................................104
2. Neşe serişdeleriniň görnüşleri.............................................................................105
3. Neşe serişdeleri ulanylanda psihiki sferanyň bozulmalary ................................107
XIV.BAP.
1. Alkogolizm...........................................................................................................111
2. Ýetginjeklerdäki alkogolizm.................................................................................115
3. Aýallardaky alkogolizm........................................................................................116
XV.BAP.
1. Toksikomaniýalar.................................................................................................118
2. Toksikomaniýada ulanylýan serişdeler..............................................................122
XVI.BAP.
1. Çilimkeşlik ...........................................................................................................123
XVII. BAP.
1. Naskeşlik..............................................................................................................129

XVIII. BAP.

1. Narkologiki keselleri bejermegiň ýollary. Näsaglara garaşyk etmegiň aýratynlyklary we öňüni alyş çäreleri..............................................................131